TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI

TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMEN HALK MATALLARY

**Çapa taýýarlan**
**Nury Seýidow**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 894. 361**
**T 90**

**T 90** **Türkmen halk matallary.** A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 — 200 s.

**REDAKTOR**
**A. Nazarow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmen halk döredijiliginiň bir görnüşi bolan matallaryň iň kämil nusgalaryny öz içine alýan bu ýygyndy Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda Garaşsyzlyk eýýamynda ilkinli gezek neşir edilýär. Edebi-ruhy gymmatlyklaryň bir nusgasy bolan matallar halkymyzyň nusgalyk pelsepesini, pähim-parasadyny, terbiýe ýörelgelerini, zehinini açyp görkezýär. Ata-babalarymyzyň aýratyn döredijilik we zehin mekdebi hökmünde döreden matallary şu günki hem geljekki nesillerimizi aň we zehin taýdan terbiýelemekde, ruhy-edebi mirasymyza söýgi döretmekde uly ähmiýete eýedir.*

**TMMMM №40**

**TDKP №59** **2005** **KBK 84 Tür 7**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Türkmen halk matallary, 2005 ý.
N.Seýidow, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä

gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr***». Biz

ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# I. TEBIGAT WE TEBIGY HADYSALAR HAKYNDAKY MATALLAR

Agajym ýok, guralym ýok,
Suw üstünden köpri gurdum. *(Ýapdaky suwuň doňmagy)*

Agam pul berdi,
Sanap almadym.
Bibim haly berdi,
Göterip bilmedim. *(Ýyldyzlar, Ýer)*

Agşamara kümüş orak,
Köp günden soň, ol tegelek. *(Aý)*

Agyl doly akja guzy,
Ertir tursam – ýokja guzy. *(Ýyldyzlar)*

Agyr halym kakabilmen,
Ownuk daşyn dökebilmen. *(Asman, ýyldyzlar)*

Gezer älem-jahany,
Ahan-ahan, ahany,
Hemişe göçüp gezer,
Ne eti bar, ne gany. *(Şemal)*

Ak atly gaçýar,
Gara atly kowýar. *(Gije-gündiz)*

Ak güjügim ýolda galdy. *(Tüweleý)*

Ak iner çökmese,
Boz maýa gaýmaz.[1] *(Gar, ýer, ýeriň hasyl bermegi)*

Ak monjugym üzüldi,
Ýere bakan süzüldi. *(Süýnen ýyldyz)*

Ak popuş,
Diwara ýapyş. *(Gar)*

Ak towuk,
Ketegi sowuk. *(Gar)*

Ak sandygym açyldy,
Içinden nur saçyldy. *(Günüň dogmagy)*

Ala geçim dula ýapyşar. *(Tüýnükden öýe düşen gün)*

Annajyk, mannajyk,
Uçup gitdi,
Guýrugyndan tutdurmanjyk. *(Uçgun)*

Ap-ak saçak,
Günden gaçak. *(Gar)*

---

[1] Bu matal halk arasynda nakyl hökmünde hem ulanylýar.

Araba ýörär,
Yzy ýok.
Ýylgyn ýansa,
Közi ýok. *(Ýalyn)*

Asmanyň küpüsi düşdi,
Küpiniň düýbün deşdi[1]. (*Gök gürlemek, ýagyş ýagmak)*

Asty zagara[2],
Üsti tagara[3],
Kyrk müň çiçek[4],
Bir gülýaka. *(Asman, Ýer, ýyldyzlar, Aý)*

Atamyň atasy,
Mekan tutasy,
Daýymyň iberen
Ýaşyl ýakasy. *(Älemgoşar)*

Atasy atlanýança,
Ogly bazara barar. *(Ot, tüsse)*

Atasy egri, ogly ýorga. *(Derýa)*

Atasy öýlenýänçä, ogly Käbä gider. *(Tüsse)*

---

[1] Bu mataldaky «küpi» sözi ýanlygy aňladyp, gök gürlemek ýanlygyň ýaýylyşyna, ýagşyň ýagmagy onuň düýbüniň deşilmegine meňzedilýär.

[2] Zagara — jöwen ýa-da mekgejöwen unundan bişirilen çörek.

[3] Tagara — hojalykda peýdalanylýan legen, tabak görnüşli ýalpak gap.

[4] Çiçek — gül.

Aýaksyz, elsiz – surat çeker.
*(Aýaz, aýazyň suwy doňduryp, dürli şekiller ýasamagy )*

Aý bilen gelip, Gün bilen gider. *(Ýyldyzlar)*

Aýym bar,
Aý bendim bar.
On iki heýkel,
Bir bendim bar. *(On iki aý, bir ýyl)*

Balkan dagyň başyndan,
Balyk geçip barýa-la!
Öýken-bagry süýrenip,
Gözýaş edip barýa-la! *(Bulut, ýagyş)*

Bar-bar aýaklym,
Barsyn aýaklym.
Ýüwürse, ýetdirmez,
Ýelken aýaklym. *(Salgym)*

Bar, ýorgam-a, bar, ýorgam,
Gara görse, üýtgemez,
Öleň görse, ürkmez. *(Salgym)*

Başy birdir, on iki onuň billeri,
Kerwen bilen ençe ýördüm
Üç ýüz altmyş ýollary.
Baga seýran edemde,
Gördüm elli iki gülleri,

Daýyma ýoldaş bolan
Ol dört deň-duş haýsydyr?
(*Bir ýyl, on iki aý, üç ýüz altmyş gün, bir ýyldaky hepde sany, dört pasyl)*

Başy – dagda,
Aýagy – kölde. *(Derýa)*

Bir agajym bar,
On iki şahaly,
Her şahasy otuz ýaprakly,
Ýapraklarynyň bir ýüzi – ak,
Bir ýüzi – gara. *(Ýyl, on iki aý, otuz gün, gije-gündiz)*

Bir atanyň on iki ogly bar,
Her ogly otuz gül götär.
Her gülüň ýapragy ýigrimi dört,
Her ýaprakda altmyş nar.
*(Bir ýyl, bir aý, gije-gündiz, bir sagat)*

Bir atasy, bir enesi,
Niçe ýüz müň balasy. *(Aý, Gün, ýyldyzlar)*

Bir azajyk mawuja,
Degen ýeri awuja. *(Köz)*

Bir çanak gatyk,
Äleme ýetik. *(Aý)*

Bir dagy mekan eden iki gulan,
Biri-birinden semiz gulan,

Biri käte azar, käte azmaz,
Birisi azman duran semiz gulan. *(Aý, Gün)*

Bir dostum bar, daglara geler-gider. *(Ümür)*

Bir dostum bar, öz gabryny özi gazar. *(Ýagyş damjasy)*

Bir enesi bar, on iki çagasy bar. *(Bir ýylyň on iki aýy)*

Bir etek aşygym bar,
Içinde topazym bar.[1] *(Ýyldyzlar, Aý)*

Bir garry bar, ýaşdan beter,
Geplän sözi dünýä ýeter. *(Gök gürrüldisi)*

Bir görsem bar, bir görsem ýok. *(Göçüp barýan bulut)*

Bir göwre,
Bir göwrede on iki baş,
Her başda otuz şah,
Şahlaryň ýary gara, ýary ak.
*(Ýyl, on iki aý, otuz gün, gije-gündiz)*

Bir guşum bar tezlener,
Uçdukça ekezlener,
Çalt uçup, haýal ýörär,
Başyn egip, dik garar.
Uçup-uçup ýadansoň,
Gonup, bolar zym-zyýa,

---

[1] Topaz — uly malyň aşygy.

Bildim, agşam gidensoň,
Öýmüze gonmuş bu-ýa! *(Gün we çyra)*

Birikse, güýmenjäm,
Dargasa, gijäm. *(Gündiz we ýyldyzlar)*

Bir iner hem bir maýa,
Aýlandy, girdi çaýa. *(Aý, Gün)*

Biri seper, biri içer. *(Bulut, Ýer)*

Bir kölde iki çaýym[1],
Biri gitse, biri taýyn. *(Gün we Aý)*

Bir okara narym bar,
Hetdiň bolsa, birin ýar. *(Köz)*

Bir öýüm bar, dört agzy bar.
Her agzynda üç ene,
Her enede otuz ogul.
*(Ýyl, dört pasyl, her paslyň üç aýý, her aýyň otuz güni )*

Bir tegelek petir
Äleme ýeter. *(Gün)*

Bir togalak daşy bar,
Altyndan ýoldaşy bar.

---

[1] Çaý — bu ýerde guş manysynda. Çaýkel guşunyň adynyň gysgaldylan görnüşi bolmagy ahmal.

Ony bilen ýigidiň
Akyl bilen huşy bar. *(Aý, Gün)*[1]

Bir towugym bar, jany ýok,
Jüýjesiniň sany ýok. *(Asman we ýyldyzlar)*

Bir ujy asmanda,
Bir ujy ýerde. *(Tüweleý)*

Bir zat bardyr, görünmez,
Tutjak bolsaň tutulmaz,
Dirilige has zerur,
Onsuz ömür sürülmez. *(Howa)*

Biz-ä bizdik,
Alty gyzdyk,
Bir sapaga düzüldik
Daň atanda üzüldik. *(Ülker ýyldyzlary)*

Bu degirmen,
O degirmen,
Ikisi-de deň degirmen. *(Ýer bilen Asman)*

Çagyş-çagyş tebeňňi[2],
Ne reňki bar, ne zeňi. *(Buz)*

---

[1] Bu matalyň jogaby diňe «Aý» bolup gelýän:
Degirmen dek daşy bar,
Ortasynda gaşy bar.
Ony bilen ýigidiň
Ýüz ýigrimi ýaşy bar — diýen nusgasy hem bar.
[2] Tebeňňi — bu söz buza urlanda çykýan sesi aňladýar.

Çapraz[1] düwmäm ýazylar,
Garaňkyda düzüler. *(Ýyldyzlar)*

Çapsam çapylmaz,
Kessem kesilmez. *(Saýa)*

Çat-çat eder, ýalmap gider. *(Ot)*

Çilt etdi, çyltakdan aşdy. *(Ýyldyrym)*

Çyg deri, çygman deri,
Ony bilmedik
Dünýäň baryn bermeli. *(Ümür)*

Dagdan gaýdar, gygyrar,
Ýol boýunda sygyrar,
Astyn-üstün etdim diýip,
Ýolbars kimin bagyrar. *(Sil)*

Daşdan görsem eleslär,
Ýetdirmez ara kowma,
Aýajygmy takyr aldy,
Janym, pyýada kowma. *(Salgym)*

Daşdan görsem,
Labyr-labyr.
Ýanna barsam,
Halka demir. *(Ot)*

---

[1] Çapraz — ortasy güberçek, iki tarapy gulply kümüş şaý.

Daşdan görseň,
Ýyldyr-ýyldyr.
Ýanyna barsaň,
Akja baldyr. *(Suw)*

Daşdan görseň,
Ýyldyr-ýyldyr.
Ýanyna barsaň,
Gulply zynjyr. *(Buz)*

Dört işik gördüm bir öýde, eý hekim,
Hersinde üç gelin otyrmyş mukym[1].
Her gelne berilmişdir otuz ogul,
Her ogul başynda bar bäş desse gül.
*(Dört pasyl, üç aý, otuz gün, baş wagt namaz)*

Dört matalymyň ady ýok,
Göz bilen gaşdan indim.
*(Derýada gapak ýok, ýerde ölçeg ýok, gökde direg ýok, ýyldyzda san ýok)*

Dört okaram hap-da, hap,
Birin aç-da, birin ýap. *(Dört pasyl)*

Düýn öýlän-ä, düýn öýlän,
Atym gitdi düýn öýlän.
Aýagynda al tanap,
Süýräp gitdi düýn öýlän. *(Älemgoşar)*[2]

---

[1] Mukym — işine berk, işine jür, işine pugta, sak, mäkäm.
[2] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Tüweleý» diýlip hem berilýär.

Egri-bugry enesi,
Gökje ýorga çagasy. *(Ýap, suw)*

Ekin eksem, hasyl bitmez,
Asyl onuň tagty gitmez. *(Şor ýer)*

Ele alyp bolmaz,
Goltuga salyp bolmaz. *(Köz)*[1]

Elsiz, aýaksyz — işik açar. *(Ýel)*

Enem beren sary kilime garap bilmen,
Atam beren kümüş puly sanap bilmen. *(Gün, ýyldyzlar)*

Ertekim erte boldy,
Gulagy şarta boldy.
Gaz garawul boldy,
Durna ýasawul boldy. *(Odun, ot, tüsse)*

Ertir geler, leýletin,
Agşam gider, leýletin,
Garaja öýüň daşynda
Halka gurar, leýletin. *(Kölege)*

«Gal» diýseň-de galmaýar,
Özi ýöräp bilmeýär. *(Kölege)*

---

[1] Bu matalyň jogaby «Howa» diýlip gelýän:
Eliňe alyp bolmaz,
Goltuga salyp bolmaz — diýen nusgasy hem bar.

Ganaty ýok, uçar,
Aýagy ýok, göçer. *(Şemal)*

Gara gazana gapak ýok. *(Derýa)*

Garaguş aýlanyp gaçdy,
Ýatagynda ýylan görgeç.
Balalaryn alyp gaçdy,
Ýylan agzynda gan görgeç. *(Gije, şapak, ýyldyzlar, Gün)*

Gara öküz gider,
Gyzyl öküz geler. *(Tüsse, ýalyn)*

Garry düýäm «gar-gar» eder,
Garyn ýagy «jor-jor» eder. *(Gök gürlemek, ýagyş)*[1]

Garry mama gaharlandy,
Gözýaşy sil etdi ýeri. *(Gök gürlemek, ýagyş)*

Garry mama sanajyny kakýar. *(Gök gürlemek)*

Gaýradan gelýän boz bugra,
«Boz bugra» diýp aýtdylar.
Burunlygy çig ýüpek,
«Tutdurmaz» diýp aýtdylar. *(Tüweleý)*

Gelmese – çagyrarlar.
Gelse – gaçarlar. *(Ýagyş)*

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Juwaz» bolup gelýän nusgasy hem bar.

Gider-gider yzy ýok,
Daýanmaga dyzy ýok. *(Suw)*

Gije gördüm bir guşy,
Haýsy ýerde gülşeni?!
Hiç bir şaýga ogşamaz,
Şeýle ajap röwşeni. *(Ot, yşk)*

Gije serdim daryny,
Tursam-görsem, hiç zat ýok. *(Ýyldyzlar)*

Gitse geler, ýol öndürmez.
*(Kölege, onuň gün dogsa yene gelmegi)*

«Göçi çekme, göç» diýipdim,
«Sen kölegä geç» diýipdim,
«Kölegede ýatmasaň,
Bar, gözümden uç!» diýipdim. *(Gar)*

Gök agam çykyp gitdi,
Gyzyl agam ýatyp galdy. *(Tüsse, köz)*

Gök atym göge garap ýüwrer. *(Tüsse)*

Gök deňizde altyn daş. *(Asman, Gün)*

Gök desterhan içinde
Kä bitin, kä ýarty nan. *(Asman, Aý)*

Gökden düşer gymyr-gymyr,
Ýere düşer halka demir. *(Ýagyş)*

Gök düwünçege düwüp,
Göge salam iberdim. *(Tüsse)*



Gök köýnege köz goýdum. *(Gün)*

Gök köýnege pagta ýaýdym. *(Bulut)*

Gökje kürräm gitse gelmez. *(Tüsse)*

Gömsem – gömülmez,
Gapsam – çapylmaz. *(Kölege)*

Gök öküzim ýöregen,
Boýnun göge diregen. *(Tüsse)*

Görülmedik fabrikde
El degmedik ak mata,
Ele alyp seretseň,
Ýyldyzyň şeklin tuta,
Ölçeg alyp ölçeseň,
Ölçege gelmez mata. *(Gar)*

Göze görünmez,
Dona bürenmez *(Ses)*
Gudrat bilen bolandyr,
Ýarym ýaşda dolandyr.
Ejiz düşüp barýarka,
Kuwwat tapyp gelendir. *(Aý)*

Gün çyksa, bile çykar,
Bulut bolsa, öýde galar. *(Kölege)*

Gündiz diri, gije öli. *(Kölege)*

Gün düşdi-ýä, tün düşdi,
Daglara sütün düşdi.
Bir agaçda bäş alma,
Ikisine gün düşdi.
*(Gündiz, gije, Ýeriň berkligi, bäş wagt namaz)*

Gyr at bilen gara atym,
Bir-biriniň yzynda.
Bir-birini kowalar,
Jümle älem gözünde. *(Gije-gündiz)*

Gyşda erär, ýazda doňar. *(Şor ýer)*

Gyzylja kürräm hyzzyn atar,
Hyzzyn atmasa, ýandak batar. *(Uçgun)*

Gyzyl öküz agnan ýerde ot bitmez. *(O:t)*

Hemme jandar gysylar,
Emma özi bilmeýär.
Şeýle gysylyp gezmeseler,
Tende jany durmaýar. *(Aýaz)*

Heň gelýär-ä, heň gelýär,
Dokuz teňňäm deň gelýär.
Sakgaljygna suw akydyp,
Bir-birinden öň gelýär. *(Jöwenek)*

Herne görsem ýerinde,
Gije-gündiz ýol ýörär,
Ýene baksam – ýerinde. *(Aý, Gün)*

Hetjedem hetje bolar,
Bilmenem nije bolar,
On iki ýumurtgadan
Elli iki jüýje bolar. *(On iki aý, elli iki hepde)*

Häki-häki,
Gije-gündiz gezer päki. *(Akar suw)*

How ineg-ä, how inek[1],
Öňün başlar, gök inek. *(Tüsse)*

Höküm sürer gijede,
Hetdiň bolsa, sana-da. *(Ýyldyzlar)*

Hun-hunara,
Düýbi gara,
Ýüz müň seçek,
Bir pyýala. *(Ýyldyzly asman)*

Iki atym aýlanar,
Biri öňe saýlanar. *(Aý, Gün)*

Iki deri – deň deri,
Ony bilmedik adam,
Älem – ili bermeli. *(Ýer, asman)*

---

[1] Inek — sygyr.

Iki çyram barlygym,
Biri ýanar, biri söner. *(Aý we Gün)*

Iki halym, giň halym,
Ikisi-de deň halym. *(Asman, Ýer)*

Iki müçe deň ýörär,
Ölmän ýaşar,
Birisi gark bolsa,
Birisi boşar.
Birisi gaz sypatly,
Birisi garga sypatly.
On iki ýerden düýp uran,
Elli iki ganatly,
Üç ýüz altmyş bogny bar,
Müň sekiz ýüz däneli.
*(Gije, gündiz, aýlar, hepdeler, günler, bir ýyldaky namazyň sany)*

Iki okaram pete-pet,
Birin aç-da, birini ýap. *(Gije-gündiz)*

Jansyz zat ýer gazar. *(Suw, damja)*

Jonnuk pyçak ýer gazar. *(Ýagyş)*

Kölegesiz gol aşar,
Dabarasyz dag aşar,
Düşelgelerde düşmez,
Gonalgalarda gonmaz. *(Ýel)*

Külterlesem-de tükenmez. *(Wagt)*

Men gaçýaryn, ol kowýar. *(Kölege)*

Mundan urdum gylyjy,
Arapda şaňlar ujy. *(Ýyldyrym)*

Ol gitse galarlar,
Hemme jandar armanly.
Dokuz bogundan geçip,
Geler eli dermanly. *(Ýaz pasly)*

On iki garsak[1] bir tabakdan suw içer. *(On iki aý, ýyl)*

On iki ýerden düýp urar,
Elli ikidir hanasy,
Üç ýüz altmyş bogny bar,
Müň sekiz ýüz dänesi.
*(On iki aý, bir ýyldaky elli iki anna güni,*
*ýyly düzýän günler, bir ýyldaky namazyň sany)*

Otdan gamçyly,
Suwdan ýükli. *(Ýyldyrym, ýagyş)*

Otda ýanmaz,
Suwda batmaz. *(Buz)*

Otsuz gyzdyrar. *(Gün)*

---

[1] Garsak—çöllükde ýaşaýan gysgajyk aýakly, gymmatbaha derili, tilki çagasyna meňzeş kiçijik haýwan.

Oýtak kölüň içinde,
Bir balyk ýatyr.
Ýanynda teňňeleri
Dökülip ýatyr. *(Aý we ýyldyzlar)*

Oýup alsam, orny ýok,
Kesip alsam, gany ýok. *(Suw)*

Öňi hem öl, soňy hem öl. *(Suw)*

Öwrüler, aýlanar — ýadamaz. *(Aý, Gün)*

Öýkünjeň ýoldaşym bar,
Edenimi etjek bolýar. *(Kölege)*

Öýümiziň arkasynda
Iki ýagly çybyk.
Birisi — otdan,
Birisi — buzdan. *(Ýaz hem gyş)*

Öýümiziň gapdalynda
Bir düýp tut,
Bir şahasy öl,
Bir şahasy gury. *(Gyş, ýaz)*

Öýüň daşynda kör owlak aýlanýar. *(Kölege)*

Öý üstünde uşak daş. *(Ýyldyzlar)*

Palta bilen çapyp bolmaz,
Pyçak bilen dilip bolmaz. *(Suw)*

Paltasyz ussa agaçsyz köpri salar. *(Buz)*

Pişşim, pişşim, piş başy,
Hany agşamky döş başy?
Döş başysy ýaglydy,
Gök ýaglygy baglydy. *(Daşy agyllan aý)*

Sandyga girmez altyn şaýym. *(Günüň şöhlesi)*

Sekiz seýran, dokuz dopja. *(Ülker ýyldyzlar topary)*

Suwa bassam, öl bolmaz. *(Kölege)*

Suwda kümüş daş ýüzer. *(Aýyň suwdaky şekili)*

Süýtden dury, pagtadan ak. *(Gar)*

Şapyrdyň şaplar,
Güpürdiň güplär,
Mäkiler mälär,
Aşyklar diňlär.
*(Harasat — gök gürlemek, çabga, goýunlaryň sesi, möjekler)*

Takyr ýerde maýa yzy,
Ony tapan baýyň gyzy. *(Aý)*

Tam başyna dary ýaýdym. *(Ýyldyzlar)*

Tes-tegelek gyzyl daş,
Jümle-jahan ondan hoş. *(Gün)*

Tumara düwme düzdüm,
Ýeňse ýany şelpeli. *(Aý, ýyldyzlar)*

Tutaýyn diýsem,
El ýetmeýär.
Sanaýyn diýsem,
San ýetmeýär. *(Ýyldyzlar)*

Tüssesi bar, ody ýok. *(Duman)*

Uçanda görünmez,
Gonanda belli.
Seçmeden köpräk,
Sanatmaz özi. *(Ýagyş)*

Uly atlar döwüşdi,
Ýylt-ýylt edip ot düşdi. *(Bulut, ýyldyrym)*

Ursam, urlanok,
Gömsem, gömlenok. *(Kölege)*

Ursaň, taýak ýetmeýär,
Kowsaň, aýak ýetmeýär. *(Ýel)*

Uzyn uzak,
Göge duzak,
Altyn ýaprak,
Batman toprak. *(Tüsse, ýalyn, kül)*

Uzyn-uzyn howaýy,
Ondanam uzyn howaýy.

Münmäge şahasy ýok.
Iýmäge miwesi ýok. *(Asman)*

Uzyn-uzyn ulapar,
Ujy baryp gum gapar. *(Derýa)*

Ýaganda sany bolmaz,
Gün çyksa, jany bolmaz. *(Gar)*

Ýapy üstünde ýarty çörek. *(Aý)*

Ýaş wagtynda orak ýaly,
Orta ýaşda çörek ýaly. *(Aý)*

Ýatak doly ýüň düşek,
Men almaga düşek ýok. *(Ümür)*

Ýedi bölek uly balyk. *(Hepde)*

Ýedi goýun, bir guzy,
Togsan gurtdan saklar bizi. *(Içmek, üç aý gyş)*

Ýedi seýrek, sekiz topbak,
Iki ýyndam, bir bek.
*(Ýedigen, Ülker ýyldyzlar topary, Aý, Gün we Demirgazyk ýyldyzy)*

Ýelken aýakla ýetdirmez,
Ýetdirse-de tutdurmaz. *(Salgym)*

Ýelkenli ýetmez yzyndan,
Jylawbaz tutmaz dyzyndan. *(Salgym)*

Ýer göteren gök öküz,
Bilmen näçe ýaşynda.
Örksüz hem sütünsiz,
Gör, nä heser başynda. *(Asman)*

Ýola sygmaz ýogyn gyz,
At götermez agyr gyz. *(Tüweleý)*

Ýol üstünde oklawjyk. *(Ýapjagaz)*

Ýörär-ýörär yzy ýok,
Daýanmaga dyzy ýok,
Öýermäge ogly ýok,
Çykarmaga gyzy ýok. *(Tüweleý)*

Ýuwutsaň, garnyň doýmaz,
Ýuwutmasaň ýaşap bolmaz. *(Howa)*

Ýük üstünde ýarty çörek. *(Aý)*

Ýüwrüp ýete bilmedim,
El bilen tuta bilmedim. *(Kölege)*

Ýylt-ýylt eder, ýalmap gider. *(Ot)*

## II. ADAM, ONUŇ BEDEN AGZALARY WE OŇA DEGIŞLI ZATLAR HAKYNDAKY MATALLAR

Açylmadyk sandykda,
Biçilmedik don ýatyr. *(Göwreli aýal)*

Adamda bar, ady ýok. *(Burnuň aşagyndaky çukurjyk[1])*

Adamda bar höwürtge,
Içinde ala ýumurtga. *(Göz)*

Adyl diwan – bir paýlaşyk,
Parsah-parsah[2], ara daşlyk.
Kimse odur, kimse budur,
Her kim özüniňkiden hoşluk. *(Akyl)*

Agyl doly akja guzym,
Gapysyn ýapsam, ýokja guzym. *(Diş, agyz)*

Akja gunduz içinde
Böwri ala guş otyr. *(Göz)*

---

[1] Bu matalyň «Ady ýok, orny bar» diýen nusgasy hem bar. Matalda burnuň aşagyndaky çukurjygyň ady ýok diýilse-de, halk arasynda oňa «patallak» diýilýändigine duşmak bolýar.

[2] Parsah — uzynlyk ölçegi.

Ala gaýaň ýüzünde
Ýaşyl donly gyz otyr. *(Öt)*

Alaja ýüpüm dag aşar. *(Göz)*

Altmyş kempir gapaklaşdy,
Daň atansoň, taýaklaşdy. *(Göz, kirpik)*

Alty ganatly ak öýde,
Goly bagly gul otyr. *(Gapyrgalar, ýürek)*

Ambar içinde otuz iki käkilik ýatyr. *(Agyz, dişler)*

Amyderýadan geçsem-de,
Üsti-başym öljermedi.
Kyrk goýnuň etin iýsem-de,
Agzym-burnum ýagjarmady. *(Düýş görmek)*

Aňkar,
Aňkarda – toňkar.
Toňkarda – ala dag.
Ala dagda – gyýa dag.
Gyýa dagda – sümme tokaý.*(Agyz, burun, göz, gaş, saç.)*

Asty garçyn,
Üsti garçyn,
Arasynda –gök gögerçin. *(Göz)*

Asty – gaýa,
Üsti – gaýa,
Arasynda hamyrmaýa. *(Dil)*

Aýdan,
Aýdanyň üsti buýdan,[1]
Buýdanyň üsti çyrag,
Çyragyň üsti gyýak,
Gyýagyň üsti meýdan,
Meýdanyň üsti myhman.*(Agyz, burun, göz, gaş, maňlay, saç).*

Baldan süýji,
Pamykdan ýumşak,
Bazara salyp satsaň,
Bir şaýylyk bahasy ýok. *(Uky)*

Batyr bilen Gulaja,
Mydam gezer bileje. *(Adam we onuň kölegesi)*

Bazara bardym,
Badam aldym.
On hum gyzyly
Öýüme saldym. *(Düýş)*

Bäş çaganyň boýy deň däl. *(Barmaklar)*

Bäş kempirim duz göterip gelýär. *(Bäş barmagyň dyrnagy)*

Bäş keýik, biri-birinden beýik. *(Barmaklar)*

Bidi-bidi,
Meni ýykdy,
Gidiberdi. *(Uky)*

---

[1] Buýdan — ys alýan, buý — ys.

Bilmedik nirden geldi,
Giçden soň peýda boldy.
Kowup kowmazlar bolduk,
Kowsak-da ýene geldi. *(Sakgal)*

Bir ahyra otuz iki aý biten. *(Dişler)*

Bir alaja ýüpüm bar,
Nirä uzatsam ýetýär. *(Göz)*

Bir çynarym egilmez,
Egilse-de döwülmez. *(Adam, onuň garramagy)*

Bir dagyň iki sakçysy,
Iki diňçisi, otuz iki leşgeri bar. *(Kelle, göz, gulak, diş)*

Bir dagyň üstünde
Bir atyň yzy bar *(Göbek)*

Bir donum bar, ýaşylja,
Ölsem-ýitsem aýrylmaz. *(Adam ady)*

Bir enäniň on ogly,
Hemmesiniň ady bar. *(Barmaklar)*

Bir gap içinde otuz iki jöwen. *(Dişler)*

Bir gazyga bäş at daňylgy dur. *(El, barmaklar)*

Bir guýynyň başynda kyrk gysrak,
Depişýär-de, gapyşýar. *(Kirpik)*

Bir halta bugdaýym bar,
Näçe iýsem-de, tükenmez. *(Söz)*

Bir kişiniň dokuz dogany bar. *(Iki eliň barmaklary)*

Bir sandygyň içinde
Gözi bagly guşum bar. *(Göwreli aýal)*

Biri-birine ýoldaş,
Ynsana gerekli daş. *(Diş)*

Bir ýumakda ýedi deşik. *(Kelle)*
Boýnumda alajam bar,
Ölsem-ýitsem aýrylmaz. *(Adam ady)*

Çalgynçysy ýanynda,
Çalma guşak bilinde. *(Söýgi, çagany söýmek)*

Çaýyrly depe,
Ak meýdan,
Gyýçak daş,
Ýylpyldawuk,
Şypbyldawuk. *(Kelle, maňlaý, gaş, göz, burun)*

Çaýyrly ýerde — çal kürre. *(Gulak)*

Çöpli hokgaň içinde,
Böwri akja guş ýatyr. *(Kirpik, göz)*

Çür-çüriniň başynda
Çür garaja gyz otyr. *(Göz)*

Dag başynda boý derek,
Boý derege suw gerek. *(Kelle, saç)*

Dag başyna çöp çykdy,
Çykanda-da köp çykdy. *(Kelle, saç)*

Dagdan belent, deňizden çuň. *(Akyl)*

Dagdan indim, daşdan indim.
Göz bilen gaşdan indim. *(Uky)*

Daşdan geldi müň nökerli bir duşman,
Gabalan jaýymda pena goýmady.
Gullugynda gezip, hyzmatyn kyldym.
Sanamaga maňa sena goýmady. *(Garrylyk)*

Daşdan görseň, bir gara
Ýanna barsaň, müň gara. *(Saç)*

«Deger» diýsem – degmez,
«Degmez» diýsem – deger. *(Dodak)*

Dona bürenmez,
Göze görünmez. *(Ses)*

Dört pel çaýrym bar,
Aýda dört ýygdyrýar. *(Saç)*

Durluk[1] bilen gamşyň arasynda
Bir aşyk bar,

---

[1] Durluk — gara öýüň täriminiň daşyna aýlanýan keçe görnüşli örtgi.

Çikgedigin hem bilmedim,
Jükgedigin hem bilmedim. *(Göwreli aýal)*

Dury kölde akja daş,
Gulluk eder barça aş. *(Diş)*

Düwdüm, dula taşladym. *(Gürrüň, söz)*[1]

Düwünçegmi düwüpdim,
Düwüp eýläk zyňypdym. *(Pikir)*

Düzdüm, guýa taşladym. *(Iýmit, bokurdak)*

Enem-atam bir ýüpek berdi,
Ýere gömsem, çüýremez,
Gora gömsem, tütemez. *(Adamyň ady)*

Ertir bilen – dört aýak,
Günortanlar – iki aýak,
Agşamara – üç aýak,
Iň soňunda – ýok aýak. *(Adamyň ýaşaýyş döwürleri)*

Ertir gidýär, agşam gelýär. *(Uky)*

Esen agam bir sere,
Gynansa, bakar ýere. *(Murt)*

Eýläk geçer gara atym,
Beýläk geçer, gara atym,

---

[1] Şu matalyň jogaby «Uky» bolup gelýän «Düwdüm, töre taşladym» diýen nusgasy hem bar.

Amyderýaň suwuny
Durlap içer gara atym. *(Gözüň garasy)*

Gara çaýyrly depe,
Iň ýokarda ol şepe. *(Kelle, saç)*

Gara daşdan döwlen gyýçak daş. *(Göz)*

Gara dogup, ak bolar. *(Saç, sakal)*

Garaja nardan suw çykdy. *(Gözýaş)*

Gaýradan gelýän üç ýüz gaz,
«Oýny ýagşy» diýdiler.
Üç bükdürme gyl tanap,
«Dini ýagşy» diýdiler. *(Aýalyň örüm saçy)*

«Gel» diýsem – gelenok,
«Gelme» diýsem – gelýär. *(Dodak)*

Gelen kim myhman bolup,
Gezenler kim şa bolup,
Ulalan, köpelen kim?
Ýalňyz bolup giden kim? *(Adamyň ýaşaýyş döwri)*

Goşa bulak, goşa bulak,
Goşa bulak üstünde gaýnar bulak,
Gaýnar bulak üstünde gara gaýa
Gara gaýa üstünde gara tokaý. *(Burun, göz, gaş, saç)*

Günäsiz asylyp dur,[1]
Rahatdan kesilip dur. *(Ýürek)*

Gyrasy gyldan, sökülmez,
Agzy aşak, dökülmez. *(Kirpik, göz)*

Gyşyna bar, ýazyna ýok. *(Demiň howry)*

Hatar-hatar daş goýdum,
Al atymy boş goýdum. *(Diş, dil)*

Hemme kişi ýatdy,
Esen kelte ýatmady. *(Burun)*

Her gün täze sözler tapar,
Gaýgy-gamyň üstün ýapar. *(Ýaş çaga)*

Hiňňillik üstünde akylly il otyr. *(Eňek, sakgal)*

Howdan, howdanyň üstünde goşa howdan,
Goşa howdanyň üstünde çyradan,
Çyradanyň üstünde ak meýdan,
Ak meýdanyň üstünde gara çöllük.
*(Agyz, burun, göz, maňlaý, saç)*

Howuz üstünde gowak,
Gowak üstünde çyra,
Çyra üstünde galam,
Galam üstünde depe.
Depe üstünde jeňňel. *(Agyz, burun, göz, gaş, kelle, saç)*

---

[1] Bu setiriň «Ýüpsüz asylyp dur» diýip gelýän husgasy hem bar.

Hum derýam-a, hum derýam,
Agzy gapakly derýam,
Düýbi seçekli derýam. *(Göz)*[1]

Hür-hüriniň bagyna
«Ogry girdi» diýdiler.
Bäş atlyny iberip,
«Kowup çykar» diýdiler. *(Burun, sümük, eliň barmaklary)*

Iki ak gysrak boguşar,
Bir gyzyl gysrak aýrar. *(Diş, dil)*

Iki başly, alty aýakly,
Bir guýrukly, iki golly. *(Atly adam)*

Iki çürçürim deň gelýär,
Bir-birinden öň gelýär. *(Aýak)*

Iki çyranyň arasynda ýekemen. *(Burun)*

Iki dagyň arasynda tilki çyrpynar. *(Dil)*

Iki dogan bar,
Bir-birin görmeýär. *(Göz)*

Iki enäniň on balasy,
Kä birleşer, kä daşlaşar. *(Iki eliň on barmagy)*
Iki enäň on ogly,
Onusynyň ady bäş. *(Iki eliň barmaklary)*

---

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgalarda «Unaş», «Serkeç» diýlip hem berilýär. Serkeç – seçek bilen bejerilen käse salynýan gaýyş gap.

Iki gaýanyň arasynda,
Hiç guramaz çeşmäm bar. *(Diş, dil)*

Iki guýynyň suwy bir. *(Göz, gözýaş)*

Ikisi garap dur,
Biri saýrap dur,
Ikisi diňläp dur. *(Göz, dil, gulak)*

Iki tokaýly derýany,
«Suw alypdyr» diýdiler.
Bäş atlyny iberip,
«Beklesinler» diýdiler. *(Gözýaş, el)*

Işim-ä işim,
Okum, ýaýym, kirişim. *(Göz, gaş, kirpik)*

Iň ýokarsy takyrjak,
Oň aşagy —
Goşa çeşme-çukurjyk,
Oň aşagy —
Bir boş giden hokurjyk. *(Alyn, göz, agyz)*

Kelte babam tam üstünden ot taşlaýar. *(Päki, saç)*

Ketek doly ýumurtga. *(Diş)*

Kiçijik gyz,
Elinde bi:z. *(Sapak, iňňe)*

Kiçijik oglan kiçijik tahýa geýer. *(Barmak bilen ýüwse[1])*

Kölde ýatan aşygyň,
Sag-soluny bilmedim. *(Göwredäki çaga)*

Köse agamyň başy ak kümüş. *(Barmak, dyrnak)*

Kyrk gysrak bir-birine gatyşsa tanalmaz. *(Kirpik)*

Kyrk gysrak bir çeşmeden suw içer. *(Kirpik)*

Kyrk gysrak bir guýynyň başynda
Depişýär hem gapyşýar. *(Kirpik)*

Maýdaja taýajyklar,
Gündizine taýaklaşar,
Gijesine gujaklaşar. (*Kirpik*)

Men gitdim, ol galdy. *(Aýak yz)*

Men öýde, menegim daşda. *(Yz)*

Mämmet jan, tur, git,
Ýabylary sür, git,
Otuz iki gapynyň
Kildini ur, git. *(Dil, dodak, diş)*

Mysgal-mysgal pähim tapar,
Öz mülkünde mekan tutar.

---

[1] Ýüwse — tikin tikilende barmagyň ujuna geýdirilýän, teletinden, gaýyşdan edilýän enjam.

O ýan-bu ýan ylgaw atar,
Ýene geler öz jaýyna. *(Adamyň göwni)*

Nirde bolsam ýoldaşym,
Öýde otursam, syrdaşym. *(Adam we onuň kölegesi)*

Ol obada işim bar.
Ussalarda kümşüm bar.
Açylmadyk sandykda
Gözi bagly guşum bar. *(Göwreli aýal)*

On goýnum sakar,
Dolanyp ýüzüme bakar. *(Barmaklar)*

Otuz iki daş birini naharlar. *(Diş)*

Otuz iki daşdan ýel çykar,
Döwletli ile jar bolar. *(Söz)*

Otyrkaň alyp gaçar,
Eltip ummana atar. *(Uky)*

O ýany daş, bu ýany daş,
Ortasynda gyzyl gaş. *(Dil)*

Örüdäki müň goýny
Bir çybyk bilen kowladym. *(Saç, päki bilen saçyň syrylmagy)*

Öýümize ilçi geldi,
Sözläp berýär, many ýok.
Müneni bir bedew at,
Emma onuň jany ýok.

Söwüş berdik iki koý
Eti bar-da süňki ýok. *(Çaga, sallançak, ene göwsi)*

Samandan ýeňil,
Polatdan agyr,
Ele düşmez,
Terezide çekilmez,
Bazarda satylmaz. *(Uky)*

Seretsem ýok, seretmesem bar. *(Gulak)*

Suwsuz ýerden suw çykar. *(Gözýaş)*

«Syk dokalan matany
Geýip bolmaz» diýdiler.
«Çeşmäniň ak suwuny
Içip bolmaz» diýdiler. *(Kagyz, gözýaş)*

Şalpyl-şulpul suwdan geçdim,
Üsti-başym öl bolmady,
Bir gunanly baýtal iýdim,
Agzym-burnum ýag bolmady. *(Düýş)*

Tabaga düşmez,
Gazanda bişmez,
Ondan datmadyk
Adam ýetişmez. *(Ene süýdi)*

Takyr ýerden ýarylan,
Agzy gyldan örülen. *(Göz, kirpik)*

Takyr ýerde taý yzy. *(Göbek)*

Tapmaz, tapmaz, tapmaz matal
Köşekli düýä bermez matal.
Gyzlar gelse, gyýmaz matal,
Gyzyl-kümşe bermez matal. *(Adamyň jany)*

Ura, uranyň töweregi şora. *(Agyz, sakal-murt)*

Uşadym-a uşadym,
Zynjyrdan gaýym duşadym. *(Nika)*

Üsti perçin, asty perçin,
Arasynda gök gögerçin. *(Göz)*

Ýagladym-ýuglagym,
Iki ördüm, gizledim. *(Saç)*

Ýalama ýapyň ýüzünde,
Ýaşyl donly gyz otyr.
Ýaş guzynyň etini,
Ýaga bulap iýip otyr.[1] *(Öt)*

Ýalazy gaýaň ýüzünde,
Ýarty şapbadym otyr. *(Gulak)*

Ýapy ýüzünde ýarty çapady. *(Kelle we gulak)*

Ýapy ýüzünde ýarty süňk. *(Diş)*

Ýatsam ýanymda,
Tursam ýadymda. *(Düýş)*

---

[1] Bu setiriň «Zähere bulap iýip otyr» diýen nusgasy hem bar.

Ýedi deşikli gyl ýumak. *(Kelle)*

Ýol ýatyr-a, ýol ýatyr,
Ýol üstünde gul ýatyr,
Şonça guluň yzynda,
Doýmaz atly är ýatyr. *(Agyz, diş, bokurdak)*

Ýumruk ýaljak şeýtan,
Üçekden sazak taşlar. *(Saç we päki)*

Ýumurdygym ýumajyk,
Içinde kyrk dogajyk. *(Eliň aýasyndaky çyzyklar)*

Ýük ardynda ýürejik. *(Ýeňseçukur)*

Ýük üstünde jamjagaz,
Içi doly hamjagaz. *(Göbek)*

Ýüwrük atym jylawsyz,
Ýylda uçar ýalawsyz. *(Göwün)*

Ýygdygyňça hasyly artar. *(Sakal)*

## III. ZÄHMET WE ZÄHMET GURALLARY HAKYNDAKY MATALLAR

Aç garga agzyn açar,
Laçyn guş başyn atar. *(Atagzy we çekiç)*

Adam eli degdigi,
Ýeri dörer, gül eder. *(Pil)*

Adamyň elinde,
Şeýtanyň alynda,
Guşagy dilinde,
Alty aýagy bar,
Guýrugy bilinde. *(Tereziniň bir görnüşi)*

Agzy ildirgiç,
Aýagy ölçegiç. *(Asma terezi)*

Agzyna berenim almady,
Iýeni içegä aýlandy. *(Ik, ýüplük)*

Ak atly gaçar,
Gara atly kowar.
Sümme tokaýdan
Sümülip geçer. *(Gara sapakly iňňe)*

Ak atly keýwany,
Bitirer yzy. *(Ak sapakly iňňe)*

Ak galany aýlanyp,
Zygyr-zygyr oýun eder. *(Ik)*

Akja düýäm çöküp otyr,
Gumalagyn döküp otyr. *(Jykyr[1])*

Akja goýun aňry aşar,
Gumalagy bäri aşar.
*(Pagta arassalaýan maşyndan geçýän pagta we onuň şulhasy)*

Akja güjügim ýorta-ýorta bogaz boldy. *(Ik)*

Akja oglan haýatdan aşyp gitdi,
Gumalagy çaşyp gitdi. *(Pagta, onuň maşyndan geçişi, çigit)*

Akja toklym gaýyp ýykylýar. *(Maşynda arassalanýan pagta)*

Allaw-hümme bir işli,
Okly, ýaýly kirişli,
On aýakly, üç başly,
Alty gözli, bir dişli.
*(Ýer sürmek, boýuntyryk, künde, adam, iki öküz)*

Altmyş çemçäm alyşar,
Biri-birini salyşar. *(Jykyryň kürekleri)*

---

[1] Jykyr — derýadan, ýapdan beýik ýerlere emeli ýol bilen suw çykarmak üçin ulanylan suw desgasy.

Alty aýakly, gözi gyzyl,
Ýelegi ýokdur ganatynyň.
Endamynyň tüýi ýokdur,
Guýrugy ýokdur syrtynyň. *(Terezi)*

Alty aýakly,
Taldan taýakly. *(Asma terezi)*

Aňry çapar garaja at,
Bäri çapar garaja at.
Dag düýbüniň suwuny,
Dannap içer garaja at.
*(Haly ýüwürdilende mäşirigiň iki ýana oklanylyşy)*

Aňyrsyna gar ýagar,
Bärsine çör ýagar. *(Pagta arassalaýan maşyn, pagta, şulha)*

Aňyrsy – tiken,
Bärisi – tiken,
Ortarasy –
Demir tiken. *(Ýüň darak)*

Arkasynda agzy bar,
Ortasynda many bar,
Diriligiň çeşmesi
Bolup biljek baly bar. *(Haraz[1], un)*

Arkasynda guýrugy,
Adyl bolmak buýrugy. *(Asma terezi)*

---

[1] Haraz — degirmen.

Asmandan asylan,
Ýerden gazylan. *(Tara[1])*

Asty çeten, üsti çeten
Arasyndan ýüwrüp öten. *(Tara hem ýumak)*

Atym atdyr,
Bedehetdir,
Dişi ýokdur,
Dişlewükdir. *(Atagzy)*

Aýaksyz towsar,
Gara ýer böwser. *(Azal)*

Aýlanyp, aýlanyp bogaz boldy. *(Ik)*

Barmakdan inçe, bilekden ýogyn. *(Ik)*

Batyr goýnum dagdan aşdy.
Ýalta goýnum yzda galdy. *(Jyk, arassalanan pagta, şulha)*

Bäş ýüz tanap gerdiler,
Demir penje urdular,
Äleme owaz berdiler. *(Dokma, dokma darak)*

Bir adam bar, gaty ýeser,
Guýusyndan adam asar. *(Tara)*

---

[1] Tara — ýüpek, nah mata dokamak üçin ulanylýan dokmaçylyk senediniň guraly.

Bir atly gaçar,
Bäş atly kowar. *(Iňňe, el)*

Bir guşjagaz uçup dur,
Töweregine seçip dur. *(Degirmen)*

Bir gylyjym bar,
Gynsyz sakladym.
Gök tokaýy gördüňizmi?
Bir günde çapyp taşladym. *(Çalgy[1] we onuň bilen ot ýatyrmak)*

Bir kişi bar, müň dişi bar. *(Byçgy)*

Bir pil urdum, serrelip ýatdy. *(Böwet)*

Boýy barmak deý,
Guýrugy gulaç deý. *(Iňňe, sapak)*

Çepbekeý telpegim,
Inçedir gylyjym. *(Ýüwse, iňňe)*

Çöl-beýewany,
Gezer obany.
Alty injigi bar,
Iki dabany. *(Terezi)*

Dagyň üstünde bir bölek goýun,
Ýüňi bir ýana, özi bir ýana.
*(Maşynda pagta arassalanýan pursady)*

---

[1] Çalgy — Egri gylyja meňzeş uzyn saply ot ýatyrýan gural.

Degirmenim güwleýär,
Güýji meniň elimde.
Bilbillerim saýraýar,
Sazy meniň elimde. *(Çarh)*

Demi bar-da, jany ýok,
Gapyrgasy bar-da, gany ýok. *(Körük[1])*

Düýbi göwresinde,
Sakgaly depesinde. *(Ýüň darak)*

Ene düýe takyrdar,
Aýaklary şakyrdar. *(Mata dokaýan çarh)*

Emel bilen ediler,
Siltem bilen siltener.
Emel bilen iýdirer,
Gapdalyndan guýdurar. *(Juwaz)*

Eşikli etse-de hemmäni,
Özüniň ýalaňaç endamy. *(Iňňe)*

Eýesinden ýüz görmez,
Adam hatyryn bilmez. *(Terezi)*

Eý, hudaýyň buýrugy,
Syrtyndadyr guýrugy.
Iki sany aýagy,
Alty sany toýnagy. *(Terezi)*

---

[1] Körük — demirçi ussalaryň demri gyzdyranda ot ýakmak üçin ýel berýän sanajy.

Eýläk geçer gara atym,
Beýläk geçer gara atym,
Sümme tokaý içinden
Gyýyp geçer gara atym. *(Gyrkylyk)*

Garaňky öýde gaplaň gürlär. *(Degirmen)*

Gara towuk garkyldar,
Sümekleri jarkyldar. *(Tara)*

Garry düýe gaňkyldar,
On iki süňňi şaňkyldar. *(Tara, gozak[1])*

Garry düýäm çöküp otyr,
Garyn ýagyn döküp otyr. *(Juwaz)*[2]

Garry düýäm galk-galk eder,
Eňekleri şalk-şalk eder. *(Dessik[3])*

Garry düýäm gar-gar eder,
Içiniň ýagy şar-şar eder. *(Pagta çigidini ýag edýän jyk)*

Gaýnag suwda oýnaýar,
Bagyn ele aýlaýar. *(Ýüpek çekmek)*

---

[1] Gozak — tara çukury, taranyň aşagyndaky aýak sokulyp oturylýän çukur.
[2] Bu matalyň jogabynyň «Jykyr», «Ot» bolup gelýän nusgalary hem bar.
[3] Dessik — tara dokalanda geçirilen argajy kakmak üçin hyzmat edýän ýasy agaç gural, tara şaýy.

Gaýradan allap gelýär,
Dört aýagyn sallap gelýär.
Tapan-tupanyn ýalmap gelýär. *(Dokma)*

Gowşurma galaň içinde,
Segsen siňliň sesi gelýär. *(Ýüň darak)*

Göwresi demirden,
Guýrugy sapakdan. *(Iňňe-sapak)*

Guýy bugram güwwüldär,
Gaýyň ganjyk gaňňyldar. *(Körük, demir)*

Gysgajyk aýal gyňajynyň ujun düwer. *(Sapakly iňňe)*[1]

Har-har edip parryldar,
Yzyn bakyp gürrüldär. *(Çarh)*

Hatarma-hatar,
Zynjyrma-hatar,
Gyşyna ýatar,
Ýazyna ýortar. *(Jykyr)*

Hemmäni bezär,
Özi lüt gezer. *(Iňňe)*

Herinde jan herinde,
Her dumany serinde.
Gije-gündiz ýol ýöräp,
Ýene öňki ýerinde. *(Degirmen)*

---

[1] Bu matalyň «Keltejik aýal gyňajyny süýrär» diýen nusgasy hem bar.

Hyr-hyryjyk, burny ýirijik,
Aýlanyp-aýlanyp,
Bogaz-bolajyk. *(Ik)*

Hyryjym-a hyryjym,
Hyryjymda ýörişim,
On aýakda bir başym,
Bir başymda, bir dişim *(Iki öküz, azal, adam)*

Hyrryň-hyrryň gara daş,
Uly iliň göwni hoş. *(Degirmen)*

Iki agaçdan kümeli,
Başy altmyş jygaly. *(Ýüň darak)*

Iki saz, bir mäz. *(Terezi)*

Iki uç, iki halka,
Ortasynda myhy bar. *(Gaýçy)*

Iki janly, bir jansyz. *(Adam, düýe, juwaz)*

Iki ýigit bile ýörýär,
Aýagy ýere degmeýär. *(Tereziniň bir görnüşi)*

Iýer, iýer-de doýmaz. *(Degirmen daşy)*[1]

Iýmiti däne, jany suw,
Gije-gündiz ylgasa-da,
Öňki ýerde heniz bu. *(Degirmen)*

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «O:t» bolup gelýän nusgasy hem bar.

Kendi bar-a, kendi bar,
Kendiniň kemendi bar,
Gökden uçan guşlaryň
Aýagynyň bendi bar. *(Terezi)*

Kip-kiçijik boýy bar,
Her närseden oýy bar. *(Iňňe)*

Matalym-matal,
Pil bilen ursam,
Ommalyp ýatar. *(Ders döküni)*

Matalym matdy,
Iki gulagy batdy,
Ýere girip, gum atdy. *(Pil)*

Nägehana pul berip,
Mähnet salandyr başyna.
Maslygyna jan berip,
Aýlap urandyr daşyna. *(Degirmen)*

Oglanly aýal oba gezer. *(Soky we daşy)*

Ol Hudaýyň buýrugy,
Arkasynda guýrugy,
Alnynda aýagy bar,
Iki-de toýnagy bar. *(Terezi)*

On iki aýak, bäş kelle,
Bir kellede işim bar.
*(Iki öküz, iki daýhan, kündäniň kellesi, azal)*

Orta boýly orun juwan,
Orun baglap gelýä-le.
Ters aýakly taýajyk
Deprek çalyp gelýä-le. *(Dokma darak)*

Owlakly geçi oba gezer. *(Soky we daşy)*

O ýana ýüwrer garaja at,
Bu ýana ýüwrer garaja at,
Dag düýbüniň suwuny,
Dolar geçer, garaja at. *(Gyrkylyk)*

O ýan geçer gyr atym,
Bu ýan geçer gyr atym,
Aýagynda gyl tanap,
Süýräp geçer gyr atym. *(Mäki[1])*

Öküz-öküz aýlanar,
Dünýä sekiz aýlanar.
Bir guýynyň başynda
Körje öküz aýlanar. *(Juwaz, mal)*

Özi bir garyş,
Sakgaly iki garyş. *(Iňňe we sapak)*[2]

Özi bir munýanjyk
Bar adamy gunnanjyk. *(Iňňe)*

---

[1] Mäki — erşiň arasyndan argaç geçirmek üçin ulanylýan iki ujy hem süýnmek dokmaçylyk enjamy.

[2] Bu matalyň jogabynyň «Mekgejöwen» diýip gelýan nusgasy hem bar.

Sary maýam çöküp otyr,
Içýagyny döküp otyr. *(Juwaz)*

Senem eje seňňildär,
Saçy meniň elimde,
Hoz agajy güwwüldär,
Güýji meniň elimde. *(Ýüpek towlanýan çarh)*

Seri-seri serinde,
Serdessesi elinde.
Gije-gündiz ýol ýörär,
Heniz öňki ýerinde. *(Degirmen)*

Suwda gaýnan daş gördüm. *(Degirmen)*

Sümme sümer,
Süýdi damar.
Gara at gaçar,
Bäş at kowar. *(Iňňe-sapak, barmaklar)*

Syrtyndan dem alar,
Agzyndan ot köwzär. *(Körük)*

Takyr täj-ä, takyr täç,
Eli unda, içi aç. *(Degirmen)*

Tarlarym saýraşar,
Sapy meniň elimde. *(Dokma darak)*

Taýly baýtal oba gezer. *(Soky we daşy)*

Tepbekeý telpegim,
Inçedir gylyjym. *(Ýüwse, iňňe)*

Tozany duly tutar,
Arryldysy – dünýäni. *(Degirmen)*

Uzyn urganym,
Gysgadyr gylyjym.
Teýi tylla börügim,
Aşdy depeden. *(Sapakly iňňe, ýüwse)*

Uzyn-uzyn urganym,
Ujyn tutup durganym,
Saçy meniň golumda,
Demir penje elimde. *(Dokma, dokma darak)*

Ygaly jan ygaly,
Başy altmyş jygaly. *(Ýüň darak)*

Ýaltanýan-a turmaga,
Dört agajy germäge.
Älem doly gurbaga,
Gygyryp çykdy daga. *(Haly, dokma)*

Ýaz aýlanyp, gyşda ýatar,
Birin-birin bala batar. *(Jykyr)*

Ýazlady, güýzledi,
Çuwal arkasynda gizlendi. *(Gyrkylyk)*

Ýer astyndan aý ýörär. *(Azal)*

Ýylp etdi, ýere girdi. *(Azal)*

Ýüzi tegelek, ökjeli,
Ýere gireni bes-belli. *(Kätmen)*

Zuw-zuw eder, zuwan kişi,
Bili bagly ýogyn kişi. *(Çarh)*

## IV. YLYM-BILIM, MEDENIÝET WE TEHNIKA HAKYNDAKY MATALLAR

Ak goluň içinde, garadyr guşy. *(Hat)*

Akja geçim ýüzi dişli,
Ýalançyň biler işini. *(Gazet)*

Ak ýere gara dary,
Kim seçse, şol orar. *(Kagyz, hat)*

Ak ýeri açdym,
Gara dary seçdim. *(Kagyz, hat)*

Alym görse biler,
Garadyr ýüzi.
Ony bilmeýänler
Nadandyr özi. *(Hat)*

Asmanda gara guşum aýlanýar,
Aşagynda iki owlak baglanýar.
*(Uçar we onuň aşagyndaky iki tigri)*

Atasy akyl,
Enesi nakyl,

Bir gyz dogulmyş,
Ýigrimi dört şekil. *(Oguz elipbiýi)*

Aýagynyň gany ýok,
Içgoşunyň sany ýok,
Syrtynda goşa guýruk.
Agdar, basar – ol buýruk. *(Traktor)*

Aýagy ýok, ýöreýär,
Agzy ýok, sözleýär. *(Hat)*

Aýnada gören ýaly,
Ýanynda duran ýaly. *(Gazet)*

Badamça badam bilen,
Ýedi gulpdan bilen.
Ne agzy bar, ne burny,
Gepleşer adam bilen. *(Hat)*

Bir atym bar, aýakly,
Depesi goşa taýakly. *(Trolleýbus)*

Bir guş tutdum, jany ýok,
Dört aýagnyň gany ýok.
Müneňde hezil berýär,
Il içinde sany ýok. *(Awtomaşyn)*

Bir zadym bar,
Daşa ursam döwülmeýär,
Suwa ursam döwülýär. *(Kagyz)*

Bolmaz üfläp söndürip,
Otluçöpsüz ýandyryp. *(Elektrik çyrasy)*

Çynar agajyň başynda
Çiltenmyrat atly guş otyr.
Ony almaga är gerek,
Ýürejigine kär gerek. *(Okuw, ylym)*

Dagdan inen dadran,
Dada bilmez hiç kim ony,
Inçe egrilip, syk dokalan,
Geýe bilmez hiç kim ony. *(Kagyz)*

Daşary ýaz, ot-alaw,
Öýjagazda buz, gyraw. *(Holodilnik)*

Daşy agaç, içi azyk,
Ýörän ýoly bellidir. *(Galam)*

Daşy-golaýy meňzeş,
Öz ýanyna getirýär.
Iki adam bir simden,
Söz alyşyp oturýar. *(Telefon)*

Depä çykdym, taňladym,
Taňlamaz belany gördüm.
Burunlyksyz, buýnuzsyz
Bagyrak belany gördüm. *(Otly)*

Dili bar-da, üýni ýok,
Diline adam düşüner,

Jany bar-da, gany ýok.
Sözläp durar içinden. *(Kitap)*

El bilen ekerler,
Dil bilen orarlar. *(Ýazmak we okamak)*

Gara guşuň ýatagy,
Akja gyzyň gujagy. *(Hat, kagyz)*

Gat-gat gapyrgam,
Gatlaşar meň gapyrgam,
«Ýedi gapa ýet» diýsem,
Ýetmezmi sen, gapyrgam. *(Kitap, depder)*

Gat-gat ýapragy bar,
Ýöne weli agaç däl.
Tikilen ýerleri bar,
Ýöne weli geýim däl.
Dili-agzy ýok bolsa-da,
Adam bilen sözleşer,
Ýöne weli adam däl,
Adama akyl öwrede ag,
Her gatynda altyn bar,
Arasynda gözüm bar. *(Kitap)*

Gatlak-gatlak gatlama,
Her gaty bir ýatlama. *(Kitap)*

Gaýradan gelýän kişi,
Elinde demir çişi.
Ak goluň içinde
Garadyr guşy. *(Galam, kagyz, hat)*

Gider, gider, uzyndyr,
Daşy ýüplük rezindir. *(Elektrik simi)*

Gördüm bir akja zady,
Dili hem ýok, jany hem ýok,
Sözlän sözüniň sany hem ýok. *(Hat ýazýan hek)*

Gün ýaşdygy Gün bolar,
Şonsuz işiň kyn bolar. *(Elektrik çyrasy)*

Gykylyksyz gepleýär,
Sözi söze sepleýär. *(Ruçka)*

Hamy gökdür ýa gyzyldyr,
Süňki ýokdur,
Ýiligi ýaşyl-garadyr,
Ýurdy akdyr. *(Galam, kagyz)*

Hatar uzyn agaçlar,
Arka-döşi gupbaly.
Gupbasynyň şelpesi,
Ýeke tardan çekmeli. *(Telegraf agaçlary)*

Iki dilli, agzyny ýaga batyr,
Sessiz-sözsüz özüni äleme ýetir. (*Ruçka*[1]*we hat)*

Iki geçim, üç ekiz
On ýylky, on dördi ýüz. *(Köne türkmen  elipbiýi)*

---

[1] Bu ýerde syýa batyrylyp ýazylan ruçka göz öňüne tutulýar.

Iňňesiz  tikin gördüm,
Tohumsyz ekin gördüm. *(Hat[1])*

Jany aýakda,
Köňli elde,
Kuwwaty ýelde. *(Welosiped)*

Jany-da ýok, dili-de ýok,
Sorasaň habar berýär. *(Telefon)*

Köki demir, özi gyzbut[2],
Tamy ýarar haýbaty. *(Elektrik çyrasy)*

Kölegesiz gol aşar,
Daş ýerden habarlaşar. *(Radio)*

Okan okana gider.
Okan dokana gider,
Gül ýüzüne seretsem,
Göwnüm hyýala gider. *(Gazet, žurnal)*

Ol nedir kim, zerre-zerre kän bolar,
Tohumy şeýle, miwesi çendan bolar.
Agzy birdir, dili iki, jany ýok,
Köp kişiler bu magna haýran bolar. *(Hat, galam)*

On dört ýorgasy bar,
Iki eýesi bar,

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Kömelek» bolup gelýän nusgasy hem bar.
[2] Gyzbut — meýdan kömeleginiň bir görnüşi.

Alty deşigi bar,
Açyk duran işigi bar. *(Bilýard)*

Özi bar-da, jany ýok,
Gapyrgasy bar, gany ýok. *(Tigir)*

Özi birdir, jany ýokdur.
Gider otyr, sany ýokdur. *(Otly)*

Özi gara kişi hal,
Togtadar ýolda derhal. *(Nokat)*

Petekesi ýagly guşum. *(Uçar — samolýot)*

Polat atym ýüwrüp barýar,
Ýeri çepbe çöwrüp barýar. *(Traktor)*

Salam getirdi,
Sesin umma ýetirdi,
«Sag bol, dostum» diýensoň,
Arkaýynja oturdy. *(Telefon)*

Suwsuz derýa,
Jaýsyz şäher. *(Karta)*

Segsen çybyk keýeli,[1]
Tigirçegim tigirlendi,
Segsen gala bardy *(Welosiped)*

---

[1] Keýe — tigiriň köçeri (oky) bilen daşky tegelegini birleşdirýän çişler-çybyklar.

Şekili ogşar oraga,
Daýym tutar soraga. *(Sorag belgisi)*

Şäheri bar, adamy ýok,
Deňzi bar, suwy ýok. *(Karta)*

Tursa kiçi, otursa uly. *(Uçar —samolýot)*

Tüni eder gündiz dek,
Nur saçar ol ýyldyz dek. *(Elektrik çyrasy)*

Uzyn-uzyn bu ýoluň,
Başyna çykan barmykan?
Çäk-gyraksyz bu deňziň,
Düýbüne ýeten barmykan?
Düýbüne ýetip bu suwdan
Ganyp içen barmykan? *(Ylym)*

Uzyn-uzyn uz agaç,
Uz agajyň başynda
Saýrap duran garlawaç. *(Agaç sütüniň başyndaky radio)*

Uzyn ýolda öý ýörär. *(Otly)*

Yhlas etdim ak ýere,
Ekdim, gögerdi gara,
Iberdim her bir ýere,
Etdi özün äşgäre. *(Kagyz, hat)*

Ýalany erter[1], çyny örter. *(Matal)*

---

[1] Erter — elter manysynda.

Ýamasy bar, tüýi ýok,
Şäheri bar, öýi ýok. *(Globus)*

Ýerden diregsiz,
Gökden tanapsyz.
Göteren ýüki
Bolar hasapsyz. *(Otly)*

Ýeri ak,  tohumy gara.
El bilen ekerler,
Dil bilen orarlar. *(Hat)*

Ýörän ýoly demirdir,
Iýmiti ýag, kömürdir. *(Otly)*

Ýüz galalardan geçip,
Demir gulagyn gerýär.
Jany-da ýok, dili-de,
Sorasaň habar berýär. *(Telefon)*

Ýyndam atym ýag içer,
Menzil-menzil ýol geçer. *(Maşyn, otly)*

Zygyr-zygyr zygyrdar,
Her ýerden habar berer. *(Radio)*

## V. ÖÝ GOŞLARY, HOJALYK GURAL-ESBAPLARY HAKYNDAKY MATALLAR

Agramy aşykça,
Kölegesi köşekçe. *(Ýanlyk)*[1]

Agşam geler leý-leýlim,
Ertir gider leý-leýlim.
Sekizýabyň suwundan
Durlap içer leý-leýlim. *(Kündük)*

Agzy açyk daýym,
Alty ýeri gaýym. *(Çelek)*

Agzy bar-da, dişi ýok,
Ony urmadyk kişi ýok. *(Soky we sokudaş)*

Agzy bar-da, jany ýok.
Garny bar-da, gany ýok. *(Sebet)*

Agzy gyzyl alamat,
Düýbi gyzyl kyýamat.
Hassa girer, sag çykar,

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Gazet» diýlip berilýän nusgasy hem bar.

Saglygyňa salamat.
Bu nähili keramat? *(Tamdyr, çörek)*

Agzyn açyp aňkaran,
Gürse-gürse urlup dur. *(Küpi[1] we pişegi)*

Agzy telki[2], garny salpy. *(Halta)*

Agzy ýok, dişleri köp
Maýsalykda işleri köp. *(Darak)*

Ajap eje görgüli,
Hemme kişä bergili. *(Kündük)*

Akja apyş,
Arkama ýapyş. *(Küýze)*

Akja guzym suwa indi,
Garaja oglan bile indi. *(Tüwi, gazan, kepgir)*

Ak maýamyň süýdi sary. *(Çäýnek we çaý)*

Ak öýüm bar,
Işigem ýok, aýnasam ýok. *(Peşehana)*

Ak sellesi başynda
Hemme halklar daşynda. *(Çyra)*

Ala geçim hassadyr,
Hassa däldir, bessedir,

---

[1] Küpi — ýanlyk.
[2] Telki — gyşaryp duran, laýyk däl, telkerip duran.

Ot otlamaz, suw suwlamaz,
Ol şeýle neressedir. *(Sallançak we bagy)*

Altyndan apbam,
Gazykly gupbam,
Tes-tegelek
Gara lapbam. *(At eýeri)*

Altyn-kümüş başynda,
Hyrydary daşynda. *(Çyra)*

Araba abyşdy,[1]
Zeni[2] ýapyşdy,
Gut guýuldy.
Guýrugy çommaldy. *(Ojak, gazan, tüwi, kepgir)*

Aralama bişdi,
Bende ýapyşdy.

Guýulym guýuldy
Tutanyň guýrugy galdy. *(Aş bilen çemçe)*

Arçanaga, arçanak,
Otdan-suwdan gaçanok. *(Ätişgir)*

Arkasy bar, agynap bilenok,
Guýrugy bar, çyrpynyp bilenok. *(Susak)*

Atasy aslyşyp düşer,
Enesi hallanlap uçar,

---

[1] Abyşdy — bu ýerde abşarylyp durdy diýen manyda.
[2] Zen — zenan, aýal.

Tanapyn duldan asyp,
On iki gadam basyp,
Iki ogly hasap işlär. *(Diwar sagady)*

Atasy aýry gara,
Enesi ýumry gara,
Gyzy gyzyl injik,
Ogly esrik mergen. *(Tagan, gazan, ot, tüsse)*

Atasynyň gulagyn ogly çokalar. *(Gulp, açar)*

Atdan beýik, itden pes. *(Eýer)*

Atym atlandy,
Bekim beklendi.
Gulak gummaldy,
Guýrugy galdy. *(Tagan, gazan, aş, çemçe)*

Aýagy bar, ýöränok,
Gulagy bar, eşidenok,
Guýrugy bar, bulanok. *(Tagan, gazan, çemçe)*

Aýagy uzyn, oda batyr. *(Ätişgir)*

Aýagy ýok, eli ýok,
Köýnegi bar, ýeňi ýok. *(Ýassyk)*

Aýganak-aýganak atasy bar,
Omparyp oturan enesi bar,
Gyzyl köýnek gyzy bar,
Gara telpek ogly bar. *(Tagan, gazan, ot, gapak)*

Aýman hatyn,
Bükür hoja,
Gyzy gyzyl ördek
Ogly esrik merdan. *(Öý, öýdäki ojak, ot, tüsse)*

Aýsyz gije garaňky öýde aý gördüm. *(Çyra)*

Bagyrtlagym bakyp dur,
Bagryn oda ýakyp dur. *(Otdaky tüňçe)*

Barar, barar,
Oýmak deý orny galar. *(Hasa)*

Basan ýerim baý çukur,
Oturan ýerim oý çukur,
Bir elimde aldyrgyç,
Bir elimde güldürgiç. *(Üzeňňi, eýer, uýan, gamçy)*

Bendäni bentde gördüm,
Degresin kentde gördüm,
Dört aý, ýigrimi dört ýyldyz,
Men şuny bir atda gördüm. *(Atyň naly we myhy)*

Bendi bent eýlediler,
Peýwendi[1] bent eýlediler,
On ýyldyzy bir aýa bent eýlediler. *(Atyň naly we myhy)*

Bikejik otyr, ýeňňesi ýatyr. *(Kündük)*

Bili döwük küýküje. *(Agyzdyryk)*

---

[1] Peýwent — baglama, berkitme.

Bir agzy bar, iki gözi,
Hassany saglar özi. *(Tamdyr, çörek)*

Bir atymyň iki kellesi bar. *(Ätişgir)*

Bir aýagnyň üstünde,
Barýar, gelýär hem gülýär. *(Gapy)*

Bir çaganyň iki enesi bar. *(Ene we sallançak)*

Bir depäniň üstünde,
Bir towşanjyk
Böküp-böküp oýnaýar. *(Başdarak)*

Bir dostum bar öýkünjeň. *(Aýna)*

Bir guş gördüm bu gün,
Haýsy ýerde gülşeni?
Hiç bir zada ogşamaz,
Şeýle ajap röwşeni.
Çyn hakykat, dosty ýagdyr,
Ýeldir onuň duşmany. *(Nebit çyrasy)*

Biri ölüp ýatyr,
Goluny serip ýatyr. *(Meşik[1])*

Bir itim bar üýrmezek,
Öýe adam goýbermezek. *(Gulp)*

---

[1] Meşik — suwuk zatlar guýmak üçin geçiniň derisinden eýlenmän edilýän gap, tulum.

Bir jöwenden öý doly. *(Çyra)*

Bir öýde altmyş adam,
Gara gara telpekli. *(Otluçöp gaby)*

Bir öýüm bar görmeli
Haýran galyp durmaly,
Işigi ýok, tüýnügi ýok,
Tilsim bilen girmeli. *(Peşehana)*

Bir sereje boýy bar,
Içeri doly toýy bar. *(Çyra)*

Bir sopujyk «hüw» diýýär,
Gije-gündiz «suw» diýýär. *(Kündük)*

Bir tahýam bar,
Eleme-deşik,
Başyma geýsem,
Hup ýaraşyk. *(Uýan)*

Bir ýüzünde nagşy görner,
Gara öýe ýagşy görner. *(Çuwal[1])*

Bir zat bar, dişleri köp,
Nan ýapaňda işleri köp. *(Tikeç)*

Bir zat gördüm, ady «düw»,
Içi ot-da, daşy suw. *(Semawar)*

---

[1] Çuwal — öý goşlaryny salmak üçin gara öýüň täriminden asylýan inli, giň, nagyşly, çitme gap.

Biz-ä, biz-ä bizdik,
Biz bir topar gyzdyk,
Bizi-bizi büzdüler,
Birje erşe düzdüler. *(Çykalan gamyş)*

Bizi-bizi büzdüler,
Keçe teýine ýazdylar. *(Keçe gamşy)*

Biziň öýde bir kişi,
Agzynda bar kyrk dişi. *(Horjun)*

Boýy mürrük,
Ini mürrük.
Bolup durşy –
Ýeňil çürrük. *(Suwkädi)*

Çekdim, uýan üzüldi,
O ýan, bu ýan düzüldi.
On iki dilli mäkiýan,
Bir şähere düzüldi. *(Irişme[1])*

Çömpül-çömpül at aşak,
Hem ýokary, hem aşak. *(Guýy we oňa sallanan bedre)*

Çürt-çürt etdi,
Çukura girip gitdi. *(Gulpuň açary)*

Çyn çynar-a çyn çynar,
Çigildem oýnar çyn çynar,

---

[1] Irişme — uýana we kellekä baglanyp, atyň, eşegiň we ş.m. alkymyndan gaýdýan zynjyr.

Çyn çynaryň başynda
Ýaşyl donly gyz otyr.
Oturan ýeri oýujak,
Basan ýeri basganҫak,
Tutan ýeri tutganҫak. *(At we eýer)*

Çyn çynaryň üstünde,
Bir garaguş otyrmyş,
El-aýagyn silkende
Ýapraklaryn dökermiş. *(Päki we saç)*

Darajyk deräň içinde
Gyzyl daýym gygyrýar.
*(Semawaryň turbasyndan çykýan ot-ýalyn)*

Daşdan görsem, oňat zat,
Için görsem, gyzyl ot. *(Kükürt)*

Daş matal,
Gumak matal.
Sepip söker,
Ýaga batar. *(Ýanlygyň pişegi)*

Daşy gap, içi sap. *(Çäýnek)*

Daşy gara, içi ak,
Sapy bar-da, jüründigi ýok. *(Tüňçe)*

Daşy gara, içi ak,
Wakur-wukur, wak-wak. *(Alýumin kündük)*

Daşy garyn, içi ýalyn. *(Peç)*

Daşy sandyk, içi ýandyk. *(Otluçöp)*

Depdim, derege çykdym. *(Merdiwan)*

Dep gapy, demir gapy,
Adam suratly gapy. *(Aýna)*

Depejik üstünde tilkijik oýnar. *(Päki)*

Derýaň ortasynda guş otyr,
Guýrugy kenarynda ýatyr. *(Okara, çemçe)*

Dişlemeýär, üýrmeýär,
Öýe kişi goýbermeýär. *(Gulp)*

Dogry üstünde ogry otyr. *(Stol çyrasy)*

Dolama gazyk,
Düýrme don. *( Düýrlenip goýlan keçe gamyş)*

Dört aýagy bar, dişi ýok. *(Telär)*

Dört börüg-ä, dört börük,
Dördüsi-de gök börük. *(Ýorganyň dört burçy)*

Dört çüňkli gala,
Içinde bela. *(Otluçöp)*

Dört doganyň bir telpegi bar. *(Oturgyç)*

Dört doganyň bir ýorgany bar. *(Krowat)*

Dulda doňuz kellesi. *(Golça)*

Düňk kempir,
Düňelek kempir,
Nirä barsa,
Eziz kempir. *(Çäýnek)*

Egrijesinden tutdugym,
Agzyna derman atdygym. *(Çäýnek)*

El astynda otyr,
Çagyryp getir. *(Kündük)*

Eli agzynda,
Sakaly syrtynda. *(Torba)*

Elsiz-aýaksyz, köýnek geýer. *(Ýassyk)*

Emir bolup höküm eýleseň,
Wezir bolup bölüp biýr. *(Gaýçy)*

Emirden-ä emirden,
Ýakan ody kömürden. *(Semawar)*

Enesi ursa, gyzy aglar,
Çöp başy jyza baglar. *(Ýanlyk, pişek)*

Epleseň, epin tutar,
Eplemeseň, sapyn tutar. *(Çakgy)*

Erez-erez,
Boýny bir gez,

Mekgä barmaz,
Pyýada gezmez. *(Kündük)*

Ertekim erte geler,
Oturanda için ýaglar. *(Gazan)*

Esenjik elini serer. *(Meşik)*

Eýi ýetse egilmez,
Suwy ýetse, süýülmez,
Gundagda daşa dönen,
Daşa ursaň, döwülmez. *(Keçe)*

Eýlä otyr, eýjejik,
Beýlä otyr, eýjejik,

Kölegesi kümüşden,
Güler otyr, eýjejik. *(Ýüz görülýän aýna)*
Gapymyzda ganjyk bar,
Güjügini eltmeseň,
Gapydan salmaz. *(Gulp we açary)*

Gara atym garap dur,
Gyzyl atym ýalap dur. *(Gazan, ot)*

Garabaý atdan düşdi,
Oglanlar daşyna üýşdi. *(Gazan)*

Garaja gol içinde,
Daýym aty kişňeýär. *(Gazan we pişme)*

Garaja gol içinde,
Saryja taý helpildär. *(Gazan we çemçe)*

Garaja gol içinde,
Sary ýaglyk ýalpyldar. *(Gazan we çelpek)*

Garaja goluň içinde,
Garaja güjük gygyrýar. *(Gazan, gazawy)*

Garaja han atlandy,
Ýüregim kuwwatlandy,
Oglan-uşak şatlandy. *(Gazan)*

Garaja kürre jyrt atar,
Garnyna ýannak batar. *(Sallançak)*

Garaja oglan böküp otyr,
Ýürek ýagyn döküp otyr. *(Tüňçe)*

Garaja oglan gygyrýar. *(Kitir)*

Gara sygrym garap dur,
Sary sygrym ýalap dur. *(Gazan, ot)*

Gara sopy «huw» diýer,
Daň atýança «suw» diýer. *(Kündük)*

Gara telpekde gyzyl telpek *(Otluçöp)*

Garny ýerde,
Dört aýagy ýokarda. *(Peşehana)*

Garyş ýeri garalan,
Sere ýeri saralan.
Beýle hudaý uranyň,
Süýr depesi ýarylan. *(Kündük)*

Gatlak-gatlak galadyr,
Gatlagyn suw aladyr.
Bir penjejik ot salsaň,
Başyna gaý boladyr. *(Semawar)*

Garry eşek gaňňasy,
Gaýra bakyp durandyr.
Içinde dür dänesi,
Şyňňyl atyp durandyr. *(Ýanlyk, pişek[1])*

Geň galmaly bir it bar,
Aýagy ýok, ýörmeýär.
Şol itden rugsatsyz,
Adam öýe girmeýär. *(Gulp)*

Gerilgi ýüpde batlanar,
Galapyn ýerde ýatlanar. *(Sallançak)*

Gezeginiň başynda,
Gelene salam berip dur. *(Gamçy)*

Gidende gysyr,
Gaýdanda bogaz. *(Gowa[2])*

---

[1] Pişek — atanak agaja dikleýin sap berkidilen, ýanlyk ýaýylýan agaç gural.

[2] Gowa — guýudan suw çekmek üçin ulanylýan, gönden we ş.m. berk zatdan edilen gap.

Gider-geler, ýol önmez. *(Sallançak)*

Gider-geler, iki ýana yranar,
Sapy ýerde süýrener. *(Sallançak)*

Gije bike, gündiz gyrnak. *(Ýorgan)*

Gije bogaz, gündiz gysyr. *(Ýorgan)*

Gije doly, gündiz boş. *(Ýorgan)*

Gije-gündiz bir ýola
Towlap goýsak, bes ony,
Gymmatly wagtymyzy,
Ölçäp durar her güni. *(Sagat)*
Gije – hyzmatda,
Gündiz – rahatda. *(Ýorgan)*

Gijesi hem ýöreýär,
Gündizi hem ýöreýär,
Aý ýöreýär, ýyl ýöreýär,
Bilýäňizmi nirä barýar? *(Sagat)*

Girseň-de, görşer,
Çyksaň-da, görşer. *(Gapynyň tutusy)*

Gollary garadyr,
Reňki sary.
Bilinde üç guşak,
Garadyr tory. *(Argyş çuwal)*

Goly uzyn, düýbi agyr.
Köp göteren bolar ýagyr. *(Argyş çuwal)*

Gorp ýykyldy,
Men dykyldym. *(Ýorgan)*

Goşa, gara göz goşa,
Gözüň ýetir o başa. *(Dürbi)*

Goşa jübüt çatylar,
Düýbüne ýüp atylar,
Kellesinden kesilip,
Demir bilen çapylar. *(Haly)*

Görsem, göwnüm eriser,
Gözlesem, tapylmaz bu eser,
Başy bürenjekli derdeser. *(Gor küýze we çal)*

Gözlemäge görki bar,
Birje demir berki bar. *(Sandyk)*

Gulagy bar, başy ýok,
Gursagy bar, döşi ýok. *(Gazan)*

Gulagy bar, eşidenok. *(Gazan)*

Gurt ýykyldy,
Guýrugy çommaldy. *(Gazan, susak)*

Guýsaň dolmaz. *(Elek)*

Gündiz hatar-hatar,
Gije ýazylyp ýatar. *(Ýorgan-düşek)*

Gündiz öli, gije diri. *(Çyra)*[1]

Güpbi semziň ýagy ýok. *(Howut[2])*

Haly bar-a, haly bar,
Halynyň hyýaly bar.
Uçup barýan guşlaryň,
Aýajygynyň naly bar. *(Namazlyk, onuň nagşy)*

Hasanda jan, Hasanda,
Derýalar ýakasynda,
Guşlarda bir guş gördüm,
Döşleri arkasynda. *(Susak, çemçe)*

Haýbaty özünden uly,
Gahary doldurar öýi. *(Çyra)*

Hem ot derýasy,
Hem suw derýasy. *(Semawar)*

Henewar hena eýledi.
Gör, niçe bent eýledi,
Ýigrimi dört ýyldyzy
Dört aýa bent eýledi. *(Atyň naly we myhy)*

Her öýde bir gyzyl bogdak. *(Küýze)*

---

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Ýarganat» diýlip hem berilýär.
[2] Howut — münmek, ýük urmak üçin düýäniň arkasyna salynýan enjam.

Humur-humur ederdim,
Humurjakda gezerdim,
Gaýa suwun içerdim,
Gaýalarda gezerdim. *(Ýanlyk we pişek)*

Içinde adam ýatmaýar,
Suwa salsam batmaýar,
Öýe gerek zatlary
Aman-ýesen saklaýar. *(Agaç sandyk)*

Iki agaçdan asylar,
Bir çagadan basylar. *(Sallançak)*

Iki agyz-da, on gözli. *(Çäýnek)*

Iki elinden tutsam,
Menden öňde gider. *(Galtak)*

Iki goşa göz,
Goşa gözi ýetir obama. *(Dürbi)*

Il ýatsa-da, Bikejik ýatmaz. *(Kündük)*

Indi eýlär-ä, indi eýlär,
Indi ýene näni eýlär?
Dört aýy ýigrimi dört güne bent eýlär. *(Atyň naly we myhy)*

Iki öre[1], çäksiz diş. *(Üzeňňi[2])*

---

[1] Öre — sütün.
[2] Üzeňňi — merdiwan.

Ilerden gelýän allap,
Dört aýagyn allap,
Tapan-tupanyn ýalmap,
Bir gelin bilen gyz gelýär. *(Haly we palas)*

Işigimiziň düýbünde,
Bilin bogup,
Bir kempir ýatyr. *(Sübse)*

Jahanda bir aždarha bukup ýatar,
Oýadan öz janyna kaza tapar. *(Gapan)*

Jansyz çapar, janly urar. *(Palta)*

Kekejiň üstüne tekejik müner. *(Päki)*

Kä bogazdyr, kä gysyrdyr,
Içinde ýalmawuz horaz bardyr. *(Ojakda ot ýanyp duran öý)*

Kiçijik esbap – demirden,
Gandy görse gemirgen *(Gant döwgüç)*

Kiçijik oglan dagdan odun düşürýär. *(Päki)*

Kiçijik tamdan gar ýagar. *(Elek, un)*

Köne atym ölüp ýatyr,
Elin-golun serip ýatyr. *(Sanaç)*

Kül üstünde küýküjik,
Burny uzyn tilkijik. *(Kündük)*

Mataljygym man eken.
Dyrnajygy on eken.
Dilewar-a, dilewar,
Dil üstüniň meňi bar. *(Gapan)*

Men barýardym hol baýak,
Elimde ýylgyn taýak.
Bir ajaýyp zat gördüm,
Bir kellede müň gulak. *(Ýüň darak)*

Meniň bir gelnim bar,
Günde üç ýola aglaýar.
Oglanlaryn daşyna ýygnap,
Keýpini kän çaglaýar. (*Semawar)*

Meniň bir guýym bar,
Içi doly suw-sowuk.
Içinde bir ýylan bar,
Hemişe agzynda ot. *(Çyra)*

Meniň jigim garaja,
Garaja donly töreje.
Geliň, görüň ojakda,
Her dürlüje saçakda. *(Gazan we nahar)*

Molla gelip «jart» okar. *(Açar)*

Oda girse, iňňildär,
Köze kaksaň, saňňyldar. *(Ätişgir)*

Ol derýa, bu derýa,
Düýbi seçekli derýa. *(Aýna)*

Ol oba, bu oba,
Sakgaly gaba. *(Ýüň darak)*

Ol wak, bu wak,
Derýa düşdi kör owlak,
Hem derýa heläk, hem owlak. *(Gübser[1], onda çal ýaýylmagy)*

Oňurgasy oýulan,
Oturmaga laýyk ýonulan. *(Eýer)*

Ortasynyň ýaby bar,
Iki ýany gylawuz[2].
Baş ujundan baryp bolmaz,
Özi onuň ýalmawuz. *(Gama)*

Otly kümäň üstünde,
Gara gaplaň gaýşaryp otyr. *(Ojak bilen gazan)*

Otsuz ýerden ot çykar. *(Çakmak[3])*

Oturasy bar, ady bar,
Haşamlyja zady bar. *(Semawar)*

---

[1] Gübser — geçi derisinden edilýän ýanlyk.

[2] Gylawuz — ýol görkeziji gollanma.

[3] Çakmak — bir-birine sürtüp, ot, uçgun almak üçin ulanylýan daşyň bir görnüşi.

O ýany dag,
Bu ýany dag,
Ortasynda gökje bag. *(Çyra)*

O ýany köçe,
Bu ýany köçe,
Ortasynda molla beçe[1]. *(Tekje we çyra)*

Öýümde bir saky bar,
Durar ojak başynda.
Geregiňi alarsyň,
Oturyp onuň gaşynda. *(Saçak)*

Öýümizde bir myhman otyr,
Telpegi ýanynda ýatyr. *(Gor küýze we daňysy)*

Özi badamça,
Sakgaly adamça. *(Çyra)*

Özi batyr, ýolda ýatar. *(Gapan)*

Pessejik öýden gar ýagar. *(Elek, un)*

Pessejik ýerden gün dogar. *(Çyra)*

Salpy bolsa, süýrener,
Bagyn çekseň, yranar. *(Sallançak)*

---

[1] Beçe — oglan.

Seretdigiň ýüzüne,
Surat düşer gözüňe. *(Aýna)*

Syrty gaba, başy gaba,
Hiňňildewük gara baba. *(Kündük)*

Syrty kül üstünde,
Göwni kap dagynda[1]. *(Gaýnan kündük)*

Şatdany şatda gördüm,
Ony Maşatda gördüm.
Şu matalyň manysyn
Şu gün bir atda gördüm. *(Nal we myh)*

Şeýtanyň şerinde,
Adamyň elinde,
Alty aýagy bar,
Guýrugy bilinde. *(Terezi)*

«Şirp» etdi, şiräp gaçdy,
Gumalagy ýere düşdi. *(Päki, saç)*

Şirt etdim, dagdan aşdym. *(Päki)*

Tak etdi, pak gaçdy,
Iki demir tapyşdy. *(Sandyk)*

Tap etdi, tabak gaçdy,
Iki demir gapyşdy. *(Sandyk)*

[1] Bu matal halk arasynda nakyl hökmünde hem ulanylýar.

Tapmaçanyň özi gara,
Tapmadygyň ýüzi gara. *(Gazan)*

Tap-tapy, demir gapy,
Adam suratly gapy. *(Aýna)*

Tegelek tagta,
Ýapylar pugta. *(Gapan)*

Teýi dört, başy bir. *(Ýanlygyň pişegi)*

Tokgaja sakal öý doldurar. *(Çyra)*

Tur güjügim,
Öýe aýlanyp, ýat güjügim. *(Urgan)*

Tuty diýip saklaýan,
Ýel geçirmez oň özi.
Dünýäni hem görkezýär,
Mata däldir oň özi. *(Aýna)*

Uly agzy bikär,
Kiçi agzy hyzmatkär,
Egrisi el oýkar. *(Kündük)*

Uzyn urruk,
Gysga girrik,
Çymylgan ýassyk,
Gyzyl ussuk. *(Peçiň turbasy, peç, ot)*

Uzyn-uzyn ulaper,
Ujyn tutup duraper.

Tapan tapsyn, tapmadyk
Ýüz müň oba il bersin. *(Keçe)*

Üç aýakly atym bar,
Dürli-dümen otum bar. *(Tagan, aşagyndaky odun)*

Üç aýakly garaja. *(Tagan)*

Üç kişi «galaýyn» diýip otyr,
Gaba sakal kişi
«Dolaýyn» diýip otyr. *(Taganyň aýaklary, gazan)*

Üsti gar, asty ýagyş. *(Elek, un elenýän wagty)*

Ýaldyrap köňlümi bölýär.
Seretsem, özümi görýän. *(Aýna)*

Ýalp etdi, ýapy aşdy. *(Päki)*

Ýaltanman ýatar,
Duýdurman tutar. *(Gapan)*
Ýapynyň ýüzünde dogajyk. *(Ak kündügiň ýüzündäki nagyş)*

Ýasydygy görünmez. *(Meşik)*

Ýasy ýatar, tamy tutar. *(Keçe)*

Ýatsa düşek ýaly,
Tursa köşek ýaly. *(Peşehana)*

Ýatsa, ýandak ýaly,
Tursa, düýe ýaly. *(Peşehana)*

Ýekeje bugdaý içerini doldyr. *(Çyra)*

Ýol üstünde ýogyn aýal. *(Tamdyr)*

Ýol üstünde ýyldyzjyk. *(Işige kakylan çüý)*

Ýol ýatyra, ýol ýatyr,
Ýol üstünde pil ýatyr,
Akja galaň üstünde,
Ybraýym soltan ýatyr. *(Ak kündük we nagşy)*

## VI. ÖÝ WE OŇA DEGIŞLI ZATLAR HAKYNDAKY MATALLAR

«Açyl-açyl» hyzmatkär,
«Ýapyl-ýapyl» hyzmatkär. *(Gara öýuň serpigi)*

Agaçdan bir tor etdim,
Bir-biriniň bendine
Etden saýlap çüý etdim *(Tärim)*

Ala çebiş,
Dula ýapyş. *(Gara öýüň götergi bagy)*

Altmyş kempir ýer dişlär. *(Gara öýüň tärimi)*

Altyn apba,
Kümüş gupba,
Tes-tegelek,
Gara lapba. *(Gara öý)*

Aňry ýortar garaja at,
Bäri ýortar garaja at.
Kap dagynyň suwuny
Dannap içer garaja at. *(Gara öýüň serpik bagy)*

Apbas Apbasy götär,
Apbas ogluny götär.
Ogly telpegni götär.
Telpegi galpagny götär. *(Gara öýüň tärimleri, uklary, tüýnügi, serpigi)*

Arpyjak, kerpijek
Ýygnasaň, bir gujak. *(Tärim)*

Atasy oglunyň telpegini geýip dur. *(Gara öý, tüýnük)*

Bäş at bir aty basyp dur. *(Gara öýüň işigi)*

Bir at aldym heňňele,
Mündüm üstüne gommala. *(Gara öýüň gamşy)*

Bir at aldym segsene,
Segsen ýerniň bagy bar.
Bir gulagy çürt kesik,
Bir gözü sümme sokur,
Bir gözüniň agy bar. *(Gara öýüň ýüpi we olaňy)*

Bir gapyda goşa eňsi[1]. *(Gabsa[2])*

Biri hassa ýatyr,
Ikisi sorap otyr. *( Bosaga, işik)*

---

[1] Eňsi — sowuk girmezlik üçin öýuň gapysyna tutulýan kişiräk haly, palas.

[2] Gabsa — gara öýüň, jaýyň açylyp-ýapylýan agaçdan goşa gapysy. Gabsa jaýyň aýnasynyň öňünde hem goýulýar.

Bir tegelek telpegi,
Dört ýanynda gulpagy. *(Gara öýüň serpigi we serpik bagy)*

Biz-ä bildik bizzäni,
Ussalar ýasar çyzzany,
On batman köýnek-dyzzany[1],
Ýarym batman telpegi bar. *(Gara öýüň eşigi)*

Bizi-bizi büzdüler,
Bizi ýüpe düzdüler,
Biz bir otagaly gyzdyk,
Otagamyzy üzdüler. *(Öý gamşy)*

Çyndym guş-a, çyndym guş,
Gaty ýere gondum guş,
Ganatymy ýaýdym guş. *(Gara öý)*

Dag üstünde dört çybyk,
Dördüsi-de deň çybyk. *(Gara öýüň tüýnüginiň çybyklary)*

Daşdan görsem,
Gaba söwüt.
Ýanyna barsam,
Ýalmap ýuwut. *(Gara öý)*

Dolama-dolama donum bar,
Dolananym dosty gördi. *(Düzi[2])*

Dört agaçdan derwezeli,
Elli iki ýeriniň gabagy bar.

---

[1] Dyzzan — balak.
[2] Düzi — uklar gyşarmazlygy üçin ulanylýan ýasy dokama ýüp.

Kyrk sekiz ýerinden çüýlengi,
Süýr başynyň tabagy bar. *(Gara öý)*

Dört dogam bar depämde,
Görünmeýär ýapamda. *(Gara öýüň tüýnügi)*

Dört dogan bir-birine bakyşar. *(Otagyň burçlary)*

Düýrülse – ýassyk,
Ýazylsa – don. *(Gara oýüň gamşy)*

Egilmezem, bükülmezem,
Hana salam bermezem. *(Gapy)*

Erkijigim, erkijigim,
Ýygyp düýrsem,
Bir gujagym. *(Tärim)*

Ertir açylar, agşam ýapylar. *(Gara öýüň serpigi)*

Gapyrgadyr, süňklüdir,
Daşy gaýym ýüplüdir,
Başynda gara telpek,
Üsti hem börüklidir. *(Gara öý bilen serpigi)*

Garry düýäm gaharda,
Burunlygy şäherde. *(Gara öýüň serpigi)*

Gider leglek,
Geler leglek.
Ýol üstünde
Durar leglek. *(Gapy)*

Güjügime «Ýit!» diýdim,
«Agşam gelip ýat» diýdim. *(Gara öýüň serpigi)*

Hüpili jan hüpüli
Agzy gyzyl gapyly.
Segsen sekiz diregli,
Togsan dokuz gapyly. *(Öý we onuň ugy, tärimi)*

Iki uly öküz.
Dört kiçi öküz,
Janym biziň gara öküz. *(Gara öýüň üzügi[1], durlugy[2], gara öý).*
Iki ýatak ulaşar. *(Üzük)*

Kör düýe öýüň daşyndan aýlanar. *(Öýüň kölegesi)*

Kyrk gysrak bir guýudan suw içer. *(Gara öýüň uklary)*

Onda boldum, o boldum,
Munda geldim, bu boldum,
Bili bagly gul boldum. *(Öý gamşy)*

Öý daşynda ýarty ýalak. *(Öýüň kölegesi)*

Öýümiziň üsti dört çybyk. *(Serpigiň dört bagy)*

Özi içerde, sakgaly daşarda. *(Tamyň çykyp duran pürsi)*

---

[1] Üzük — gara öýüň ugynyň tutuş üstüne ýapylýan keçe.
[2] Durluk — gara öýüň täriminiň daşyna aýlanýan keçe görnüşli örtgi.

Pessejik dagdan ätlarler,
Gyş düşende ýatlarlar. *(Germeç[1])*

Sakar atym sarkyp dur,
Art aýagyn kakyp dur. *(Işik, eňsi)*

Tegelendi telpegi,
Dört ýanynda gulpagy. *(Gara öýüň tüýnügi, serpik bagy)*

Togalak dagyň başynda,
Dört çybygym oýnaýar. *(Serpigiň dört bagy)*

Top ýigidim gaýkaryp,
Gara dagy saklap dur.

Gara dagym gam iýmän,
Barysyny gorap dur. *(Gara öýüň uklary, tüýnügi)*

Ussalar ýasar tizden,
On batman köýnek-dyzzan,
Ýarym batman telpek bizden. *(Gara öý)*

Uzyn-uzyn uzanar,
Wagtal-wagtal bezener. *(Gara öýüň tärimi)*

Ýaltanýan-a turmaga,
Dört agajy germäge,
Guwanç ogly Gurban-a,
Gygyryp çykdy asmana. *(Gara öý)*

---

[1] Germeç — gara öýuň gapysynyň aşak çetine germelýän agaç.

Ýerden örkli,
Keçeden gaply. *(Gara öý)*

Ýokardan allap geler,
Iki elin sallap geler. *(Tüýnük ýüp)*

## VII. AZYK ÖNÜMLERI, IÝILÝÄN-IÇILÝÄN ZATLAR HAKYNDAKY MATALLAR

Ak atamyň agzy bitik. *(Ýumurtga)*

Ak deňiz üstünde ak gaýyk. *(Süýt we gaýmak)*

— Ak guş, ak guş,
Nireden gelýäň?
— Ganly derýadan gelýän.
Ganyň, kokuň bolmasa?
Ýaradan Alladan gelýän. *(Içege, içýag)*

Akja guzym suwa çozar. *(Tüwi, palaw bişirlende tüwiniň gazana salynýan pursady)*

Akja kümmez, agzy ýok. *(Ýumurtga)*

Ak öýüň işigi hem ýok,
Deşigi hem ýok. *(Ýumurtga)*

Ak togalak jamjagaz,
Içi doly ganjagaz. *(Ýumurtga)*

Aňyrsy – gaýa,
Bärsi – gaýa,
Ortarasy – sary maýa. *(Ýumurtga)*

Bir gap un,
Içinde sütün. *(Igde)*

Bir golçada iki hili ýag. *(Ýumurtga)*

Bir guýudan kyrk goýun suw içer. *(Börek)*

Birje matal aýdaýyn,
Içiň ýakar, aýdaýyn,
Dişiň döker, aýdaýyn.
Üsti buzlap dursa-da,
Agzyň ýakar, aýdaýyn. *(Mäşewe)*

Bir käseden iki dürli suw içdim. *(Ýumurtga)*

Bir küýzede iki tagam. *(Ýumurtga)*

Bir küýzede iki suw,
Günde getirip berer. *(Ýumurtga, towuk)*

Bir sereje boýy bar,
Daraýydan dony bar *(Igde)*

Bir tutam, belli tutam,
Gemireýin diýseň, aýdaýyn. *(Goýnuň bişen aýagy)*

Bir zadym bar, aradan
Hakdyr muny ýaradan.

Bir küýzede iki suw,
Ýary ak, ýary sarydan. *(Ýumurtga)*

Bişirseň aş bolar,
Bişirmeseň guş bolar. *(Ýumurtga)*

Bişse, darka ýarylar,
Dilim-dilim seriler. *(Gawun, kak)*

Buýra-buýra buýrasy,
Buýra soltan eýesi,
Buýrasyndan tutdurmady.
Keýki soltan eýesi. *(Unaş)*

Çabytlyja, çaryklyja,
Han ýanynda arkalyja. *(Tüwi)*

Çekdim uýan üzüldi,
O ýan, bu ýan düzüldi.
On iki sany gyzyl düwme,
Bir kerwene düzüldi. *(Igde)*

Çuňňulja guýyň içinde,
Çürje gulak gygyrýar.
*(Pişme we onuň gazandaky bişýän pursady)*

Çypyrtma gazanda tüwi gaýnar. *(Nar)*

Daş içinde aş bar,
Aş içinde daş bar *(Daş tabakdaky etli-süňkli nahar)*

Daşy gan dek,
Içi un dek,
Oturşy Abdylla han dek. *(Igde)*

Daşy gan ýaly,
Içi un ýaly. *(Igde)*

Daşy gyzyl, içi ak,
Ortasy bir taýak. *(Igde)*

Derýa ýüzünde parça. *(Börek)*

Dilim-dilim tasmalar,
Içiberse hassalar
Iki günde sagalar. *(Unaş)*

Duzsuz bişen aş gördüm,
Tos-togalak daş gördüm. *(Gawun)*

Düwdüm, guýa taşladym. *(Börek)*

Düýn öýlän bir guş gördüm,
Duzsuz bişen aş gördüm. *(Gowurga)*

Egri-bugry gök çybyk,
Oňa ýapyşan ak pamyk. *(Malyň içegesi, içýagy)*

Ejem içerde, saçy daşarda. *(Kösük)*[1]

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Käşir», «Mekgejöwen» diýilip gelýän nusgalary hem bar.

Ekiniňi ýaş gördüm,
Duszuz bişen aş gördüm. *(Semeni[1])*

Etinden kebap bolmaz,
Ganyndan käse dolmaz. *(Nar)*

— Eý, agalar, nirden gelýäň?
— Gumly depeden gelýän.
— Hany seniň ganyň-kokuň?
— Taňry ýaradandan gelýän. *(Goýnuň içýagy)*

Gatlak-gatlak ýapylar,
Bir oňatja epiler. *(Çelpek)*

Gazana salyp gaýnatdym,
Saçaga salyp guratdym,
Urup-urup saňsar etdim.
Iýer ýaly tap-taň etdim. *(Sök[2])*

Gazyk üstünde gar durmaz. *(Ýumurtga)*

Gök atym guýa batdy,
Gulaklary üste galkdy. *(Börek)*

Gumluk ýerde gaz oýnar. *(Patrak)*

Gysgajyk boýluja,
Daşy donluja. *(Kemput)*

---

[1] Semeni — baharda ýörite suw sepelenip, öýde gögerdilen bugdaýyň ak baldagy döwlüp gaýnadylýan tagam.

[2] Sök — daryny döwüp, gabygyny aýryp, gaýnadyp taýýarlanýan iýmit.

Gyzgyn gol içinde
Sary ýaglyk ýalpyldar. *(Gazan, çelpek)*

Iki suwy çaýkasaň-da, gatyşmaz. *(Ýumurtga)*

Kelte boýly, gyzyl donly,
Ak köýnekli bir ýigit. *(Igde)*

Likir-likir likdigim,
Likirdikde ýatdygym,
Altmyş gala aldygym,
Ýetmiş gala gapdygym. *(Unaş)*

Magam-magam magamdyr,
Magam meniň agamdyr.
Bir küýzede iki suw,
Her biri bir tagamdyr. *(Ýumurtga)*

Matalym matdy,
Gazana salsam,
Serrelip ýatdy. *(Börek)*

Men bir matal aýdaýyn,
Dilden öter aýdaýyn,
Damak tutar aýdaýyn. *(Talhan[1])*

Meýdanlarda ak otag,
Agzy burny ýok otag. *(Ýumurtga)*

---

[1] Talhan — gowrulan däneden un edilip, oňa şeker we ş.m. tagamly zatlar garylyp taýýarlanylýan iýmit.

Nahara atsaň ony,
Sessiz agladar seni. *(Burç)*

Özi bir kiçijik,
Içi doly jykgajyk. *(Nar)*

Reňki ap-ak, suwujak,
Suwdan sähel goýujyk.
Bir gije dursa özi
Çertek kimin baglar ýüzi. *(Süýt)*

Salkymy bar,
Üzüm däldir,
Şänigi bar,
Igde däldir,
Ýarygy bar,
Bugdaý däldir. *(Hurma)*

Sandykça, içi doly myhça. *(Nar)*

Suwda biter,
Suwda ýiter. *(Duz)*

Suwukdyr, suw däldir,
Akdyr, gar däldir. *(Süýt)*

Takyrjak ýerde gaz oýnar,
Köp oýnamaz, az oýnar. *(Patrak)*

Tes-tegelek etdigim,
Çybygyndan kesdigim. *(Unaş)*

Teşe degip ýonulmadyk,
Degirmende üwelmedik,
Iňňe bilen tikilmedik. *(Igde)*

Til-til,
Arkasyndan tasma dil,
Men gidelim on iki ýyl,
Hetdiň bolsa şony bil. *(Unaş)*

Tygyr-tygyr etdigim,
Digirdedip gitdigim.

Segsen çybyk gyýdygym,
Segsen ýyllap iýdigim. *(Unaş)*

Ýemeni ýemen eken,
Ýemenden agaç gelen eken,
Gözbaşy halal onuň,
Eti  oň haram eken. *(Çaý, şemme)*

Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany,
Ýerden bir oglan çykdy,
Uly iliň soltany. *(Bugdaý[1])*

Ýumurdygym gyzylja
Jüýjesiniň sany ýok. *(Nar)*

---

[1] Bu matalyň ikinji setiriniň «Ýerden aldym haltany» diýip gelýän nusgasy hem bolup, onuň jogaby «Duz» diýlip berilýär.

Ýumurtgajyk, ýumurtgajyk,
Içinde köpdür dogajyk. *(Nar, naryň dänesi)*

Ýum ýumrugym, ýumasy içinde,
Kyrk sany düwmesi içinde. *(Nar)*

## VIII. GEÝIM-GEJIM WE AÝAKGAP HAKYNDAKY MATALLAR

Aýagy ýok, eli bar,
Başy ýok, ini bar. *(Köýnek)*

Aýak bassam içine,
Elin aýlar daşyna. *(Çaryk we onuň baglary)*

Başaşak goýsaň,
Içi dolar.
Ýokaryk goýsaň,
Içi boş galar. *(Telpek)*

Başymdaky bagymdyr,
Menden uly agamdyr. *(Telpek)*

Bäş barmagy bar, dyrnagy ýok. *(Ellik)*

Bir zadym bar,
Ertir gider, agşam geler,
Içegesini çykarar. *(Çaryk we bagy)*

Çöwüp depseň içine,
Elin aýlar daşyna. *(Çaryk we onuň baglary)*

Dyz boýy çukurjyk.
Aýagym batdy gitdi. *(Ädik)*

Ertir turdum,
Iki aýry ýola düşdüm. *(Balak)*

Garaňky içerde garny ýaryk gul ýatyr. *(Köwüş)*

Gezer-gezer,
Gije içegesini
Içine salyp ýatar. *(Çaryk we baglary)*

Gije gysyr, gündiz bogaz. *(Köýnek, don)*

Gündiz ýörär, agzy ýumuk,
Gije ýatar, agzy açyk. *(Köwüş)*

Hamy daşynda, tüýi içinde. *(Içmek)*

Öňi bar-da, yzy ýok. *(Papak)*

Özleri dost,
Iki ýigit.
Boýy dyzdan,
Galmaz bizden.
Gorar bizi
Gardan, buzdan. *(Ädik)*

Pökgi semiz ýagy ýok,
Damagyn çalsam, gany ýok. *(Içmek)*

Uly ýol üçe bölünýär. *(Köýnek, ýaka we iki ýeň)*

# IX. HAÝWANLAR, GUŞLAR WE MÖR-MÖJEKLER HAKYNDAKY MATALLAR

Agy – ak,
Garasy – gara,
Guýrugy – garyş sere. *(Alahekek)*

Agy bardyr,
Garry däldir.
Garasy bar,
Ýigit däldir.
Başy darakly,
Gyz däldir,
Burny simden[1]
Sary gyz. *(Hüýpüpik)*

Agzy gyzyl begzada,
Dag aşanyn kim biler? *(Kebelek)*

Alty aýakly, diri maslyk. *(Jykjyk[2])*

---

[1] Sim — kümüş.
[2] Jykjyk — tomzaklar maşgalasyndan bolan, tomzaga meňzeş kiçiräjik möjejik.

Aňry sallan,
Bäri sallan,
Toty köýnek,
Ýeňi sallan. *(Düýäniň guýrugy[1])*

Aňyrsy tiken,
Bärsi tiken.
Nirä gitjek?
Ýoluň tiken. *(Kirpi)*

Asmandan gelýär allap,
Dört aýagyn sallap,
Düşjek ýerini belläp. *(Tomzak)*

Asty daş,
Üsti daş,
Dört aýak-da, bir baş. *(Pyşdyl)*

Asty gaty,
Üsti gaty,
Ortasynda – haram eti. *(Pyşdyl)*

Asty geçi,
Üsti keýik,
Burny sim. *(Bagyrtlak[2])*

Asty goýun,
Üsti geçi,

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Sallançak» bolup gelýän nusgasy hem bar.

[2] Bagyrtlak — döşüni ýere berip ýapyrylyp ýatýan, petekesiniň aşagy garaja guş.

Burny polat,
Guýrugy gaýçy. *(Garlawaç)*

Asty goýun,
Üsti ýolbars.
Aýagy ýok,
Öwrülip bakar. *(Ýylan)*

Aşyk ilden ýokary,
Şana dilden ýokary.
Guşlarda bir guş gördüm,
Dyzy bilden ýokary. *(Çekirtge)*

Atasy syçan, enesi guş. *(Ýarganat)*

Aty astynda,
Tanapy üstünde. *(Düşdüş)*

Atym atdyr, bedew atdyr,
Arpa bersem, iýmezek,
Çörek bersem, doýmazak. *(Ýaggarynja)*

Atym atdyr,
Bedew atdyr,
Dişi ýokdur,
Dişlewükdir. *(Garynja)*
Aýagy agzyndan beter,
Awusy janyndan öter. *(Büre)*

Aýagy bar, at däldir,
Ysyrganar, it däldir,
Dört gözli, döw däldir

Guýy gazar, syçan däldir.
Çommalar, adam däldir,
Alty aýakly, algyr däldir,
Garadyr, garga däldir,
Ganatlydyr, guş däldir. *(Tomzak)*

Aýagy çarşak, gözi gedaý. *(Towuk)*

Aýagy inçe,
Guýrugy uzynja,
Boýny ýaşyl,
Reňki alaja. *(Geçiguş)*

Aýagy kätmen,
Syrty batman. *(Ataýry[1])*

Başy bar-da, saçy ýok,
Gözi bar-da, gaşy ýok. *(Balyk)*

Başy darak,
Guýrugy orak. *(Horaz)*

Başy gözsüz,
Öldürseň, gansyz,
Bedeni süňksüz,
Özbaşyna öý eder. *(Ýüpek gurçugy)*

Bedre-bedre bessejik,
Içinde gül dessejik.,

---

[1] Ataýry — mör-möjekler toparyna girýän, möýe meňzeş, zäherli, reňki sary möjek.

Haýwan kimin otlar ol,
Suw içmez neressejik. *(Ýüpek gurçugy)*

Bili-bili bürek at,
Bili inçe küreň at,
Daga-daşa degmez at,
Dalagy degse, ölmez at. *(Garynja)*

Bir derä girdim,
Dogry agaç tapmadym. *(Geçiniň şahy)*

Bir guş tutdum,
Jany ýok.
Kellesini kesseň,
Gany ýok. *(Kebelek)*

Bir haýwan bar, çölde gezer
Ejizleriň etin iýer. *(Möjek)*

Birje tazym ýortagan,
Çuwal, torba ýyrtagan. *(Syçan)*

Bir kesewi bilen iki tamdyr ölçerýän. *(Sygryň dili)*

Bir lap-lap,
Kerki saplak,
Dört tyk-tyk,
Bir bulawaç. *(Düýe)*

Bir molla bar – bisünnet,
Hem parz okar, hem sünnet. *(Horaz)*

Bir zadym  bar,
Gül diýseň, gülýär,
Gürle diýseň, gürleýär,
Öýkün diýseň öýkünýär. *(Maýmyn)*

Bir zadym bar, tyz-tyz eder,
Ýyly ýerde myr-myr eder. *(Pişik)*

Boýuna deňäp don biçseň,
Kelte geler boýuna.
Jahana pişme seçende
Hiç kim barmaz toýuna. *(Düýe  halygy[1], gumalagy)*

Buz gyradyr, buz gyra,
Buz gyra soltan eýesi,
Çekgesinden tutdurmaz,
Keýki soltan eýesi. *(Ýylan)*

Buz üsti bülküldik,
Burma gara silkildik,
Muny tapan Abdybek,
Burunlygy ak ýüpek. *(Gamyşly köldäki balyk)*

Çekişikdir derisi,
Dört aýagyn gerişi. *(Gurbaga)*

Çil-çil atym, çil atym,
Müllänini kim biler?!

[1] Halyk — düýäniň howudynyň üstüni örtmek üçin ýörite bezeg ýapysy.

Ýedi saraý içinde.
Gulunlanny kim biler. *(Syçan)*

Çit köýnekli gyňyr gul. *(Zemzen)*

Çuwal ardynda ýagly ýumak. *(Syçan)*

«Çy-çy» eder, çybyga gonar,
«Dun-dun» eder, doga eder,
Altyn gaşly, äleme başly,
Ony bilen ýüz ýaşly. *(Balary)*

Çygyr[1] ýerde goýun gezer. *(Garynja)*

Çykyp gitdi bir azy,
Syrtyndadyr mykrazy[2]. *(Garlawaç)*

Çypar donuň astynda,
Gyzyl donly gyz ýatyr. *(Tilki)*

Dagdan iner dal kimin,
Butlary bogdak kimin.
Egilip suw içip bilmez,
Çekirär owlak kimin. *(Gurbaga)*

Dagyň gary,
Bagyň nary,

---

[1] Çygyr — belli bir çäk, serhet diýen manyda.
[2] Mykraz — sakal-murt bejerilýän kiçijik gaýçy.

Atasynyň ogly,
Enesiniň äri. *(Horaz)*

Daşdan görsem, bir ýüp,
Ýanyna gelsem, müň ýüp. *(Atyň guýrugy)*

Däne görse kastynda,
Mydam haltaň astynda. *(Syçan)*

Däne tapsa, «gyk-gyk» eder,
Kesek salsaň, «wak-wak» eder. *(Towuk)*

Diriden öli dogar,
Öliden diri çykar. *(Towuk, ýumurtga, jüýje)*

Dört adam barýar,
Sakaly gaýrak. *(At aýagy we sekili)*

Dört aýakly,
Düýeden güýçli. *(Pil)*

Dört bulawaç,
Iki tiň-tiň. *(Düýäniň aýaklary, gulaklary)*

Dört burçly sandygym,
Agdarsamam, dökülmez,
Düňdersemem, dökülmez. *(Sygyryň emjegi)*

Dört çapar,
Birin açar,
Birin ýapar. *(At, atyň dört aýagy)*

Dört el köke ýapar,
Agyzy ýandak çapar. *(Düýe,  aýak yzlary, onuň ýandak iýmegi)*

Dört guluň sakaly gaýrak. *(Atyň aýaklarynyň çokullary)*

Dört aýal nan ýapyp dur,
Biri ýagyrna depip dur. *(Sygryň dört aýagy we guýrugy)*

Dört mergen bir guýa ok atar. *(Sygyr sagmak)*

Dört okaram tap-da tap,
Birin aç-da, birin ýap. *(At toýnagy)*

Dört sütünli gapymyz,
Nätanşy geçirmez. *(It)*

Dört taýagy bar,
Uzyn gamçysy bar,
Dört bulagy bar,
Goşa naýçasy bar,
Adama peýdasy bar. *(Sygryň aýaklary, guýrugy, emjegi, şahy)*

Dünýäde ähli zadyň ady bar,
Bir zadyň ady ýok. *(Pişigiň çagasy)*

Düşegiň aşagynda dört bogursak. *(Sygryň emjekleri)*

Düşek astynda oýnam pişme. *(Düýäniň emjegi)*

Düýbi bir, sapagy müň. *(Atyň guýrugy)*

Düýe dyz,
Garynja yz,
Doňuz boýun. *(Çekirtge)*

Dyrnaý-dyrnaý dyrnalar,
Bag güllände ýorgalar.

Eti haram, çorbasy halal
Biliň, muny çagalar. *(Balary)*

Elek elär,
Egri basar,
Maňlaýy tüňňi,
Gözi ýeser. *(Aýy)*

Elinde oragy,
Syrtynda çöregi. *(Tomzak)*

Entden-ä, mentden,
Sesi geler kentden.
Sakaly etden,
Burny polatdan. *(Horaz)*

Ertekim erte bolar,
Guýrugy kelte bolar. *(Towuk)*

Ertir gider Leýli han,
Agşam geler Leýli han.
Dürli-dürli çöplerden,
Düwme ýasar Leýli han. *(Düýe)*

Ertir gider şämälik,
Agşam geler şämälik.
Dürli-dürli otlardan,
Düwme ýasar şämälik. *(Goýun we gumalagy)*

Eý, Hudaýyň buýrugy,
Arkasynda guýrugy,
Jansyzdan janly dogar,
Ol-da Hudaý buýrugy. *(Towuk, ýumurtga, jüýje)*

Ägi[1] bar-da, tikini ýok. *(Ala sygyr)*

Äri geýer gyzyl elwan,
Aýaly hem ak juwan. *(Sülgün)*

Gamyş ýükli gara erkek. *(Kirpi)*

Ganaty bar, guş däldir,
Suw düýbünde daş däldir. *(Balyk)*

Gany ýok-da, jany bar. *(Garynja)*

Garaja oglan guýy gazar. *(Tomzak)*

Garaja oglan günde bazara gider. *(Garynja)*

Garaja oglan hoz oýnar,
Gyş oýnamaz, ýaz oýnar. *(Tomzak)*

---

[1] Äk — gyra, çäk.

Garaja popuş,
Çuwala ýapyş. *(Siňek)*

Garakçy men, çapar men,
Ysyrganyp tapar men.
Iki towsup, bir böküp,
Öz awumy gapar men. *(Möjek)*

Garaklary ýiti otdan,
Ýüregi jöwher polatdan. *(Möjek)*

Gara öýe gar ýokmaz. *(Itiň burny)*

Garny bar-da, erni ýok. *(Siňek)*

Garynja kimin garaly baş döredi,
Eginni deňläp, goşun tutup ýöredi.
Sarsgynyndan otlar-çöpler gurady,
Orakjasyn dişläp gelýän ol näme? *(Çekirtge)*

Gaýadan gamyş sallanar. *(Düýäniň guýrugy)*

Gaýradan gelýän alaň dek,
Gözleri şa peleň dek,
Ýaýraýyşy ýylky dek,
Çommalyşy tilki dek. *(Çekirtge)*

Gaýradan gelýän alaýhan,
Guýrujagy bulaýhan,
Hekgil-hükgül aýakly,
Segsen dürli taýakly. *(Oklukirpi)*

Gaýradan gelýän al peri,
Gulaklary ýel peri.
Gaýnar onuň garagy,
Demirdendir ýüregi. *(Möjek)*

Gaýradan gelýän arap han,
Aýagy gülli jorap han,
Salmaň ony öýňüze,
Öýüňizi haraplar. *(Doňuz)*

Gaýradan gelýän gök eşek,
Üsti ýaşyl epmeli,
Epme kümüş eýerli. *(Gök çekirtge)*

Gaýradan gelýän hök-hök,
Boýny uzyn, gözi gök,
Baý-baý, onuň parlaýşyny
Parsy bolup sözläýşini. *(Durna)*[1]

Gaýradan gelýän kyrk eşekli,
Çatda-çatda ýol ýörär.
Üsti bökderi ýükli,
Bökderi bilen ýorgalar. *(Çekirtge)*

Gider-gider, nar gider,
Asta gider, bar gider,

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Gögeýin», käbir nusgada «Dutar» diýlip berilýär.

Guşlarda bir guş gördüm,
Ýedi ýyl bogaz gider. *(Gotan[1])*

Gije-gündiz uça bilmez,
Aýagy ýokdur onuň.
Biwagt  ryzkyn awlar,
Ýelegi ýok ganatynyň. *(Ýarganat)*

Gorp ýykyldy,
Ýandak asyldy. *(Teneçir)*

Gök atyma münüp bolmaz,
Ala gamçym düwüp bolmaz. *(Ýolbars, ýylan)*

Gözi mawy,
Toýnagy awy. *(Pişik)*

Gulagym otdan gyzyl,
Ädigim etden gyzyl. *(Sakyrtga)*

Gül üstünde owadan gyz aýdym aýdar. *(Bilbil)*

Gündiz agzy dynmaz,
Gije eňegi dynmaz. *(Sygryň otlamagy, gäwişemegi)*

Gündiz ýatyp, gije gezer,
Garaňkyda gözi görer. *(Ýarganat)*

---

[1] Gotan — alkymy holtumly, uzyn çüňkli, suwly yerlerde ýaşaýan uly ak guş.

Gür tokaýyň içinde
Bili bagly oglan gezer. *(Çybyn)*

Gyl-gyla baý guzlady,
Gaty sümek getirdi.
Gaty sümek guzlady,
Gyl-gyla baý getirdi. *(Towuk, ýumurtga, jüýje)*

Gyrdan gelýän kyrk eşek,
Hytda-hytda ýorgalar.
Üsti ýaşyl egmeli,
Egme kümüş eýerli. *(Hozanak[1])*

Gyzyl gülüň teýinde,
Gyzlargül ejem otyr. *(Sülgün)*

Gyzyl-gyzyl çykyndyk,
Gyrdan aşsa kim biljek. *(Kebelek)*

Gyzyl-gyzyl garyndy,
Gyr aşanyn bilmedim.
Rejeli, agzybir
Dag aşanyn bilmedim. *(Çekirtge)*

Gyzyl-gyzyl gyranym,
Gyr aşanyn kim biler?
Gyzyl ýüzli bagdadym,
Dag aşanyn kim biler? *(Kebelek)*

---

[1] Hozanak — üsti akja menekler bilen örtülen garamtyl ýaşyl ganatly, tomzaga meňzeş hazzyldap uçýan möjejik.

Gyzyl meýdanda gyzaryp otyr,
Daramaga daragy ýok,
Dazzaryp otyr. *(Horaz)*

Hažžygy haja gitdi,
Bilmedim küjä gitdi,
Bir ýumurtgaň içinden,
Kyrk-elli jüýje çykdy. *(Garynja, garynjanyň hini)*

Hasa kör-ä, hasa kör,
Samandan böwrek ýasar. *(Eşek)*

Hasyndadyr hasynda,
Derýalar ýakasynda.
Guşlarda bir guş gördüm,
Döşleri arkasynda. *(Leňňeç)*

Haý, atym, haý-haý atym,
Ala jully taý atym,
Arpa bersem iýenok,
Suwsuz ýerde gezenok. *(Gurbaga)*

Haý, atym, haý-haý, atym,
Bili inçe haý, atym,
Öz rysgynyň yzynda
Dag-daşdan taýmaz atym. *(Atgarynja)*

Haý, atym, haý-haý, atym,
Ot bersem, iýmez atym,
Suw bersem, içmez atym. *(Hudaýaty)*

Haýwan höwer,
Kädi köwer. *(Pyşdyl)*

Hekemi çöp başynda,
Alty aýagy bar,
Älemi daşynda. *(Hozanak)*

Heň eder, heň-heň eder,
Heňler dagynda gezer,
Arap ädik aýakda,
Ynsan kastynda gezer. *(Çybyn)*
Huw-huw eder,
Huw dagynda gezer,
Arap ädikli gezer,
Altyn tüýdükli gezer. *(Ary)*

Hüll-hülli,
Burny gylly,
Merjeni atly,
Baldyry tüýli. *(Garynja)*

Hymmyl-hymmyl, hym derýa,
Hymmylanyn kim bilýär?
Ýedi perwan içinde,
Ýelinlänin kim bilýär? *(Syçan)*

Iki gözi bilen
Goşa ýabak eteginde,
Içinde ýok içegesi,
Ýumurtgasy garnynda. *(Leňňeç)*

Ilsiz ýerde it uwlar. *(Hüwi)*

Iki kişi garawul durar,
Bir kişi çöpleme çöplär. *(Düýäniň iki örküji, kellesi)*

Ilerden gelýär iş-işşe,
Iýjegi hyşa. *(Towşan)*

Ilerden gelýän hök-hök,
Boýny uzyn, gözi gök. *(Körmüş[1])*

Iki tutam,
Belli tutam.

Başy aýryk,
Gyzyl tutam. *(Geçiniň aýagy)*

Iki tyň-tyň,
Bir süm-süm,
Bir bulawaç. *(Düýäniň gulagy, burny, guýrugy)*

Iki serçe çyrpynar,
Emma uçup bilmeýär. *(Haýwanyň gulaklary)*

Ikisi ýola bakýar,
Dördüsi köke ýapýar,
Otuz ikisi ýandak çapýar. *(Düýe)*

Jaňly sagat heň eder,
Gijäni iki bölüp,

---

[1] Körmüş — kör alaka.

Her bölegin deň eder.
Soňky sapar gygyrsa,
Bir enaýy daň eder. *(Horaz)*

Jygyl-jygyl ýörişli,
Ýany gara gylyçly. *(Gök garga)*

Kekeji gyşyk,
Çöregi çişik. *(Tomzak we onuň höregi)*

Kellesi bar, şahy ýok,
Gözleri bar, gaşy ýok. *(Balyk)*

Kellesi uly, akly kändir,
Bili inçe, özi handyr. *(Garynja)*

Kowsam, örä gitmez,
Satsam, pula ýetmez. *(Siňek)*

Kölegesiz guşum bar. *(Balyk)*

Köpri astynda dört kösük. *(Sygryň emjegi)*

Köpri astynda dört tikeç
Dördüsi-de deň tikeç. *(Düýe emjegi)*

Köpri astynda sallançak. *(Sygryň ýelni)*

Köpriniň düýbünde
Kör eneň iňňe satar. *(Kirpi)*

Köse uzyn, özi gök,
Takdyryndan gözi ýok. *(Ýüpek gurçugy)*

Küle çykar, gygyrar,
Deň-duşlaryn çagyrar. *(Towuk)*

Kyrk günlük ömri bar
Dört uka emri bar. *(Ýüpek gurçugy)*

Kyrkysy gaçar, biri gapar. *(Düýe gumalagy, düýäniň otlamagy)*

Mataljygym man eken,
Dyrnajygy on eken. *(Towşan)*

Mataljygym man iki,
Dyrnajygy on iki.
Dile ýarar dili bar,
Dil üstüniň meňi bar. *(Zemzen)*

Matalym bar, mäliki,
Barmaklary on iki,
Tüpeň degse tüýi ýok,
Guýrujagynyň maýy[1] ýok. *(Eşekýassyk[2])*

Möjejig-ä möjejik,
Endam jany tikenjik,
Ony hiç kim ellemez,
Agzy doňuzyňkyjyk. *(Kirpi)*

---

[1] Maý — ýag.

[2] Eşekýassyk — köp aýakly möjejik.

Mydam suwda şakgyldar. *(Gurbaga)*

Myňňyl gaç-da, myňňyl gaç,
Ysyn al-da, gaýra gaç. *(Sakyrtga)*

Namazsyz azan aýdar,
Bir iliň mollasy. *(Horaz)*

Oba içinde gyzyl molla. *(Horaz)*

Ojak başynda kumgan[1],
Iki gözüni ýumgan. *(Pişik)*

Ol depäniň üstünde,
Ybraýym Soltan otyr,
Ýaş guzynyň etini,
Ýaga bulap iýip otyr. *(Goýnuň öýkeni, ýüregi)*

Ondakga, mundakga,
Ýüwrüp çykdym ýandakga.
Aýagyma tiken urdy,
Oturdym ýyglamakga. *(Jikjiki[2])*
Ondakdan, mundakdan,
Eşegim ýükli ýandakdan. *(Kirpi)*

Orakdan egri,
Okdan dogry. *(Ýylan)*

---

[1] Kumgan — kündük.
[2] Jikjiki — serçeler toparyndan bolan kiçijik guşjagaz.

O taýdan bir jan barýar,
Iki tabakda don barýar. *(Pyşdyl)*

Otun iýip suwdan gaçan,
Başga otdan iýmän geçen. *(Ýüpek gurçugy)*

O ýany kakda,
Bu ýany kakda,
Şakgyldy begi otagda. *(Gurbaga)*

Oýlasa oýly,
Sözlese sözli,
Aýtsa agyzly,
Adamyň dosty. *(Totuguş)*

Oýmul-oýmul ýörişli,
Maýpyl-maýpyl gezişli,
Ýany gara gylyçly. *(Gara garga)*

Öwür-öwür yzy ýok,
Daýanmaga dyzy ýok,
Çillirmişde gyşlamyş,
Hamy bar-da, tüýi ýok. *(Balyk)*

Öýde bir mahluk
Syçana eder saklyk. *(Pişik)*

Öz ryzkynyň yzynda
Dag-daşdan taýmaz atym. *(Atgarynja)*

Pakyr kişi penada,
Possuny samanhanada. *(Tilki)*

Petik burçda öýüm bar,
Berk gurnalan torum bar. *(Möý)*

Porsy kölde it üýrer. *(Gurbaga)*

Reňki ala, bir ýeser,
Ýörese, garny ýer basar,
Bilmeseň, saňa derdeser,
Bilseň, özüňe bereýin. *(Pyşbaga)*

Sakgaly bar, murty ýok. *(Geçi)*[1]

Satsam sana geçmez,
Kowsam örä gitmez. *(Siňek)*

Saz oýnar-a, saz oýnar,
Gyş oýnamaz, ýaz oýnar. *(Gurbaga)*

Sekiz aýakly sergezdan,
Depä çykyp mal gözlär. *(Sakyrtga)*

Sekiz köpegiň biri ýok,
Sekizi segsen boldy. *(Möý ýumurtgasy)*

Sergezdan syryk götär. *(Itiň guýrugy)*

Serraby saýlap alar,
Dony yzynda galar.

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Şaly» diýip gelýän nusgasy hem bar.

Elli gün oýun söýer,
Ahyry öz başyn iýer. *(Ýüpek gurçugy)*

Suwdan çyksa, öler ol,
Suwa girse, ýüzer ol.
Aýagy hem eli ýok,
Ganat bilen oňar ol. *(Balyk)*

Suwsuz ýerde gezmezek,
Arpa-bugdaý iýmezek.
Saz-söhbetiň içinde
Gyş düşenni duýmazak. *(Gurbaga)*

Sübsedir guýrugy,
Uzyn gije gezmeläp,
Ýer süpürmek buýrugy. *(Tilki)*

Süňksüz sopy ýer gazar. *(Gurçuk)* [1]

Süýdünden sargan bolar,
Ýüňünden ýorgan bolar,
Öýmüziň düşegi
O-da ýüňünden bolar. *(Goýun)*

Süýri kelle sümmüldewik,
Süýt bişende nirä gitdiň?
Garny ýaryk garkyldawuk,
Gar düşende nirä gitdiň? *(Durna)*

---

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Damja» diýip hem gelýär.

Şildir-şildir suw akar,
Sürmeler atyn ýakar. *(Teneçir)*

Şire-şepbik tarhany,
Hemme içerä höwürdir.
Garaňkydan gaçagan
Halany gap böwürdir. *(Siňek)*

Şyrkyl-şyrkyl çepekli,
Yzy goňur kepekli. *(Sygryň paşmagy)*

«Tak» etdi, tabaklandy,
«Güp» etdi, göbeklendi. *(Kömelek)*

Takyr täj-ä, takyr täç,
Eli hamyrda, özi aç. *(Tomzak)*

Takyr ýerde tazy oýnar. *(Garynja)*

Tes-tegelek gyzyl daş,
Gyzlar görki şondadyr.
Gijeler tagat çeken
Bilbil owaz ondadyr. *(Hüwi)*

Tümen iki tüýsi bar,
Guýrugynyň misi bar. *(Tilki)*

Ugur-ugur yzy ýok,
Daýanmaga dyzy ýok,
Hamy bar-da, tüýi ýok. *(Balyk)*

Ussalar-a ussalar,
Ussalar özün beslär.
Asmanda bir guş bar,
Içegesin çöşlär. *(Düşdüş[1])*

Uzakdan geler hök-hök,
Burny uzyn, gözi gök.
Haý-haý, onuň ýortuşy,
Supra-sanaç ýyrtyşy. *(Syçan)*

Uzakdan görsem, hök-hök,
Ýanyna barsam,
Boýny uzyn, gözi gök. *(Pyşbaga)*

Uzyn sakgally özi,
Mydam ekinde gözi. *(Geçi)*

Uzyn-uzyn urganym,
Ujun tutup durganym.
Ters aýakly täjigül,
Tersin bakyp durganym. *(Leňňeç)*

Wyz-wyz edip uçar ýörer.
Gülden güle göçer ýörer.
Onuň ýygnan hazynasy.
Çaý başynda hezil berer. *(Balary)*

Ýaldyrawuk aý ýaly,
Egriligi ýaý ýaly,
Zäheri bar möý ýaly. *(Ýylan)*

---

[1] Düşdüş — kerep öryän, köp aýakly, kiçijik möjek, möý.

Ýamasy bar-da, tikini ýok. *(Ala mal)*

Ýap içinde gulan gygyr. *(Gurbaga)*

Ýaýraýşy ýylky ýaly,
Çommalyşy tilki ýaly. *(Bezbeltek[1])*

Ýaz çykanyn bildiren,
Süleýmana akyl beren. *(Baýguş)*

Ýeke baýyň dört ogly,
Epeý basyp barýa-la.
Ortasynda ýetim gyz,
Odun ýygyp barýar-la. *(Düýe)*

Ýer astynda at kişňär. *(Byzaw[2])*

Ýer astynda ýagly sanaç. *(Gurçuk)*

Ýer astynda ýagly ýumak. *(Körmüş)*

Ýer astynda ýüňli sanaç. *(Syçan)*

Ýer aşagynda gara çybyk. *(Ýylan)*

Ýol üstünde ýagly çybyk. *(Ýylan)*

Ýol üstünde ýagly köke. *(Ýylan)*

---

[1] Bezbeltek — möwsümleýin uçup geçýän guş.
[2] Byzaw — ýeriň aşagynda, ýumşak toprakda bolýan mör-möjek.

Ýol ýatyra-a, ýol ýatyr,
Ýol üstünde pil ýatyr.
Ak galanyň içinde
Ybraýym soltan ýatyr. *(Goýun)*

Ýük astynda sermenek,
Çalyp tutdum men gulak.
«Eý, waý, meniň gulagym,
Agyrdy-la dyrnagym». *(Pişik, syçan)*

Ýüz, müňden kändir sany,
Öldürseň çykmaz gany. *(Eşekýassyk)*

Zigir-zigir aýagy bar,
Segsen demir taýagy bar. *(Kirpi)*

Zuw-zuw barar,
Zuw-zuw geler,
Alhamyn[1] okar,
Galbirin[2] dokar. *(Ary, onuň öý salşy)*

---

[1] Alham — Gurhanyň süresi. Bu ýerde Allany ýat edip gezýär diýen manyda.
[2] Galbiri — aýal geýimi üçin dokalýan ýarym ýüpek el mata.

## X. ÖSÜMLIKLER, BAG-BAKJA ÖNÜMLERI HAKYNDAKY MATALLAR

Abdyl agam arrykdyr,
Agzy-burny mürrükdir,
Hemme zada gereklir. *(Gowaçanyň köregi, pagta)*

Agaçdan aty,
Daşdan gaty,
Öýden uly,
Ýumurtgadan kiçi,
Ötden ajy,
Süýtden süýji. *(Hoz agajy, hoz)*

Agyzlaryň ajysy,
Bogazlaryň gijisi.
Sapagy ediresden[1],
Özi gyzyl begresden[2]. *(Gyzyl burç)*

Akdyr, gar däldir,
Ýumşakdyr, ýüň däldir. *(Pagta)*

---

[1] Edires — ýüpek.
[2] Begres — matanyň bir görnüşi.

Ak selleli mollalar,
Depä çykyp aldanar. *(Gamyş)*

Altyn gozada aş gördüm. *(Günebakar)*

Arkaňa mündüm – han boldum,
Gapyňa geldim – gul boldum,
Oduňa ýandym – kül boldum. *(Ýandak)*

Armyt-armyt,
Belki tut. *(Gowaça)*

Asty daş,
Üsti daş,
Ortasynda bişen aş. *(Şänik, maňyz)*

Asty hem dag,
Üsti hem dag,
Arasynda – sary ýag. *(Hoz)*

Atasy Bükri hoja,
Enesi Ýaýma juwan,
Gyzy Şirin şeker. *(Üzüm agajy, ýapraklary we miwesi)*

Aýagy bar,
Dyzy ýok,
Kirpigi bar,
Gözi ýok. *(Kömelek)*

Aýagyn ýere dykar,
Kellesinden ýag akar. *(Kendir)*

Aý – aýmasy,
Gün – düwmesi,
Müň dänesi,
Müjeresi. *(Ýüzärligiň dänesi)*

Aý, egmeg-ä, aý, egmek,
Baş çykarar, aý, egmek,
Ýüpek saçyn ykjadyp,
Dondan çykar aý, egmek. *(Mekgejöwen)*

Aýnasyz, gapysyz jaýyň içi adamdan doly. *(Garpyz)*

Azar azara gider,
Azar bizara gider.
Atasy üç ýaşynda
Ogly bazara gider. *(Üzüm agajy, üzüm.)*

Balasynyň içinde enesi ýatyr. *(Gawun)*

Bir agaçda top gördüm. *(Kelem)*

Bir agaçda top oky. *(Kelem)*

Bir atym bar julluja,
Guýrugy ýeke gyllyja. *(Şaly)*

Bir aýalyň ömri zaýa,
On iki aýdan geler bu jaýa. *(Kömelek)*

Bir çybygyň üstünde,
Gyrmyzy donly gyz otyr. *(Burç)*

Bir guş tutdum, jany ýok,
Öldürsem-de, gany ýok,
Içinde üç ýumurtga,
Jüýjesiniň sany ýok. *(Gawun)*

Bir gülüm miwe getir,
Miwesi kir ýuwar *(Desmal kädi[1])*

Birje barmak inlije
Daraýydan[2] donluja. *(Çigildem[3])*

Bir kiçijik özi bar,
Gabat-gabat dony bar. *(Sogan)*

Bir öý bar,
Işigi ýok, deşigi ýok,
Içi doly adam. *(Garpyz)*

Bir öýüň içinde,
Üç körpeje çaga bar.
Işigi-de ýok, deşigi-de ýok,
Myhman gelse, açylar. *(Gawun)*

Bir topar atlar
Ceşmede otlar,

---

[1] Desmal kädi — gap-çanak we ş.m. zatlar ýuwmakda ulanylýan kädiniň bir görnüşi. Oňa «sürteç kädi» hem diýilýär.
[2] Daraýy — gyzyl-ýaşyl öwsüp duran syk dokalan ýuka ýüpek mata.
[3] Çigildem — düýbi sogan görnüşli, owadan gyzyl gülli meýdan oty.

Wagty gelende
Dodagy çatlar. *(Şaly)*[1]

Bir zadym bar,
Öýden uly,
Topukdan kiçi,
Ötden ajy,
Süýtden süýji. *(Hoz agajy, hoz)*

Bir zadym bar, sany ýok,
Garnyny kessem, jany ýok. *(Bugdaý)*

Biýt-biýt, bileň at,
Bili näzik küreň at,
Dagdan-daşdan gaýtmaz at,
Dalaw[2] degip, ölmez at. *(Garynja)*

Boýy bir garyş,
Sakgaly iki garyş. *(Mekgejöwen)*[3]

Boýy derek ýaly,
Özi börek ýaly. *(Jöwen)*

Bükri hoja, ýaýma çelpek. *(Tut agajy, ýapragy)*

Çilje çynar içinde,
Çil alaja guş otyr.

---

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Gowaça» diýlip hem berilýär.
[2] Dalaw — zyýan, täsir, zeper,şikes.
[3] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Bagly torba» diýlip hem berilýär.

Her ganatyn kakanda,
Çiline jöwher döker. *(Künji)*

Çil üstünde yranar,
Gat-gat dona bürener. *(Mekgejöwen)*

Çim-çim çitenek,
Çimilgen çitenek.
Darajyk gol içinde
Bozurgan çitenek. *(Gowaça)*

Çür-çür guşlar,
Çürmen guşlar.
Agzy ýok, burny ýok
Adam dişlär. *(Demirtiken[1])*

Çyl çeperim[2], başy aşak. *(Nar)*

Çym-gyzylja gyzjagaz
Elinde bir gyljagaz. *(Burç)*

Dagda diňňildär,
Suwda siňňildär. *(Gamyş)*

Daşdan görsem,
Bir gara,
Ýanyna barsam,
Müň gara.

---

[1] Demirtiken — ýumşajyk ýaprakly, ýere ýazylyp ýatan ot we şol otuň togalajyk pytanakly tikeni.

[2] Çeperi — ýylgyndan we ş. m. agaç şahalaryndan toplanyp edilýän agyl.

Içine girsem,
Etimi çeker,
Dadyp görseň,
Bal bilen şeker. *(Böwürslen)*

Daşdan görseň,
Ýaldyr-ýuldur,
Ýanyna barsam,
Gulply kendir. *(Garpyz)*

Daşy-da aş,
Içi-de aş,
Ortasy – gara daş. *(Erik, maňyz, şänik)*

Daşyn görseň,
Haty bar,
Hiç süňki ýok,
Eti bar. *(Gawun)*

Daşy toýun, içi pagta. *(Pisse)*

Daşy ýaşyl, içi gyzyl galalar,
Içindäki jübte-jübte balalar. *(Garpyz)*

Daşy ýaşyl, içi tutuş lälezar,
Ýylyň ýylna çülpe-çülpe çagalar. *(Garpyz)*

Daýzam içde, saçy daşda. *(Käşir)*

Dolama dokuz dony bar,
Bir topbajyk özi bar. *(Mekgejöwen)*

Dolama donum,
Goltugy darym,
Bir çynarym,
On iki narym. *(Mekgejöwen)*

Dommy gara, dony ýok.
Hytdy gyzyl, tüýi ýok. *(Burç)*

Dört barmajyk boýy bar,
Gatbar-gatbar dony bar. *(Sogan)*

Düýbi bir, başy müň. *(Ak jöwen)*

Düýbi bir, şahasy müň,
Şagyrdysy dag aşar. *(Pişikdyrnak[1])*

Ekdim nohut,
Bitdi söwüt,
Miwesi armyt,
Ýapragy tut. *(Çigit, gowaça)*

El-agzyňy dyndyrmaz,
Aňryňa oba gondurmaz *(Günebakar çigidi)*

Enesi bir-de, çagasy müň. *(Garpyz we çigidi)*

Enesi egri-bugry,
Çagasy şeker-şerbet. *(Üzüm)*

[1] Pişikdyrnak — miwesiniň daşy tikenli topbak ösýän ot.

Ep-eýjejik çykardym,
Ep-enaýyja otyrdym.
Hiç kim maňa degmese,
Eräp-eräp akardym. *(Kömelek)*

Eý, Hudaýym, ýaradan,
Köýnegi çilparadan.
Otuz iki düwmesi bar,
Iligi ýaralydan. *(Ýüzärlik)*

Eý, tebigat gudratsyň, ýok dänesi,
Oglunyň garnynda ýatyr enesi.
Oglundan alyp, terbiýet kylsaň
Açylar gül lälesi. *(Gawun we çigidi)*

Garny ýaryk gaýkyja. *(Bugdaý dänesi)*

Garny ýaryk, gyzyl süýri,
Ysgynsyzyň bire-biri. *(Bugdaý)*

Gatbar-gatbar gatlagym,
Gatlaşar meň gatlagym.
Ýedi gapa ýet diýsem,
Ýetişer meň gatlagym. *(Sogan)*

Gat-gatlyja, kelte boýluja. *(Sogan)*

Gatlak-gatlak gaty bar,
Äňetsem, bir düýbi bar.
Enesinden doganda
Bir mähnet haýbaty bar. *(Kömelek)*

Gaýradan geldim baýak,
Elimde ýylgyn taýak.
Ýatdym, turdum, düýş gördüm
Bir kellede müň aýak. *(Ak jöwen)*

Gökje baýlyk, üç aýlyk. (Hyýar)

Gün nuruny söýýärin,
Oňa başym egýärin. *(Günebakar)*

Güýz ekerler deregi,
Ýazda iýrler çöregi. *(Güýzlük bugdaý)*

Gyryjak ýylgyn içinde,
Aýparça dek gyz otyr. *(Kömelek)*

Gyşda – mazar[1],
Ýazda – bazar. *(Üzüm)*

Gyzyl ýumurtgadan
Goňur ýumurtga.
Goňur ýumurtgadan
Goňur jüýjejik. *(Bişen erik, şänigi we maňzy)*

Hajydan hajy geçer,
Menzilin gije geçer.
Bir ýumurtgaň içinden
Kyrk-elli jüýje geçer. *(Injir)*

---

[1] Demirgazyk etraplarda üzüm agajy sowuk aldyrmazlyk üçin gömülýär. Bu ýerde şol göz öňünde tutulýar.

Halydyr,
Ýüpden däldir,
Kebapdyr,
Etden däldir. *(Kömelek)*

Hatar-hatar obalar,
Ak sakgally babalar. *(Jöwen)*

Hatjadan hatja çykar,
Betjeden betje çykar.
Bir ýumurtgaň içinden
Kyrk sekiz jüýje çykar. *(Nar)*

Hesen hestek,
Boýy pestek,
Ýedi gatdan dony bar. *(Sogan)*

Hilehana-a hilehan,
Baldyrlary tüýlihan *(Dary)*

Hil-hilije, burny egrije. *(Noýba)*

Hol baýak, ýylgyn taýak,
Ajap ekem[1] bir düýş gördi,
Bir kellede altmyş gulak. *(Bugdaý)*

How götär-ä, how götär,
Howny dagyndan götär.

---

[1] Eke — bu sözüň ýerli gepleşiklerde uly erkek dogan, aga we uly aýal dogan manylary bar. Bu matalda uly aýal dogan manyda gelýär.

Sekiz iki demir men,
Dokuz iki döw götär. *(Gawun, garpyz, biýara)*

Hudaý beren topjagaz,
Eli-aýagy ýokjagaz,
Ezberlik bile ýugrulan,
Ýüpek bilen depjelen[1]. *(Gawun)*

Hupba semiz, bir tüýi ýok. *(Garpyz)*

Hüpbi gyzyl, tüýi ýok. *(Burç)*

Içi gowallaç torañňy,
Hurmaýy gyzyl reňňi. *(Gyzyl burç)*

Iki dogan bar ýaly,
Ömür-baky ýaz ýaly. *(Bugdaý, jöwen)*

Ilerde atlar,
Çemende otlar.
Wadasy gelende,
Ýüregi çatlar. *(Gowaça, goza, pagta)*

Iýmäge heserlije,
On bir gat ak donluja. *(Sogan)*

Keltejik boýy bar,
Dyzboýy öýi bar. *(Çigildem)*

---

[1] Depjemek — tikmek, tikmegiň bir görnüşi.

Kesseň janlanar. *(Üzüm)*

Matalym, gyzyl matal,
Dilden ötüp, damaga ýeter. *(Gyzyl burç)*

Matalym matlar,
Düzlerde otlar,
Wagty gelende
Sagrysy çatlar. *(Gowaça, göza)*

Maýa, ömri zaýa,
Bir ýyl – on iki aýdan
Geler bu jaýa.
Aýagy bar, dyzy ýok,
Kirpigi bar, gözi ýok. *(Kömelek)*

Men ekmedim, mähelle,
Özi ekiler, mähelle,
Men ormadym, mähelle,
Özi orular, mähelle. *(Narpyz)*

Menek-menek,
Men ekmedim, özi ekildi.
Men ormadym, özi oruldy. *(Ýylak[1])*

Miwesiniň sany ýok,
Hiç biriniň jany ýok.
Ösende gol atar ol,
Ölçeginiň sany ýok. *(Üzüm)*

---

[1] Ýylak — gumda bitýän çylgam-çylgam baldakly, ýumşak ýaz oty.

Ol nedir kim, gana meňzär, gany ýok,
Jümle boýun gan tutupdyr, jany ýok,
Gör, onuň jübtiniň hem halaly ýok,
Içindäki balasynyň sany ýok. *(Gyzyl burç)*

On don, ýüzi gan,
Kelteje boýly,
Gyrmyzy donly. *(Gyzyl burç)*

Öňün görseň,
Oýun ýaly,
Soňun görseň,
Goýun ýaly. *(Sürmeki gawun[1])*

Öýden uly,
Ýumurtgadan kiçi.
Burçdan ajy,
Süýtden süýji. *(Erik agajy, miwesi, nowça, bişen erik)*

Özi semiz,
Boýy ýok.
Derisi galyň,
Tüýi ýok. *(Garpyz)*

Özi ýerden hoşana,
Sellesi meňzär işana. *(Jöwen)*

Peleginden düwdüren,
Alkymyndan bogduran. *(Suwkädi)*

---

[1] Sürmeki gawun — sürlüp, joýasyz ekilýän gawun, gawun atyzy.

Pel üstünde peşli ahun. *(Kömelek)*

Pessejik bag,
Reňki gökdür.
Ony ekýän
Adam dokdur. *(Bugdaý)*

Reňki gyzyldyr, ujy ýiti,
Goşa nokat ýüzüniň haty. *(Şetdaly şänigi)*

Sary gyzym ýer astynda,
Saçbagysy ýer üstünde. *(Käşir)*

Sary towugym basyp ýatyr. *(Biýaradaky sary gawun)*

Sekiz-sekiz donuň bar,
Monjuk-monjuk ganyň bar. *(Mekgejöwen)*

Şinjiräniň başynda,
Hünärlije guş otyr.
Her ganatyn kakanda,
Güllüje göwher döküler. *(Künji)*

Takyr ýeriň gupbasy,
Şire-şepbik dänesi. *(Ýüzärlik)*

Tanapy uzyn, tanasy[1] çişik. *(Biýaradaky garpyz)*

---

[1] Tana — göle.

Tegelejik telpegim,
Düýbünde bardyr tüýi.
Elin asmana uzadyp,
Ajydyr içen suwy. *(Sogan)*

Teneçir, teneçir,
Aýagny diräp,
Suw içer. *(Şaly)* [1]

Togalakdyr,
Hoz däldir,
Owadandyr,
Gyz däldir,
Açylanda ak gardyr. *(Pagta)*

Togsan gat dony bar,
Togalak gelen boýy bar. *(Kelem)*

Tomus geýner,
Çyşda çykarynar. *(Derek)*

Tomus hinde gizlenip,
Ýatan gyzyl tilkini
Guýrugyndan sogrup,
Getirdiler bir güni. *(Käşir)*

Undan ak, gardan ýumşak. *(Pagta)*

Urmaz, sökmez — agladar. *(Sogan)*

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Küýze» bolup gelýän nusgasy hem bar.

Uzyn derek, içi köwek. *(Gamyş)*[1]

Uzyn-uzyn gübberçek,
Toraňňynyň düýbünde,
Düňderlip ýatan güberçek. *(Gawun-garpyz biýarasy)*

Uzyn-uzyn mollalar,
Uzyn ömrüne suw dilär. *(Mekgejöwen)*

Üç aý öli,
Dokuz aý diri,
Gezmeýär biri. *(Agaç, bag)*

Ýapragy ýyrtyk-ýyrtyk
Özi düwürtik-düwürtik. *(Injir)*

Ýapy ýüzünde gyzyl köýnekli gyz otyr. *(Burç)*

Ýazyna gülüstan,
Gaşyna gabrystan. *(Üzüm, üzüm agajynyň gyşyna gömülmegi)*

Ýer astynda altyn gazyk. *(Käşir)*

Ýer aşagynda sary çybyk. *(Tut agajynyň damary)*

Ýerden çykar sallanyp,
Altmyş bäş gün diýlende,
Öňüňe geler towlanyp. *(Gawun)*

---

[1] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Pejiň turbasy» diýlip hem berilýär.

Ýerden çykar ýalmanyp,
Düwmeleri sallanyp,
Açylanda patrak,
Seçilende gowurga. *(Gowaça, gozasy we pagta)*

Ýerden çykar ýalmanyp,
Selin-sazak baglanyp.
Peýwagtyna gezende
Başyna peş oranyp. *(Köwreýik[1])*

Ýerden çykar ýapragy,
Göze düşer topragy. *(Bugdaý)*

Ýerden çykdym ýalmanyp,
Bilime sagdak baglanyp.
Ýaňy kemala gelemde,
Başym aşak sallanyp. *(Günebakar)*

Ýerimdekäm, ýegdim men,
Başy jygaly begdim men.
Size gelip, bu bolduk,
Bili bagly gul bolduk. *(Gamyş)*

Ýeriň ýüzi pytyr-sytyr,
Leýli ýetim bukup ýatyr. *(Gawunçylyk)*

Ýer ýüzi ýapalak-ýapalak,
Ýapalak bilmäge segsen ýyl gerek *(Bugdaý)*

---

[1] Köwreýik — kelterák, syrkyna meňzeş ot, köplenç odun üçin peýdalanylýar.

Ýol ýatyr-a ýol ýatyr,
Ýol üstünde pil ýatyr,
Ak saraýyň içinde,
Ybraýym soltan ýatyr. *(Gawun çigidi)*

Ýortup barýardym, hol baýak,
Elimde ýylgyn taýak.
Bir ajaýyp düýş gördüm,
Bir kellede müň gulak. *(Dary)*

Ýuwsaň mazasy gider,
Gyrsaň ýarysy gider.
Synyňa sürt,
Damagyňa dürt. *(Käşir)*

## XI. BEZEG WE ŞAÝ-SEPLER HAKYNDAKY MATALLAR

Akja kümmez içinde,
Akja güjük läle kakýar. *(Düwme)*

Aňgyl guş-a, aňgyl guş,
Aňgyl ala çaňgyl guş,
Haý-haý, onuň saýraýşy,
Parsy bilen söýleýşi. *(Kejebe)*

Asty – haýpar,
Üsti –gümmez,
Müň gulak,
Müň bir ýaprak. *(Kejebe)*

Aý, egmeg-ä, aý egmek,
Ýüpekden çigme düwmek *(Akgaýma, keşde)*

Bir agajym bar garadan,
Ony möwlam ýaradan.
Otuz iki ýapragy bar,
Ýary ak, ýary garadan.
*(Her dürli matadan guralyp edilen çaga kürtesi)*

Bir at aldym segsene,
Segsen ýerniň bagy bar.
Bir gulagy çürt kesik,
Bir gulagnyň çägi bar.
Bir gözi sümme sokur,
Bir gözüniň agy bar.
Bir aýagnyň bary ak.
Bir aýagnyň çokuly bar,
Bir aýagnyň sekili bar. *(Çyrpy[1])*

Bir börügim bar,
Eleme deşik,
Başa geýsem,
Bir ýaraşyk. *(Sümsüle[2])*

Biz-ä, biz-ä bizlerdik,
Birje bölek gyzlardyk.
Bizi-bizi büzdüler,
Birje ýüpe düzdüler. *(Alynşaý)*

Boýun üstünde alaja ýylan. *(Alaja we monjuk)*

Boýurgandan boýy uzyn
Bogaz düýe bahaly. *(Şaý-sep)*

Çuňňurja gol içinde,
Daýym aty kişňeýär. *(Düwme)*

---

[1] Çyrpy – ýeňlenilmän kellä atylýan, hemme ýeri keşdeli aýal başatgyjy.

[2] Sümsüle — gelin-gyzlaryň börüklerine, tahýalaryna dakynýan şelpeli bezeg şaýy.

Çynnym guş-a, çynnym guş,
Çyn depede gondum guş,
Ganatlary gaýkyja,
Gan depeden gondum guş. *(Saç, ysyrga, başşaý, hasaba*[1]*)*[2]

Deşik-deşik,
Eleme deşik,
Başa salsaň,
Ýap-ýaraşyk. *(Düýebaşlyk*[3]*)*

Gamyş düýbi gamaşyk,
Çogan düýbi çolaşyk,
Ýeken düýbi ýelmeşik. *(Alynşaý, bukaw*[4]*)*

Gandan gyzyl,
Gardan ak,
Ýaýdan egrije,
Duran ýeri guruja. *(Bilezik, bilek)*

Gapy ýüzünde kazy men,
Syrty gyzyl tazy men *(Ýüzük)*

Haýyşy bar-a, haýyşy bar,
Tes-tegelek gaýyşy bar.

---

[1] Hasaba — börügiň öňüni büs-bütin tutup durýan, esasan sap gyzyldan ýasalýan we kähalatlarda ýerligi kümüşden ediluip, ýüzüne gyzyl çaýylýan şaý.

[2] Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Päki, kelle» diýlip hem berilýär.

[3] Düýebaşlyk — dürli-dürli dörtburç mata bölejiklerinden küşt öýleriniň görnüşinde tikilýan we gelnalyja gidilende, düýäniň üstüne atylýan gyralary seçekli gurama bezeg.

[4] Bukaw — aýallaryň boýunlaryna dakynýan kümüşden ýasalýan gaşly, şelpeli şaýy.

Muny bilen ýigidiň,
Görogly dek ýaşy bar. *(Bäzbent)*

Jytdy-jytdy etdi guş,
Jyt depede gondy guş.
Ganatjygyn ýaýdy guş,
Çür depede gondy guş. *(Otaga*[1]*, tahýa, gupba)*

Kerpiç-kerpiç keserler,
Kesip duldan asarlar. *(Düýebaşlyk)*

Kiçijik öý çöwşüli[2] *(Aýallaryň börügi)*

Matal-matal man iki,
Dyrnajygy on iki.
Dile ýaran dili bar.
Dil üstüniň meňi bar. *(Haly göli)*

Müçesi kiçi, kuwwaty güýçli. *(Dür)*

Otursa – hümmet,
Tursa – haýbat,
Müň çeçek,
Müň bir ýaprak. *(Kejebe)*

Şildir-şildir suw akar,
Sygyryp atyn ýakar. *(Düwme)*

---

[1] Otaga — gyzlaryň tahýasynyň gupbasyna berkidilýän per, bezeg, jyga.

[2] Çöwşi — gara öýi ýel ýykmazlyk üçin üstaşyr atanaklaýyn geçirilip, iki ýan ýüzünde gazyga daňylýan ýüp.

Şyňňyr-şyňňyr, şyňňyrdar,
Bir enaýy waňňyrdar. *(Bukaw)*

Tam başy tagtaly,
Boz at başy nogtaly,
Boýurganyň boýny aşak
Bogaz düýe bahaly. *(Ildirgiç[1])*[2]

Ýaýdan egri,
Ak bilekde
Durar dogry. *(Bilezik)*

Ýol ýatyr-a ýol ýatyr.
Ýol üstünde pil ýatyr.
Akja galaň içinde
Amansoltan han ýatyr. *(Bilezik, bilek)*

Ýüzi-gözi bydyr-bydyr,
Adam bilen bile ýatar. *(Gülýaka)*

---

[1] Ildirgiç — düýpli gyňaçlaryň ýaşmagynyň ujuna dakylyp, börüge iildirilýän, ýerligi kümüşden, gyzyl çaýylyp, hakyk daşlar, nagyşlar bilen bezelen ujy gaňyrçakly bezeg şaýy.

[2] Bu matalyň jogabynyň «Şaýly bejergili köýnek» diýip gelýän nusgasy hem bar.

## XII. SAZ GURALLARY HAKYNDAKY MATALLAR

Alsaň, eliňde oýnar,
Kaksaň, ýürekde gaýnar,
Eliňde tutup başlaňda,
Dil bitip, ajap saýrar. *(Dutar)*

Alty guşak, ýedi gözdür,
Agzy bilen süýkeýär.
Agzy dilsiz, içegesiz,
Eýse, sözläp aýdýar. *(Gargy tüýdük)*

Bir oglan bar, jansyz,
Geplände dili bar,
Gygyranda sesi bar. *(Tüýdük)*

Dili bar-a, dili bar,
Diliniň dildary bar.
Uzyn boýly bir pälwan.
Bir kesejik kemi bar. *(Dutar)*

Elinde hasasy,
Kendirden bagy,
Kellesi aşakda,
Demirden guşagy. *(Tamdyra)*

Elmydam dilli dildar. *(Tüýdük)*

Gök demirden dillije,
Uly ile bellije. *(Gopuz)*

Iki gulak bar başynda,
Iki dili saýraýar.
On üç guşak bar bilinde,
Içi boşdur, saýraýar.
Bogazyndan boguberseň,
Içi bilen saýraýar. *(Tamdyra)*

Iki gulak başynda,
Halaýyklar daşynda,
On üç guşak bilinde,
Şady-horram dilinde. *(Tamdyra)*

Jansyz oglan dil bilen düşürer. *(Tamdyra)*

Kellesi kädiden,
Gözi jöwherden,
Süňňi polatdan. *(Gyjak)*

Matalym madyram bilen,
Ýedi kilit tam bilen,
Ne dili bar, ne agzy,
Sözleşer adam bilen. *(Dutar)*

Suwsuz ýap içinde gulan gygyrar. *(Tüýdük)*

Süýkäberseň saz eder,
Diňle, göwnüň ýaz eder. *(Gyjak)*

Uzyn-uzyn urganym,
Ujyn tutup durganym.
Sagdyrganym saýrap dur,
Sapy meniň golumda. *(Tamdyra)*

Uzyn-uzyn uç agaç,
Ujy meniň golumda.
Saýrap duran garlawaç,
Saçy meniň golumda. *(Dutar)*

Ýedi menzil ýolda
Ýeňňemiň aty kişňeýär. *(Tüýdük)*

## XIII. HARBY ENJAMLAR HAKYNDAKY MATALLAR

Agam agzyny açar,
Hemmeler ondan gaçar. *(Tüpeň)*

Aýaksyz-elsiz daşa gider. *(Ok)*

Aý, emirden-emirden,
Ýakan ody kömürden,
Guşlarda bir guş gördüm[1],
Ýumurtgasy demirden. *(Tüpeň)*

Bar özi ýeke taýagym,
«Ur» diýsem, weýran eder,
«Ur» diýmesem, gülzar eder. *(Top —ýarag)*

Bir agajym bar,
Pürsüz-pudaksyz,
Men neneň çykaýyn,
Elsiz-aýaksyz. *(Naýza)* [2]

---

[1] Bu setiriň «Zamryk diýen guş gördüm» diýip gelýän nusgasy hem bar.
[2] Bu matalyň jogabynyň «Çelek» bolup gelýän nusgasy hem bar.

Bir guşum bar,
Dört ganat bilen uçar.
Tumşugy ýaryk,
Emma daş deşer.
Öli guş diri guşuň ganyn içer,
Eý, ýaranlar, gulak salyň,
Öli guş diri guşdan ýyndam uçar. *(Peýkam)*

Çyr çybyg-a, çyr çybyk,
Çyr çybykda höwürtge
Höwürtgede ýumurtga. *(Tüpeň, ok)*

Dagdan iner eren dek,
Gözleri şa beren dek,
Oturyp nyşan kylsaň,
Bagyrar gär owlak dek. *(Tüpeň)*

Daş gädikde torum bozlar. *(Tüpeň)*

Esetdi-esetdi,
Çirkin ses etdi. *(Tüpeň atmak)*

Gara güjük «wow» etdi,
Gumalagy dazlap gitdi. *(Tüpeň)*

Garry düýäm «wä» etdi,
Gumalagy umma gitdi. *(Tüpeň)*

Gyrda gürrüldär,
Suwda şirpildär. *(Tüpeň)*

Iki agajy gerdiler,
Galandar ogly gurbaga,
Çagyryp çykdy daga. *(Hyrly tüpeň)*

Iki satan, bir büzzük,
Gidişi towşandan dazzyk. *(Hyrly, gülle)*

Ol nämedir?
Başy aýry, düýbi bar.
Başy üstünde,
Ak demirden börügi bar,
Haktagaladan perman gelse,
Jan almaga erki bar. *(Ok)*

Ol öýde bir haly bar,
Halynyň hyýaly bar.
Uçup barýan guşlaryň,
Aýagynyň naly bar. *(Peýkam)*

Özüme çekdim,
Aňryk gaçdy,
Içi ýanyp, daşa düşdi. *(Tüpeň we oky)*

Suw içmez, gägirer,
Owlak kimin lägirer. *(Tüpeň)*

Şyrp etdi, Şybyrgandan aşdy. *(Tüpeň)*

Şuw etdi,  otly gitdi. *(Ok)*

Şuw etdi, suwulgan gitdi. *(Ok)*

Tümen alsaň tüýsi bar,
Guýrugynyň misi bar. *(Tüpeň oky)*

Ümürden-ä ümürden,
Ýapan nany kömürden.
Guşlarda bir guş gördük,
Ýumurtgasy demirden. *(Myltyk[1])*

Ýagladym, ýugladym,
Ýük astynda gizledim. *(Tüpeň)*

Ýaltandym-la turmaga,
Iki agajy germäge.
Zalym ogly gurbaga
Gygyrdy, çykdy daga. *(Hyrly)*

Ýanymdaky ýandyrgyç. *(Gylyç)*

Ýyldyr-ýyldyr ýylanjyk,
Uzyn boýly juwanjyk,
Enesi gara ganjyk. *(Gylyç)*

Ýylp etdi, ýylan çykdy. *(Gyndan çykan gylyç)*

[1] Myltyk — tüpeňiň bir görnüşi.

## XIV. DÜRLI MAZMUNLY MATALLAR

Agaçdan aty bar,
Demirden gaty bar,
Adamzatdan suraty bar.(*Gämi)*

Agzy asmanda,
Içi pasmanda[1]. *(Ury[2])*

Agzy ýok, adam dişlär. *(Tiken)*

Ahmal etseň, sypjakdyr,
Jaýy jübi-gapjykdyr. *(Pul)*

Alty matalymyň ady ýok.
*(Ýorganyň ýeňsizligi, içmegiň jübüsizligi, gulanyň ötsüzligi, guşuň süýtsüzligi, ýyldyzyň sansyzlygy, çägäniň çensizligi* )

Arpa bersem, iýenok,
Suwsuz ýerde duranok. *(Gaýyk)*

---

[1] Pasmanda — tertipsiz, gowy däl manyda.
[2] Ury — bugdaý, arpa we ş. m. däne saklanýan çukur.

Aý, eşeg-ä, aý, eşek,
Ýüpekden çitdi düşek. *(Mahmal)*

Bar ýorgam-a, bar ýorgam,
Bagly aty sür, ýorgam.
Gara görse, ürkmez
Baýtal görse, kişňemez. *(Gaýyk)*

Bäş matalym bar,
Ady bar, özi ýok.
*(Asmanyň sütüni ýok, ýorganyň ýeňi ýok, kölüň köprüsi ýok,*
*peşäniň erni ýok, gurbaganyň guýrugy ýok)*

Bir entejik mynnas,
Tartyp ursam synmaz. *(Teňňe)*

Bir azajyk naşatyr,
Degen ýerini uşatar. *(Gurşun)*

Bir guýy gazdym, topragy ýok. *(Gazyk orny)*

Bir gyzykly oýnum bar,
Oglanlary güýmeýän.
Kä eşek, kä at bolar,
Kä oklasaň, çep bolar. *(Aşyk)*

Birje gysym kişmişjik,
Elden-ýele düşmüşjik. *(Pul)*[1]

---

[1] Bu matalyň: «Kişmişjig-a,kişmişjik,
Jübiden jübä düşmişjik» diýen nusgasy hem bar.

Bir kiçijik mynnas,
Guýrugyndan tutdyrmaz. *(Simap)*

Bir öýüm bar hüpili,
Agzy altyn gapyly,
Segsen sekiz diregli,
Togsan dokuz gapyly. *(Uçmah, jennet)*

Bir tanapym bar,
Hiç külterläp bilemok. *(Ýol)*

Bir ýörelgäm bar,
Kölegesi ýok. *(Ýol)*

Bir ýüpüm bar,
Ujuny ýygşyryp bilemok. *(Arabanyň yzy)*

Bir zadym bar,
Ertir gider gezmäge.
Gelende teňňäň ýerini tutar. *(Hasa, onuň durýan ýeri)*

Bogun-bogun reň saçar,
Içi akdyr, damarynyň sany ýok.
Ujy inçe, özi paslaw,
Bir agaç agramy ýok. *(Gamak[1])*

Boýny gyl ýaly,
Garny gol ýaly. *(Howuz)*

---

[1] Gamak — çomujuň guran baldagy.

Boýy uzyn, saýasy ýok. *(Ýol)*

Burnuny deşeňde bagyrmaz. *(Taýmyl[1])*

Burny ýirijek,
Baga barjak,
Dary iýjek. *(Jyk)*

Çemçe bilen aş içemde,
«K»-ny goýdum, nämedir? *(Aşyk)*[2]

Çuňňurja gol içinde,
Çalja güjük gygyrýar. *(Jaň)*

Çyr-çyr guşlar,
Çyrman guşlar.
Agzy ýokdur,
Adam dişlär. *(Tiken)*

Dagda dalaýman gördüm,
Gumda gulaýman gördüm,
Suwda Süleýman gördüm,
Gäwşäp duran daş gördüm,
Duzsuz bişen aş gördüm,
Harabada gukçy gördüm,
Çölde tezekçi gördüm.
*(Keýik, towşan, balyk, elek, degirmen, semene, baýguş, tomzak)*

---

[1] Taýmyl — bir orunly kiçijik gaýyk.
[2] Bu matalda çemçäniň manydaş sözi «kaşyk» göz öňünde tutulýar.

Dagdan inen dal kimin,
Dallary pudak kimin.
Egilip suw içip bilmez,
Çekirär balyk kimin. *(Guýynyň çarhy)*

Dag düýbünde güjük jygyrdar. *(Zynjyr)*

Daramaga saçy ýok,
Dazzarkel otyr. *(Töňňe[1])*

Daşy jäjek, içi möjek. *(Pile)*

Dört doganyň kökesi,
Gumly ýola görk berer. *(Düýäniň aýak yzlary)*

Duldan asyk,
Gulagy kesik. *(Toýnuk[2])*

Dört gol bir guduga[3] düşer. *(Sygryň süýdi)*

Dört guda bir-birin kowýar,
Emma ýetip  bilmeýär. *(Arabanyň dört tigiri)*

Dury suwdan tutulan,
Buzdan gaty bitilen,
Bärisinden sereden,
Aňyrsyndan tutulan. *(Äýnek)*

---

[1] Bu matalyň jogabynyň «Gupba» diýlip berilýän nusgasy hem bar.

[2] Toýnuk — aşak ujundan tutar ýaly edilip, kesilip alnan şaha, hatja, hojalyk enjamy.

[3] Guduk —guýy.

Duzsuz bişen aş gördüm,
Gäwüşäp duran daş gördüm. *(Semeni, degirmen)*

Egri-bugry eýegi,
Öýe sygmaz giýewi *(Ýol)*

Ertekim erte geler,
Guýrujagy jorta geler. *(Kesewi)*

Garaňky tamda çyra ýanar. *(Göwher, dür)*

Garny ýaryk garkyldawuk,
Gar ýaganda nirä gitdiň?
Süri bölük sümmüldewik,
Süýt bişende nirä gitdiň? *(Köwüş, çemçe)*

Gaşymda, jan, gaşymda,
Derýalar ýakasynda.
Guşlarda bir guş gördüm,
Döşi bar arkasynda. *(Gaýyk)*

«Gelýär-gelýär» diýerler,
Üýşüşip nan iýerler. *(Gurbanlyk)*

Gidiberdim, galyberdi. *(Aýagyz)*

Goşaja atly des-deňdir. *(Böwrek)*

Göbegne kaksaň güler,
Awusy öçse uwlar. *(Jaň)*

Göçenini ýel bilmez,
Gonanyny gol biler. *(Peşmek)*

Göç gitdi, kömeç[1] galdy. *(Düýäniň yzy)*

Götersem, aglar,
Goýsam, dynar. *(Zynjyr)*

Göz öňünde göz goýdum,
Bilmeklige ýüz goýdum. *(Äýnek)*

Gum içinde daýym aty kişňeýär. *(Jaň)*

Gurşundan agyr suw,
El bilen tutdurmaz bu. *(Simap)*

Güjügime «git» diýdim,
«Tur, daşarda ýat» diýdim. *(Kül)*

Gündizine ýöreýär,
Gijesine teňňe ýaly
Ýerjagaz alyp durýar. *(Hasa)*

Hüti bir-ä, hüti bir,
Iki syçanyň syrty bir. *(Zynjyr)*

Idegsiz ekerler,
Nagyşsyz dokarlar. *(Ýylgyn kepbe)*

---

[1] Kömeç — döwlen et ýa-da jigirdek salnyp bişirilen çörek, ýagly gömme çörek.

Iki agaçdan kümeli,
Başy altmyş jygaly.
Gapyrgasy odundan,
Her kim alar süýdünden. *(Agzy çarhly, çöwlükli[1] guýy)*

Iki gapdaly gözli,
Ortasy gyzyl ýüzli. *(Keteni)*

Içi dok, kölegesi ýok. *(Ury)*

Jansyz, emma ursaň aglaýar. *(Jaň)*

Maslahatsyz üýşerler,
Töwellasyz çaşarlar. *(Bazar)*

Matalym dilden öter,
Ýere ursam serrelip ýatar. *(Palçyk)*

Matalym matdy,
Pil bilen urdum,
Serilip ýatdy. (Bajak[2])
Mün-münejek misiri,
Iller onuň ýesiri. *(Teňňe)*

Nerjuwan içinde
Goşaja atly görünýär. *(Böwrek)*

---

[1] Çöwlük — guýynyň örüminiň iň aşagynda goýulýan ýasy tegelek agaç.

[2] Bajak — çaýyr we ş. m. otlaryň ownuk kökleri bilen örtülen ýeriň üstki gatlagy, depilende dargamaýan çaýyrly kesek bölegi. Bu matalyň jogaby käbir nusgada «Böwet» diýlip hem berilýär.

Ondakça, mundakça,
Her gapyda sandykça. *(Basylyp goýlan odun)*

Oňurgasy odundan,
Äleme ýeter süýdünden. *(Guýy)*

Owkalasam, mes bolar,
Şemal degse, sus bolar. *(Sabyn köpürjigi)*

Sakar atym sarkyp dur,
Dört aýagyn kakyp dur. *(Çertek[1])*

Sen irmeseň, ol irmez,
Sen armasaň, ol armaz. *(Gämidäki kürek)*

Suw degende gide bilmez,
Gury wagty ýerde durmaz. *(Kül)*

Suw üstünde kepbe üsti. *(Köpri)*

Sürçegim süýşdi,
Bir guýa düşdi. *(Bugdaýly halta)*

Süýdi ýok, ödi ýok, argyny ýok. *(Guş, gulan, Ýer)*

Tama agaç söýedim. *(Guýynyň çekeri)*

Togalasam jany ýok,
Pyçaklasam gany ýok. *(Hamyr)*

[1] Çertek — dört sütüniň (öräniň) üstüne agaç, gamyş we ş.m. zatlar goýlup, ýel-ýagmyrdan goranmak, saýa üçin bejerilýän desga.

Tüpeň oky şakyrdar,
Uly ile habardar. *(Gurbanlyk baýramy)*

Uzakly gün ses eder,
Teke ýatsa, bes eder. *(Sürüdäki tekäniň boýnundaky jaň)*

Uzatsam aýak ýetmez. *(Guýy)*

Uzyn derek, saýasy ýok. *(Ýol)*

Uzyn-uzyn uz gider,
Kölegesi ýok gider. *(Ýol)*

Uzyn-uzyn uzyn ýüp,
Ujy nirden tapylar? *(Ýol)*

Üç burçy bar, kyrk bagy. *(Gaýygyň ýelkeni)*

Ýalp-ýalp eder,
Ýalama gaýadan öter.
Bezirgen bezär,
Aždarhan gezer. *(Pul)*

Ýeňil daýym daglap otyr,
Gara daýym igläp otyr,
Tultuk daýym ýaglap otyr,
Gelen myhman nalap otyr,
Garry daýzam halap otyr.
*(Ot, gazan, ýag, et, nahar, nahar bişirýän aýal)*

Ýol üstünde halkajyk. *(Guýy)*

Ýol üstünde kökejik. *(Düýäniň yzy)*

Ýol üstünde oklawjyk. *(Ýapjagaz)*

Ýol üstünde ýagyr eşek. *(Köpri)*

Ýol üstünde ýarty çapady. *(Yz)*

Ýol üstünde ýorgan-düşek. *(Köpri)*

Ýol üstünde weý-weýjik. *(Tiken)*

Ýondugymça ýognaýar. *(Guýy, çukur)*

Ýöräp gitse, yzy ýok,
Tupany bar, tozy ýok. *(Gaýyk)*

Ýüpe münüp, han boldum,
Gapa gelip, gul boldum,
Oda ýanyp, kül boldum. *(Odun)*

Ýüz müň aşygy bardyr,
Hemmesi hyrydardyr. *(Pul)*

Ýylt-ýylt eden bezirgen
Bütin ýurdy gezegen. *(Teňňe)*

## HALK PAÝHASYNYŇ SYRLY HAZYNASY

Türkmen halkynyň taryhynyň gadymy bolşy ýaly, onuň halk döredijilik eserleri hem öz döreýiş gözbaşlaryny has irki döwürlerden alyp gaýdýar. Halk döredijiligi adamzat aňynyň görnüşleriniň bir bölegidir, adamyň tebigata, dünýä, durmuşa bolan garaýyşlarynyň şöhlelenmesidir. Halk aňynyň ösüşiniň dürli döwürlerinde dörän eserler wagt geçdigiçe kämilleşip, ruhy gymmatlyga öwrülýär. Halk paýhasyna eýlenen şol eserler dil hem ýazuw üsti bilen nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Halk döredijilik eserleriniň şu häsiýetli aýratynlygy, tebigaty we gymmaty barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada şeýle diýýär: **«Ata-babalarymyz türkmen ruhuna täsir edýän parasatly pikirleri gursaklarynda eşrepi deýin saklap, nesilden-nesle geçiripdirler. Her kim öz bilýänini ogullaryna, agtyklaryna gürrüň beripdir. Şeýdip, ata-baba pähim-parasatlary biziň günlerimize gelip ýetipdir»[1].**

Garaşsyzlyk zamanamyzda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň milli edebi-medeni miras baradaky taglymaty esasynda halk döredijilik eserlerine bolan garaýyş düýpgöter üýtgedi. Beýik Serdarymyzyň taglymatlarynyň jemi bolan Mukaddes Ruhnamanyň pelsepesi nukdaýnazaryndan halk döredijilik

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama . — Aşgabat, 2001, 297 sah.

eserlerine täzeçe çemeleşip, olaryň süňňündäki ruhy kämilligi, ahlak arassalygy ündeýän paýhaslary ýüze çykarmak şu günki täze ruhly, milli ylmymyzyň baş wezipeleriniň biridir. Çünki, halk döredijilik eserleri halkyň pähim eleginde elenip, taryhyň, durmuşyň her hili synaglaryndan geçen çeper gymmatlyklardyr. Olarda halkyň tebigata, dünýä, ýaşaýşa, haýyra, şere bolan pelsepeleri şöhlelenýär. Şeýle hem, olarda halkyň geçmiş taryhy, däp-dessury, edim-gylymy, milli aýratynlyklary, ruhy, ahlak gymmatlyklary jemlenýär. Hut şonuň üçinem, halk döredijilik eserleriniň hiç wagt gymmaty gaçmaýar, her döwürde-de özüniň many-mazmun agramyny saklap bilýär. Şu jähetden Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halk döredijilik eserlerine ýokary baha berýär, olary dünýä gymmatlyklarynyň hataryna goşup, şeýle diýýär: **«Halkymyzyň medeniýeti, aýdym-sazy, edebiýaty, şekillendiriş sungaty, halk döredijilik eserleri – bular bahasyna ýetip bolmajak dünýä gymmatlyklaryna girýär»**[1]**.** Dünýä gymmatlygy derejesine eýe bolan halk eserleri bolsa, diňe bir ony döreden halkyň ruhy dünýäsi üçin ýaramly bolman, umumy adamzadyň ruhy isleglerini hem kanagatlandyrýar. Şuňa görä, dünýä medeniýetiniň ösüşine goşant bolan türkmen halk döredijilik eserlerini öňki söwet ylmy mekdebiniň galyplaryndan daş durup, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döreden täze ruhly milli türkmen ylmy mekdebiniň ýörelgeleri esasynda toplamak, öwrenmek we halka ýetirmek zerur bolup durýar. Bu barada Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnamada: **«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirme-**

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 411 sah.

**lidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogulluk borjumyzdyr»**[1] diýip sargaýar.

Türkmen halk döredijilik eserleri göwrüm, mazmun, gurluş, görnüş, häsiýet, ulanylyş we beýleki köp sanly aýatynlyklaryna görä, birnäçe toparlara, görnüşlere bölünýär. Olaryň arasynda özboluşly taraplary bilen tapawutlanýan görnüşleriň biri matallardyr. Matallar halk döredijiliginiň gyzykly hem täsin görnüşi bolmak bilen, olar uzak geçmişiň önümidir. Matallar durmuşda we adamlaryň aňynda halk paýhasynyň syrly hazynasy hökmünde müňýyllyklaryň dowamynda ýaşap gelipdirler.

Halkymyzyň arasynda dilden aýdylyp, nesilden nesle geçirilip gelinýän matallar, esasan, geçen asyryň başlarynda hata — kagyza geçirilip başlanýar. Olar dünýäniň dürli ylmy merkezlerinde bölekleýin görnüşde çap edilip ugralýar. Elbetde, ýazuwly edebiýatymyzyň taryhyna, edebi-golýazma mirasymyza nazar aýlanymyzda, olarda matal häsiýetli oýlanmagy talap edýän sowallara, meselelere köp duş gelinýändigini aýtmak gerek. Ýöne biz bu ýerde halk tarapyndan dilden aýdylyp gelnen, halk döredijiliginiň aýratyn bir görnüşi hökmünde kemala gelen matallary göz öňünde tutýarys. Taryhy, etnografiýany, dili, edebiýaty, medeniýeti öwreniji alymlar türkmen halkynyň arasyndan milli medeniýetimiziň dürli ugurlary boýunça nusgalar toplanlarynda matallardan hem sowa geçmändirler. 1908-nji ýylda Tbiliside çap edilen «Kawkazyň ýerli halkynyň we taýpalarynyň ýazgysy üçin materiallaryň ýygyndysy» diýen neşiriň 38-nji goýberilişinde A. Wolodiniň «Türkmen halk poeziýasyndan» diýlen işi ýerleşdirilipdir. Onda beýleki halk döredijilik eserleri bilen birlikde birnäçe türkmen matallary hem berlipdir. Türkmen edebiýatyny öwreniji alym A. N. Samoýlowiç hem 1902-1906-njy ýyllarda Türkmenistan-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama . — Aşgabat, 2001, 98 sah.

da bolanda halk arasyndan toplan 150-den gowrak matallaryny 1909-nji ýylda Sankt-Peterburgda çykýan «Janly geçmiş» atly žurnalyň II-III goýberilişinde ýerleşdiripdir. «Zakaspi türkmenleriniň matallary rus terjimesinde» atly şol işde türkmen matallary rus diline terjime edilip berilýär we beýleki türki halklaryň matallary bilen deňeşdirilýär. Onuň gysgajak sözbaşysynda matallaryň aýratynlygy, nazaryýet meseleleri, olary toplamagyň we öwrenmegiň zerurlygy barada pikirler aýdylýar.

Türkmen matallary 1914-1917-nji ýyllarda Aşgabatda çap edilen «Zakaspi ýerli gazeti» atly gazetde hem halk döredijiliginiň beýleki görnüşleri bilen birlikde yzygider berlip durlupdyr. Gazetiň 1916-nji ýylyň Oguz aýynyň 6-syndaky we 1917-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 25-indäki we 28-indäki sanlarynda «Gadym türkmen matallary» ady bilen matallaryň uly toplumy çap edilipdir. Şu ýerde bir zady aýratyn belläp geçmek gerek. Şol döwürde gazetde çap edilen matallary we beýleki halk döredijilik eserlerini türkmen halkynyň sowatly, ylymly-bilimli adamlary ilat arasyndan ýörite toplap, ýazyp alyp gazete iberipdirler. Olardan Hojaly molla Myratberdi ogly, Mämmet Gurban, Ata Myrat, Muhammetguly Atabaý, Körhan Balaka, Seýitahmet işan Durdy işan ogly, Molla Ýagmyr Äraly ogly, Ata Jänek ogly, Öwez Muhammetýar, Paşşy Sadyk ogly, Molla Ymamguly Nury Ýasawul ogly, Hojaguly Nyýazguly ogly, Seýit Täjibaý we beýlekiler halkymyzyň gymmatly ruhy mirasyny nesillere ýetirijiler hökmünde atlary hormat bilen tutulmaly adamlardyr.

Türkmen matallarynyň neşir edilişine degişli ilkinji işleriň biri hökmünde M. Geldiýew tarapyndan taýýarlanyp, 1925-nji ýylda neşir edilen «Makal we matallar» atly kitapçany görkezmek bolar. Bu ýygyndynyň esasy böleginde nakyllar ýerleşdirilip, onuň ahyrynda 50-den gowrak matal berlipdir. Ýygyndy özünde matallaryň az mukdaryny saklasa-da, ol türkmen edebi

mirasyny, matallary ýygnap, ony täzeden halka hödürlemekde ilkinji synanyşyk bolandygy üçin uly ähmiýete eýedir. Şol ýyllardan başlap, türkmen halk döredijilik eserleri belli bir meýilnama, bitewi ulgam boýunça toplanyp we öwrenilip başlanýar. Ýörite ylmy-barlag institutlar, golýazma gaznalary döredilip, halk arasyna dil maglumatlaryny, halk döredijilik eserlerini ýazyp almak üçin ylmy iş saparlary guralýar. M. Geldiýew, A. P. Poseluýewskiý, A. Ahundow-Gürgenli, A. Alyýew, B. Garryýew, M. Kösäýew, M. Sakali, A. Gowşudow ýaly birnäçe alymlar, ylmy işgärler halk döredijiliginiň dürli görnüşleri bilen birlikde matallary hem halk arasyndan toplamakda, neşir etmekde we olar barada ylmy makalalar ýazmakda aýratyn hyzmat görkezipdirler.

B. Garryýewiň çapa taýýarlamagynda 1944-nji ýylda neşir edilen «Gülälek» atly kitapda halk döredijiliginiň beýleki görnüşleri bilen birlikde matallaryň hem uly toplumy berlipdir. Matallaryň ýörite özbaşdak ýygyndy görnüşindäki doly neşirleri M. Sakali bilen A. Gowşudowyň taýýarlan, 1948-nji ýylda çap edilen «Türkmen halk matallary» we G. Gurbanowyň taýýarlan, 1962-nji ýylda çap edilen «Türkmen matallary» atly kitap lardyr. Gaýtalanyp gelýänlerini hem hasaba alanymyzda, bularyň birinjisi 700-e golaý mataly, ikinjisi 1000-den gowrak mataly öz içine alýar. A. Baýmyradowyň taýýarlan «Ýedigenim – ýedi ýyldyz» (Türkmen hüwdüleri, matallary, sanawaçlary, ýaňyltmaçlary) (1989) atly iki kitapdan ybarat ýygynda 1134 sany matal girizilip, ol halk döredijiligini öwreniş ylmynda türkmen matallarynyň has köp mukdaryny özünde saklaýan soňky neşir hasaplanýar. Bulardan başga-da, matallar dürli ýyllarda neşir edilen ululy-kiçili kitaplarda, ýygyndylarda, hrestomatiýalarda belli bir derejede orun alypdyrlar.

«Türkmen halk şahyrana döredijiligi» (1956), «Türkmen poeziýasynyň antologiýasy» (1958), «Hapyz aga» (1975), «Da-

na sözler» (1978), «Hazynaly horjun» (1988), «Türkmen halk döredijiligi». Hrestomatiýa. I kitap (1992) we beýleki kitaplardaky azu-köp mukdarda berilýän matallaryň hemmesi diýen ýaly ýokarda gürrüňi edilen matallaryň doly ýygyndylaryna esaslanýar.

Türkmen halk döredijilik ylmynda matallaryň ylmy meseleleri boýunça hem belli bir derejede işler ýerine ýetirildi. Bu ugurda matallaryň aýry-aýry ýygyndylaryna ýazylan sözbaşy makalalary, dürli neşirlerde çap edilen ýörite ylmy makalalary görkezmek bolar. Matallaryň üstünde giň meýilnama boýunça çüňňür ylmy barlagy özünde jemleýän ylmy iş G. Gurbanowyň «Türkmen halk matallary» (1960) atly monografiýasydyr. Bu kitapda türkmen matallarynyň özboluşly çeperçilik aýratynlyklary, olaryň halk döredijiliginiň beýleki görnüşleri bilen baglanyşygy, mowzuklary we beýleki meseleleri dogrusynda düýpli ylmy maglumatlar berilýar. Mundan ýarym asyra golaý wagt öň ýazylan bu işde, elbetde, şol döwrüň syýasy garaýyşlary, düşünjeleri saklanýar. Şu ýagdaýlara düşünjelilik bilen garap, kitabyň köp derejede ylmy ähmiýetiniň bardygyny hem aýtman geçmek bolmaz.

Türkmen matallarynyň toplanyş, neşir ediliş we öwreniliş taryhyna edilen şu gysgaça syýahatdan matallary täzeden okyjylara hödürlemegiň zerurlygy görünýär. Hakykatdan hem, türkmen matallarynyň soňky gezek neşir edilenine 15 ýyldan hem köp wagt bolupdyr. Bu döwür içinde jemgyýetde syýasy özgerişler, adamlaryň aňynda, durmuşda, ylymda, tehnikada, medeniýetde düýpli ösüşler bolup geçdi. Täze düşünjeli, milli we garaşsyzlyk ruhynda terbiýelenen nesil ösüp ýetişdi. Şundan ugur alyp, matallaryň üsti ýetirilen, täzeden işlenen ýygyndysyny taýýarlamaga girişildi. Şu ýygyndy taýýarlananda, esasan, Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň halk döredijiligi bölüminiň gaznasynda sak-

lanylýan bukjalardaky matallaryň ýazgylaryna esaslanyldy. Şeýlelikde, geçen asyryň ýigriminji-otuzynjy ýyllaryndan, tä şu günki günlerimize çenli ilat arasyndan toplanan, ýazylyp alnan we golýazmalar gaznasyna tabşyrylan halk döredijilik eserleriniň nusgalaryny özünde jemleýän 400-e golaý bukja işlenip geçildi. Şu ýerde şol bukjalardaky azu-köp matallary dürli döwürde halk arasyndan toplap sogaply hem haýyrly iş eden we edebi miras, golýazma boýunça ýörite döwlet edarasyna tabşyran adamlary ýatlap geçmek gerek. M Geldiýew, P.Agalyýew, K.Osmanow, M.Sakali, A.Gowşudow, B.Garryýew, G.Gurbanow, S.Kürenow, A.Sopyýew, S.Annanurowa, Ş.Halmuhammedow, K.Berkeliýew, B.Mämmetýazow, A.Baýmyradow, M.Çaryýew, M.Durdyýewa, G.Ylýasowa, B.Welbaýramow, K.Nepesowa, M. Öwlüýägulyýewa, D.Muhamow, G.Bazarow, A.Kadyrow, Ü.Esen, Ş.Hudaýnazarow we beýleki birnäçe alymlar, ylmy işgärler, mugallymlar, dürli kärdäki adamlar dilden aýdylýan halk mirasynyň ýatdan çykyp, ýitip gitmezligi üçin öz wagtynda taryhy ähmiýetli işleri bitiripdirler. Taýýarlanan şu ýygyndy hem olaryň şol hyzmatlarynyň netijesidir. Mundan başga-da, ýygyndy taýýarlananda, mümkin boldugyndan, irki döwürlerde dünýäniň ylmy merkezlerinde çap edilen türkmen halkynyň medeniýetine, halk döredijiligine degişli işleriň sahypalaryndan, soňky ýyllarda neşir edilen gazet-žurnallardan, dürli häsiýetli neşirlerden, ýörite ýygyndylardan matallar toplanyldy. Şu ýygyndyny çapa taýýarlaýjynyň özüniň halk arasyndan ýazyp alan, öňki neşirlerde duşmaýan 200 töweregi mataly hem ýygynda goşuldy. Netijede, sagdyn mazmunly, durnukly ýygyndyny taýýarlamak üçin toplanan köp sanly matal nusgalarynyň ähli babatda iň kämilleri saýlanyp alyndy. Gaýtalanýan, mazmun we çeperçilik taýdan gowşak, şu günki durmuşymyzyň aňyýetine, medeniýetine laýyk gelmeýän matallar ýygynda goşulmady.

Ýygyndydaky matallar mazmunlaryna görä, on dört bölüme bölünip berildi. Her bölümiň içindäki matallar başlanýan sözüniň ilkinji harpyna — sesine görä, elipbiý tertibinde ýerleşdirildi. Matallaryň ýazgylarynda duş gelýän okyjylar üçin düşnüksiz bolar diýlip hasap edilen sözlere, beýleki meselelere çykgytda düşündirişler, bellikler we garaýyşlar berildi.

Türkmen halk matallarynyň şu ýygyndysynyň matallar we olaryň ylmy meseleleri barada täze garaýyşlary kemala getirjegi ukuçsuzdyr. Şuňa görä, matallaryň tebigaty, özboluşlygy, ulanylyşy, häzirki zaman ýagdaýlary barada gürrüň etmek maksadalaýykdyr.

Halk döredijiliginiň bu görnüşi halk arasynda «matal», «tapmaça», «kimbilmeşek» diýen atlar bilen meşhur bolupdyr. Emma «matal» sözi has ýörgünli bolup, ol edebi adalgalyk hukugyny alan sözdür. Häzirki wagtda «matal» diýlende, kimiň döredeni belli bolmadyk halk döredijilik eserleriniň bir görnüşine düşünilýär. «Tapmaça» bolsa, aýry-aýry belli şahyrlaryň matallaryň tebigatynda düzen, oýlanmagy we onuň jogabyny talap edýän goşgy bentleridir. Olar käte «kimbilmeşek» diýlip hem atlandyrylýar. Bular ýazuwly edebiýatyň önümi hasaplanylýar.

Matallar özüniň durky, mazmuny, aýdylyşy, gurluşy taýyndan-da aýratyn özboluşlyga eýedir. Haýsy-da bolsa bir zadyň, närsäniň, düşünjäniň göçme manyda şahyrana setirler bilen ýa-da gysgajyk çeper hem göçme manyly sözlem bilen suratlandyrylyp, sorag görnüşde berilmegine we onuň hem jogabyna bitewilikde matal diýilýär. Şuňa görä, matal gurluşy taýyndan iki bölekden ybarat bolýar. Birinji bölek – bir zat, düşünje hakynda sorag ýa-da ýumuş şekilinde şahyrana ýa-da çeper kyssawy görnüşinde düzülen setirlerden durup, oňa matal (matalyň özi) ýa-da matalyň esasy diýilýär. Ikinji bölek – matalyň ýa-da matalyň esasynyň soraýan, talap edýän oýlanylyp

tapylmaly zatdan, düşünjeden durup, oňa matalyň manysy, çözgüdi, ýorgudy ýa-da jogaby diýilýär.Meselem:

Gyr at bilen gara atym,
Bir-biriniň yzynda.
Bir-birini kowalar,
Jümle älem gözünde. *(Gije-gündiz)*

Ýa-da:

Bir käseden iki dürli suw içdim. *(Ýumurtga)*

Bu mysallardaky birinji getirilen dört setirli şahyrana bent we ikinji getirilen göçme manyly, manysy täsin sözlem matalyň özi ýa-da esasy, ýaýyň içindäki «Gije-gündiz» we «Ýumurtga» sözleri bolsa, şol matallaryň manysy, çözgüdi, ýorgudy ýa-da jogabydyr.

Matalyň esasy çeperçiligi, göçme manylylygy, meňzetmäni, deňeşdirmäni, köplenç ynanyp bolmajak täsin manyly pikiri, many hem pikir öwrümlerini özünde saklaýar we ol şolardan ugur alyp oýlanmagy talap edýär. Matalyň jogaby oýlanyp tapylansoň, hakykatdan hem, matalyň esasy bilen onuň ýorgudynyň arasynda janly baglanyşygyň bardygyny görüp bolýar. Şol baglanyşygy ata-babalarymyzyň nähili derejede paýhas bilen, oýlanyşyk bilen inçe hem çeper tärde beýan edendigine haýran galýarsyň. Hut şu jähetden matallaryň özünde syrly manyny saklamagy, matalyň esasy bilen onuň jogabynyň arasyndaky janly baglanyşyň üstünde oýlanmaklygy talap edýänligi we ony biljek bolmaga gyzyklanma döredýanligi bilen, olar beýleki halk döredijilik eserlerinden tapawutlanýar. Bu matallaryň özboluşly aýratynlyklarynyň bir tarapydyr.

Dürli mazmundaky matallaryň käbirlerine garap geçeniňde, olaryň manysynyň giňligine, özünde çuňňur pelsepäni, dünýägaraýşy saklaýanlygyna, beýle matallary diňe bir çagalar däl, eýsem, birbada uly adamlara hem çözmegiň aňsat düşmejegine göz ýetirmek bolýär. Meselem:

Adyl diwan – bir paýlaşyk,
Parsah-parsah, ara daşlyk.
Kimse odur, kimse budur,
Her kim özüniňkiden hoşluk. *(Akyl)*

Ýa-da:

Daşdan geldi müň nökerli bir duşman,
Gabalan jaýymda pena goýmady.
Gullugynda gezip, hyzmatyn kyldym,
Sanamaga maňa sena goýmady *(Garrylyk)*

diýen ýaly matallaryň esaslary hem, jogaplary hem juda çuň mazmuny, giň manyny, dünýägaraýşy saklaýar. Jogaplary anyk zat, närse däl-de, umumy düşünje bolan adamzat, onuň akyl-paýhasy, durmuşy, ömri baradaky meseleleri beýan edýän bu matallar belli bir kämillik ýaşyna ýeten, akyly goýalyşan, ýaşaýyş-durmuş babatda tejribä eýe bolan adamlar tarapyndan döredilipdir.

Türkmen halk matallary ýaşaýşyň, durmuşyň dürli taraplaryny şöhlelendirýär we şoňa görä olar mazmun taýdan dürli toparlara bölünýärler. Olaryň arasynda tebigat we tebigy hadysalar baradaky matallar özüniň möçber taýdan köplügi bilen tapawutlanýär. Bu mazmundaky matallary özüniň döreýşi boýunça beýlekilerden has gadymy hasaplamak bolar. Sebäbi olarda halkyň tebigata, tebigat hadysalaryna bolan irki sada

dünýägaraýyşlary şöhlelenýär. Zähmet we zähmet gurallary hakyndaky, ylym-bilim, medeniýet, tehnika hakyndaky, iýmit, geýim-gejim, bezeg şaý-sepler, harby enjamlar hakyndaky matallaryň mazmunyndan olaryň döredilen döwürlerini takmyny kesgitlemek mümkin. Munuň özi halkşynaslyk maglumatlaryny toplamaga hem mümkinçilik berýär. Meselem, ata-babalarymyzyň ulanan degirmen, jykyr, sokudaşy, aw gapany, meşik, gowa, çarh ýaly şu günki durmuşymyzda seýrek duşýan birnäçe zatlar baradaky matallar halkyň geçmiş durmuşyndan habarly edýär. Şonuň bilen birlikde holodilnik, telefon, globus, bilýard, trolleýbus ýaly tehnikanyň, medeniýetiň ösüşi netijesinde ýüze çykan zatlar barada hem birnäçe matallar bardyr.

Matallar aýdylyş, ulanylyş taýyndan hem tapawutlanýar. Olar iki we ondan-da köp adamlaryň arasynda ýerine ýetirilýär. Geçmişde adamlar ýörite matal aýdyşmak üçin bir ýere ýygnanypdyrlar. Dürli ýaşdaky adamlar topar-topar ýa-da iki bolup, garşylykly matal aýdyşypdyrlar, biri-birleriniň akylyny, zehinini, oýlanyşmak ukybyny, başarjaňlygyny synapdyrlar, ýüze çykarypdyrlar. Matal aýdylansoň, jogabyny bilmeli kişi onuň üstünde köp oýlanypdyr, ony bilmekde kynçylyk çekse, aýdyja «Janlymy, jansyz?», «Öýdeçimi, düzdeçi?», «Iýmelimi, iýmesiz?» diýen ýaly soraglar bilen ýüz tutupdyr. Eger matalyň jogabyny bilmese, matal aýdyşmak oýnunyň dessuryna görä, «Tejen seniňki, Köneürgenç seniňki» diýen ýaly sözler aýdyp, ol ýurt, şäher bermeli bolupdyr. Şondan soň hem, matal aýdyjy oýnuň şowhunyny artdyryp, oturanlary matalyň jogabyny bilmäge gyzykdyryp, «Şol şäheriň ýagşy zady meniňki, ýaman zady seniňki» diýipdir we ýene matalyň jogabyny bilmedik kişä birnäçe sowal berip, ahyry matalyň jogabyny aýdypdyr.

Soňky döwürlerde şunuň ýaly matal aýdyşmak däbi durmuşdan galyşypdyr. Bu ýagdaý jemgyýetiň, medeniýetiň, ylmyň we tehnikanyň ösüşleri bilen baglydyr. Häzirki wagtda

kitaplaryň, gazet-žurnallaryň neşir edilişiniň ösen derejesi, radio, telewideniýe, kompýuter, elektron poçta, internet ýaly tehniki serişdeleriň, kompýuterleşdirilen tehniki çagalar oýun merkezleriniň durmuşa çüňňür ornaşmagy ynsan aňynyň ösüşine täsir edýär. Adamlary oýlandyrmak, akyl türgenleşigini geçirmek, zehini durlamak ýaly wezipäni ýerine ýetirýän matallaryň ornuny tutup bilýän dürli görnüşli tapmaçalaryň gazet-žurnallarda çap edilip durulmagy, radioda, telewideniýede soraglary çözmek bilen baglanyşykly ýörite gepleşikleriň berlip durulmagy, okuw-bilim ulgamyna barlagnama (test) usulynyň girizilmegi, kompýuter ulgamyndaky soraglar çözmek bilen baglanyşykly dürli häsiýetdäki oýunlar adamlary belli bir derejede matal aýdyşmak däbinden daşlaşdyrdy. Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň halk döredijiligine, olar bilen baglanyşykly durmuş dessurlaryna eden täsiri barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynda şeýle diýýär: **«Telewizoryň ýok, radionyň gyt wagtynda uzyn gyş gijelerinde, salkyn tomus agşamlarynda goňşular bilen mesawy söhbet etmek oňat dessurlardandy. Dessan diňlenilýän, gyzykly hem täsirli rowaýatlar aýdylýan şeýle gyş gijeleri, tomus agşamlary türkmen durmuşynyň iň ajaýyp görnüşleri bolup galdy. Olar biziň üçin edep mekdebidi»**[1]. Bu aýdylan hakykat halk döredijiliginiň matallar görnüşini köpçülik bolup aýdyşmak däbine hem degişlidir. Ýöne matallaryň özi häzirki wagtda biziň aramyzda, dilimizde, kitaplarymyzda ata-babalarymyzyň döreden edep mekdebi, gymmatly edebi miras hökmünde ýaşaýar. Olar halkymyzyň dünýägaraýşyny, pähim-paýhasyny, däp-dessuryny, halkşynaslyk we ene dilimiziň maglumatlaryny özünde jemleýänligi üçin gymmatlydyr. Ma-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 167 sah.

tallar türkmen halk döredijilini öwreniş ylmynda aýratyn bir görnüş hökmünde öwrenilýär. Orta mekdepleriň we ýokary okuw mekdepleriniň dil-edebiýat, medeni miras bölümleriniň okuw meýilnamalarynda matallary öwrenmek üçin ýörite okuw sagatlary bar. Matallara okuw kitaplarynda, gazet-žurnallarda belli bir orun berilýär, çagalar üçin tele we radio gepleşiklerinde hem matallar ulanylýar. Ýaş nesle çagalar baglarynda, mekdeplerde matallar ýörite öwredilýär. Folklor toparlarynda matallar bilen baglanyşykly sahnalar ýerine ýetirilýär. Munuň özi matallaryň edebi-medeni gymmatlyk hökmünde öz ähmiýetini ýitirmeýändigini, ýaşaýandygyny görkezýär.

Edebi-ruhy gymmatlyklarymyzy şu günki Garaşsyzlyk eýýamymyzyň täze ruhy, täze aňyýeti bilen halka ýetirmek baradaky Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň taglymaty esasynda taýýarlanylan şu ýygyndydaky matallar halkymyzyň nusgalyk pelsepesini, pähim-parasadyny, terbiýe ýörelgelerini, zehinini açyp görkezýär. Ata-babalarymyzyň aýratyn döredijilik we zehin mekdebi hökmünde döreden matallary şu günki hem geljekki nesillerimizi aň we zehin taýdan terbiýelemekde, ruhy-edebi mirasymyza söýgi döretmekde uly ähmiýete eýedir.

**Nury SEÝIDOW,**
**Türkmenistanyň milli medeniýet**
**«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri.**

## MAZMUNY

I. Tebigat we tebigy hadysalar hakyndaky matallar .................. 9

II. Adam, onuň beden agzalary we oňa degişli zatlar hakyndaky matallar................................................................ 32

III. Zähmet we zähmet gurallary hakyndaky matallar............. 48

IV. Ylym-bilim, medeniýet we tehnika hakyndaky matallar .. 62

V. Öý goşlary, hojalyk gural-esbaplary hakyndaky matallar .. 71

VI. Öý we oňa degişli zatlar hakyndaky matallar ................... 97

VII. Azyk önümleri, iýilýän-içilýän zatlar hakyndaky matallar ............................................................................ 104

VIII. Geýim-gejim we aýakgap hakyndaky matallar ........... 113

IX. Haýwanlar, guşlar we mör-möjekler hakyndaky matallar ............................................................................ 115

X. Ösümlikler, bag-bakja önümleri hakyndaky matallar ..... 143

XI. Bezeg we şaý-sepler hakyndaky matallar ........................162

XII. Saz gurallary hakyndaky matallar ..................................167

XIII. Harby enjamlar hakyndaky matallar .............................170

XIV. Dürli mazmunly matallar ............................................174

*N. Seýidow,* Halk paýhasynyň syrly hazynasy ......................185

**TÜRKMEN HALK**
**MATALLARY**

**Tehredaktor S.Abaýew**
**Çeperçilik redaktory S.Abaýew**
**Korrektor S.Garaýew**

Çap etmäge rugsat edildi 10.06.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$.
Çap kagyzy 12,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Sany 5000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt № -----.
A-21547

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.